**Ý. Orazgylyjow**

# TÜRKMENISTANYŇ TARYHY

**Türkmenistan Garaşsyzlyk zamanynda**

**(II kitap)**

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
XI synpy üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 373:957.54
O-62

**Orazgylyjow Ý.**
**O-62** **Türkmenistanyň taryhy** (Türkmenistan Garaşsyzlyk zamanynda), II kitap. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synpy üçin synag okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

TDKP № 187, 2014 KBK 63.3 (2 Tü) ýa 72

© Ý. Orazgylyjow, 2014



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň jar edilmegi bilen türkmen taryhynda iň täze döwür başlandy. Bu döwür sene ölçegleri babatda köp wagt bolmasa-da, many-mazmuny taýdan giden bir zamana barabardyr. Şol sebäpli oňa Garaşsyzlyk zamany[1] diýilýär.

Garaşsyzlyk zamany türkmen taryhynda düýpli öwrülişik döwrüdir. Onuň her aýy, her ýyly halkymyzyň ykbaly üçin möhüm wakalardan doludyr. Bu döwrüň taryhy iki kitapda beýan edilip, olar degişlilikde 10-njy we 11-nji synplarda öwrenilýär. *Birinji kitapda* Türkmenistan döwletiniň döredilmegi, onda düýpli syýasy, sosial-ykdysady özgertmeleriň amala aşyrylmagy, *ikinji kitapda* bolsa halkyň durmuş-hal ýagdaýynyň gowulandyrylmagy, medeniýetiň ösdürilmegi, daşary syýasat bilen baglanyşykly meseleler beýan edilýär. Okuwçylar bu dersi çuňňur özleşdirmelidirler. Çünki häzirki zaman dünýäsinde özleriniň nähili döwletde ýaşaýandyklaryny, ol döwletiň, köp babatlarda, beýleki döwletlerden tapawutlanýandygyny bilmek ýaşlar üçin peýdalydyr. Watançylyk terbiýesiniň düýp özeni şundadyr.

Häzirki Türkmenistan mundan 23 ýyl öňki Türkmenistan bilen deňeşdirilende, düýbünden başgaça ýurtdur. Şäherler, obalar gurluşyk meýdançalaryna öwrüldi. Tutuş ýurduň keşbi täzelenýär. Ol has gözel görke girýär. Halk milli-ruhy galkynyşy başdan geçirýär. Ýetilen sepgitler az

[1] **Bellik:** 2007–2011-nji ýyllaryň resminamalarynda häzirki döwre Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamany diýlen bolsa, 2012-nji ýyldan başlap ol Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri diýlip atlandyrylýar. Zamana diýilse-de, bular Garaşsyzlyk zamanasynyň içindäki döwürlerdir.

däl. Ýöne olar Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşmak maksady bilen, bellenen beýik işleriň diňe başlangyjydyr. Döwrüňem talaplarynyň artýandygy äşgärdir. Häzirki zaman tejribesi jemgyýetiň esasy gymmatlygynyň baýlyklarda däl-de, adamlardadygyny, olaryň bilimindedigini, hünär derejesindedigini subut edýär. Türkmenistanda amala aşyrylýan bilim özgertmeleri hem hut şu wezipelerden ugur alýar. Ýaşlaryň, tutuş halkyň aň-bilim derejesini ösdürmek jemgyýetçilik zerurlygy bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow milleti birleşdirýän ideýasyz, halkyň tagallalaryny, güýç-gaýratyny herekete getirmän, oňa mahsus bolan döredijilik mümkinçiliklerini döretmek ukyplaryny dikeltmän öňde durýan wezipeleri çözüp bolmajakdygyny nygtaýar[1]. Ol milleti birleşdirýän, halkyň kalbyna buýsanç, goluna kuwwat berýän güýç hökmünde türkmen taryhyna uly ähmiýet berýär. Prezident taryhy öwrenmeklige täze ideologiýany we jemgyýetçilik aňyny kemala getirmegiň örän möhüm şerti hökmünde garaýar.

2010-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow medeniýeti we taryh ylmyny ösdürmegiň meselelerine bagyşlap maslahat geçirdi. Prezident maslahatda taryh ylmynyň ýagdaýyna düýpli baha berdi. Ol Türkmenistanyň çäkleriniň gadymy siwilizasiýalaryň mekany bolandygynyň, bu toprakda Altyndepe, Margiana, Parfiýa, Köneürgenç we ş. m. gadymy türkmen döwletleriniň kemala gelendigini, olaryň hojalyk we medeni taýdan ösen derejä çykandygyny belledi. Şol ýetilen sepgitler Gündogar bilen Günbataryň arasyny birikdiriji köpri bolan ýurduň tutuş syýasy-ykdysady we medeni durmuşynyň häsiýetini kesgitläpdir. Milletiň lideri häzirki taryhy döwürde alymlaryň öňünde uly mümkinçilikleriň açylandygyny, alnyp barylýan ylmy barlaglaryň taryhyň ýitirilen sahypalaryny tapyp, subutnamalary jemläp, köp

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. IV tom. – Aşgabat, 2011. 201-s.

müňýyllyklaryň dowamynda özüniň etniki we taryhy bitewüligini, däp-dessurlaryny, medeni özboluşlylygyny saklan türkmen halkynyň taryhynyň bir bitewi beýanyny düzýändigini nygtaýar.

Döwlet Baştutany taryh ylmynyň ösüşinde belli bir durgunlygyň bardygyny, bu ylmy täze derejä çykarmalydygyny aýtdy. Ol halkymyzyň tutuş taryhy, onuň aýry-aýry döwürleri babatda-da entek edilmedik işleriň köpdügini belläp, «Türkmenistanyň häzirki zaman okuw gollanmalary has-da kämilleşdirilmelidir... . Şonuň bilen baglylykda barlaglaryň ugurlaryny we problematikasyny täzelemek, taryhyň teoriýasy we filosofiýasy boýunça ýurdumyzyň hünärmenlerini kemala getirmek, giň we çuň many-mazmunly ylmy, okuw we metodik neşirleriň toplumyny döretmek möhümdir» diýdi.

* * *

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk zamanynyň taryhynyň ikinji kitaby ylmy-populýar stilde ýazyldy. Wakalary seljermekde we baha bermekde Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Nyýazowyň we Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Halk Maslahatlarynda, Ýaşulular maslahatlarynda, Türkmenistanyň Mejlisinde, Ministrler Kabinetinde eden çykyşlaryndan, kabul eden kararlaryndan, türkmen taryhyna täzeçe garamak we beýan etmek baradaky ýörelgelerinden ugur alyndy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistanyň döwlet nyşanlary (Döwlet Tugrasy, Baýdagy), Esasy Kanuny – Konstitusiýasy kabul edildi. Konstitusiýa laýyklykda, Türkmenistan demokratik, dünýewi, hukuk döwletidir. Onda döwleti dolandyrmak prezident resbuplikasy görnüşinde amala aşyrylýar. Türkmenistan özüniň içeri we daşary syýasatyny örän oýlanyşykly alyp barýar. Ol Aziýada ilkinji bolup hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe boldy. Munuň özi Garaşsyzlyk bilen bir hatarda duran örän ähmiýetli we beýik wakadyr.

Türkmenistanda geçiş döwri dowam edýär. Jemgyýet bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa, has takygy, totalitar düzgünli jemgyýetden raýat jemgyýetine geçýär. Bu örän çylşyrymly prosesdir. Durmuşyň ähli ugurlarynda çuňňur özgerişlikler bolup geçýär. Şol sebäpli häkimiýetiň pugtalygyna, onuň halk bilen jebisligine uly üns berilýär. Ýurtda bazar ykdysadyýetini kemala getirmekde, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmekde döwletiň güýji, mümkinçilikleri peýdalanylýar.

Bu synag okuw kitaby esasan hem gündelik metbugatyň we Türkmen millihasabat institutynyň çap eden maglumatlar ýygyndylarynyň, döwlet resminamalarynyň esasynda ýazyldy. Kitapda wakalar ygtybarly bolar ýaly möhüm resminamalardan bölekler, kartalar, suratlar ýerleşdirildi. Her paragrafyň yzynda soraglar we ýumuşlar, kitabyň yzynda bolsa has möhüm wakalaryň seneleri, iň esasy we täze adalgalaryň sözlügi berildi.

# I BAP.
# JEMGYÝETIŇ SOSIAL-DURMUŞ TAÝDAN ÖSÜŞI

## §1. Döwletiň halkyň hal-ýagdaýy baradaky aladalary

Ýurtda bazar ykdysadyýetine geçilýän, döwlet eýeçiliginiň hususylaşdyrylýan, telekeçiligiň ösýän şertlerinde ilatyň emläk taýdan tapawutly gatlaklara–baýlara we garyplara bölünmegi gutulgysyzdyr. Ýöne döwlet, jemgyýetde sosial deňsizligiň hetdenaşa bolmazlygy üçin, gurby pes gatlaklary goldamak üçin ähli çäreleri görmelidir.

Türkmenistan öz sosial-durmuş syýasatynda hut şu ýagdaýdan ugur alýar. Ýurtda ykdysady özgertmeleriň hem düýp maksady – ilatyň sosial goraglylygyny üpjün etmek we onuň abadançylygyny gazanmakdyr. 1992-nji ýyldan bäri iş haklary, pensiýalar, talyp haklary, dürli görnüşdäki kömek pullary birsyhly artdyrylyp gelinýär. Köp çagaly eneler, maýyplar, talyplar, pensionerler salgytlardan boşadyldy. Üç we ondan köp adamy öz eklenjinde saklaýanlaryň iş hakyndan alynýan salgyt azaldyldy. Ilatyň ýaşaýyş jaý, kommunal we ulag hyzmatlary üçin bellenen tölegleri ujypsyzdyr.

XII Ählihalk Maslahatynda (2002 ý.) ýurduň 62 ýaşy dolan raýatlaryna sosial taýdan goşmaça ýardam etmek karar edildi. Şol karara laýyklykda, eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işleýänlere bir aýlyk wezipe iş haky möçberde pul sowgady gowşurylýar we

üç günlük zähmet rugsady berilýär. Pensionerlere, maýyplara, ekleýjisiz galyp döwlet tarapyndan berilýän kömek pullaryny alýanlara pensiýanyň, kömek pulunyň möçberinde pul sowgady gowşurylýar. Şeýle hem Halkara zenanlar günine gabatlap, kärhanalarda we edaralarda, guramalarda işleýän aýal-gyzlara, pensiýa we kömek pullaryny alýan aýallara, talyp gyzlara, mekdeplerde okaýan we mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýelenýän gyzlara Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan pul sowgatlary gowşurylýar.

Türkmenistanyň bütin ilatyny sosial taýdan goramagyň şerti hökmünde raýatlara ýaşaýyş-durmuşda tebigy gazy, elektrik toguny, agyz suwuny we nahar duzuny mugt bermegiň iňňän uly ähmiýeti bar. Dünýä terjibesinde henize çenli görlüp-eşidilmedik bu çäre 1993-nji ýylda durmuşa geçirilip başlandy. Ýöne tebigy gazdan, elektrik togundan mugt peýdalanmak barada karar kabul edilen mahaly entek ýurduň ilatynyň hemme ýerlerde bu eşretlerden peýdalanmaga mümkinçiligi ýokdy. Mysal üçin, tebigy gazdan diňe Aşgabadyň, beýleki käbir şäherleriň ilaty peýdalanýardy. Şäherleriň, obalaryň köpüsinde ilat entek bu şertlerden doly peýdalanyp bilmeýärdi. Elektrik energiýasy barada hem ýagdaý şeýleräkdi. Köp obalar heniz elektrik togy bilen doly üpjün edilmändi. Şol sebäpli daşary ýurtlardan gaz turbalary, elektrik enjamlary satyn alnyp, ýurduň iň çetki obalaryna çenli gaz turbalary, elektrik liniýalary çekilip başlandy. 1992–2003-nji ýyllarda Türkmenistanda 28 *müň km* gaz turbalary, 7 *müň km* elektrik liniýalary çekildi. Ýurt doly gazlaşdyryldy we elektrikleşdirildi. Halkyň eşreti üçin amala aşyrylan bu işleriň belli bahasy ýokdur. Häzirki wagtda ýurduň ilatyna 5 *mlrd kub metre* golaý tebigy gaz, 2,5 *mlrd kWt sagat* elektrik energiýasy mugt berilýär.

Ilaty tebigy gaz, elektrik togy bilen mugt üpjün etmegiň ekologiýa taýdan uly ähmiýeti bar. Ozal sazakdyr gyrymsy agaçlar odun üçin çapylyp, tebigata uly zyýan

ýetirilýärdi. Indi bolsa şeýle zerurlyk ýok, gaýtam, ýurdy bagy-bossanlyga öwürmegiň giň maksatnamasy durmuşa geçirilýär; çöllere hem meýdan agaçlary ekilýär, bu bolsa çägeleriň berkemegine, öri meýdanlarynyň dikeldilmegine ýardam edýär.

Türkmenistanyň yssy hem gurak howa şertlerinde süýji suw altyna barabar hasaplanylýar. Ilaty agyz suwy bilen üpjün etmek üçin suw zawodlarynyň, suw süýjediji desgalaryň gurluşygy giň gerim bilen alnyp barylýar. 1996-njy ýylda Aşgabatda kuwwatly suw zawody işe girizildi. Soňky ýyllarda Aşgabatda ikinji, üçünji suw zawodlary, Maryda, Türkmenabatda, Arçabilde, Magtymguly etrabynda, Daşoguzda suw arassalaýjy zawodlary guruldy. Daşoguz welaýatynyň etraplarynda suw zawody we suw arassalaýjy desgalar işe girizildi. 1998-nji ýylda Ekerem şäherçesinde suw süýjediji desga işläp başlady. Soňra şeýle desgalar Esenguluda, Hazarda, Türkmenbaşyda, Garabogazda hem guruldy. 2020--nji ýyla çenli ýurtda suw zawodlarynyň we suw süýjediji desgalaryň ýene ençemesini gurmak göz öňünde tutulýar. Ýerasty kölleri tapmak we peýdalanmak boýunça işler hem durmuşa geçirilýär. Mysal üçin, Ýasga-Balkanabat suw geçirijisi guruldy. Ol nebitçiler şäheriniň ilatynyň esli bölegini suw bilen üpjün edýär. Dag etegi sebitlerde çeşmeler aýawly peýdalanylýar, kärizler dikeldilýär.

Türkmenistanyň XVII Halk Maslahatynda (2006 ý.) ilata 2030-njy ýyla çenli tebigy gazy, elektrik toguny, suwy we nahar duzuny mugt bermek hakynda karar kabul edildi. Şol kararda şeýle diýilýär: «Biziň ýurdumyz öz ykdysady ösüşiniň miwelerini her bir raýatynyň bähbitlerine ulanmakda dünýä bileleşiginde aýratyn orun eýeleýär. Sebäbi Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan öz tebigy baýlyklaryny hem-de zähmet netijesinde döreýän uly mümkinçilikleri bütin halkyň we her bir adamyň has abadan, has eşretli we ertirki gününe doly ynamly ýaşamagy üçin ulanmagyň göreldesini görkezýär». Bu hakykatdan hem şeýledir.




2007-nji ýylda ilatyň sosial-üpjünçilik meselelerine täzeden garaldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow pensiýalary, döwlet tarapyndan berilýän kömek pullaryny we beýleki durmuş tölegleri bellemegiň usulyna täzeden garamagyň möhümdigini nygtap, «ömrüniň köp bölegini zähmet çekmek bilen geçirip, onuň hözirini görmeli ýaşa ýetende, her bir raýatyň eli uzadan ýerine ýetmelidir»[1] diýdi.

Şundan ugur alnyp, Türkmenistanyň Mejlisinde gyssagly suratda «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanun işlenip düzülip we 2007-nji ýylyň martynda kabul edildi. Bu kanunyň kabul edilmegi bilen, 1998-nji we ondan öňki ýyllardaky pensiýalar we kömek pullar hakynda kabul edilen kanunlar güýjüni ýitirdi. Bitewi kanun raýatlaryň sosial üpjünçilik hukuklaryny durmuşa geçirmäge, sosial üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmäge, ony ösýän bazar gatnaşyklaryň şertlerine uýgunlaşdyrmaga, ulgamyň maliýe durnukly-

[1] «Aşgabat» gazeti. – 2007-nji ýylyň 27-nji marty.

lygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Her bir adam hakynda alada etmek, onuň abadançylygyny üpjün etmek we mynasyp durmuş şertlerini döretmek şol kanunda sosial syýasatyň esasy ugry hökmünde kesgitlenendir.

Mälim bolşy ýaly, 2002-nji ýylda oba hojalygynda zähmet çeken ozalky kolhozçylaryň pensiýasy, 2006-njy ýylda bolsa işçi-gullukçylaryň hem ýarysyna golaýynyň pensiýasy kesilipdi, galanlarynyň-da pensiýalary ep-esli kemeldilipdi. Bitewi kanuna laýyklykda, kesilen pensiýalar dikeldildi, kemeldilen pensiýalaryň hem kem-käs üsti ýetirildi. Kanunda erkek adamlar 62, aýal maşgalalar 57 ýaşynda pensiýa çykmak bellenendir. Onuň üçin erkek adamlara azyndan 25 ýyl, aýal maşgalalara 20 ýyl iş döwri (stažy) gerekdir. Kanunda hiç ýerde işlemedik erkek adamlar we aýal maşgalalara hem pensiýa ýaşy dolanda sosial töleg bolup durýan durmuş kömek puly bellenilýär. 2009-njy ýylda täzeden hasaplaşyk geçirilip, maýyplygy boýunça 82 *müň*, çaga seredýänligi üçin 120 müň adamyň döwlet kömek pullary, 25 *müň* adamyň hem pensiýalary köpeldildi.

2011-nji ýylda «Durmuş üpjünçiligi hakyndaky» Bitewi kanuna üýtgeşmeler girizildi. Oňa laýyklykda, maýyplyk boýunça berilýän kömek pullary, durmuş kömekleri artdyryldy. Bu resminama ilatyň kömege mätäç böleginiň-maýyplaryň, çagalaryň, garrylaryň durmuş goraglylygyny ep-esli ýokarlandyrdy.

2012-nji ýylda ýurtda şertli-toplaýyş pensiýa ulgamy girizildi. Bu ulgam zähmet weteranlarynyň durmuş goraglylygy meselelerini düzgünleşdirýär. Şol ýyl Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň ýanynda ýurduň Pensiýa gaznasy hem döredildi.

Umuman, «Durmuş üpjünçiligi hakyndaky» Bitewi kanun ähli ýaşdaky raýatlary – jemgyýetçilik önümçiligine gatnaşýanlara-da, gatnaşmaýanlara-da, enelerdir çagalara-da, maýyp-müjrüplere-de we beýleki kömege mätäçlere-de sosial taýdan goraglylygy kepillendirýär. Bu döwletiň sosial syýasatynyň ynsanperwerliginden bir nyşandyr.

*Soraglar we ýumuşlar*

1. Türkmenistanda sosial syýasatyň halkyň bähbidine gönükdirilendigi barada näme aýdyp bilersiňiz?
2. Ilata ýaşaýyş-durmuşda peýdalanmaga tebigy gaz, elektrik togy, agyz suwy, nahar duzy mugt berilýär. Bu çäräniň ägirt uly sosial ähmiýeti bar. Ol haçan durmuşa geçirilip başlandy? Bu barada gürrüň beriň.
3. «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanun haçan kabul edildi? Bu kanunda ýurtdaky ähli raýatlaryň, sosial toparlaryň döwlet tarapyndan goraglylygy kepillendirilýär. Döwletiň sosial syýasatynyň ynsanperwerligi barada referat ýazyň.

## §2. Söwda we durmuş hyzmaty

Söwda ilaty gerekli harytlary bilen üpjün edýän ulgamyň möhüm bölegidir. Ol halkyň hal-ýagdaýyny özboluşly görkezijidir. Nirede bazarlarda, dükanlarda harytlar ýetmezçilik edýän bolsa, şol ýerde ilatyň ýagdaýy hem öwerlik däldir. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistanda bazarlar, dükanlar boş diýen ýalydy. Ozalky SSSR-iň beýleki sebitlerinden gelýän harytlaryň gelmesi kesilip, resbuplikanyň özünde hem senagatyň halka gerekli harytlary öndürýän pudaklarynyň juda gowşakdygy sebäpli, haryt gytçylygy ýetjek derejesine ýetipdi. Pul hümmetini ýitirip barýardy. Her kim ýetişip bildiginden ätiýaçlyk üçin gören zadyny satyn alýardy.

Şol sebäpli senagatda halkyň köp isleg bildirýän harytlaryny öndürýän pudaklaryny çalt depginler bilen ösdürmäge başlandy. Bu pudaklaryň söwda kärhanalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürildi. Ilki haryt önümçiligini maliýeleşdirmekde, esasan, daşary ýurt serişdeleri ulanylýardy, 1995-nji ýyldan başlap ýurt öz güýjüne bil baglap ugrady. Şol döwre çenli ownuk we orta kärhanalaryň ýüzlerçesi guruldy. Olar öz öndürýän harytlary bilen ilatyň isleglerininiň ep-esli bölegini kanagatlandyrýardy. Söwdanyň maddy-tehniki binýady pugtalanyp başlady. Döwlet söw-

dasynda – Aşgabatda uly uniwermag – söwda merkezi, Daşoguzda uniwermag ulanylmaga berildi. Birentek daşary ýurt dükanlary we gatyşyk dükanlar peýda boldy, döwlet we hususy firmalaryň ýörite dükanlary açyldy. Täze söwda kärhanalary, ylaýta-da telekeçileriň dükanlary özleriniň daşky kaşaňlygy, harytlary ökdelik bilen rejelemekleri, önümleriň dürli-dürlüligi, alyjylara medeniýetli hyzmat edişleri bilen tapawutlanýardylar.

Kooperatiw söwda hem janlandy. «Türkmenistanda alyjylar kooperasiýasy hakyndaky» (1991 ý) kanuna laýyklykda, alyjylar birleşmesiniň hukugy giňeldi, onuň işi diňe bir ýurduň içinde däl, eýsem dünýä bazarynda hem güýçlenip ugrady. Kanun boýunça alyjylar birleşmesi doly hojalyk özbaşdaklygyny gazandy. «Türkmenbirleşigiň» lomaý söwda kärhanalary, dolandyryş serhetleri jähtinden çäklendirilmezden, täjirçilik işini alyp barmak, daşary ýurt söwda kärhanalary bilen hem işewür hyzmatdaşlygy ýola goýmak hukugyny, önüm iberijiler bilen göni şertnamalaýyn gatnaşyklaryny açmak mümkinçiligini aldy (Döwlet tabşyrygy kooperatiw kärhanalar üçin hökmany bolmagyny bes etdi). Alyjylar kooperasiýasynyň hiç wagt şeýle giň hukuklary we mümkinçilikleri bolmandy.

Emma ýaş döwletiň söwda babatdaky işiniň ýola düşüp gidibermegine päsgel berýän kynçylyklar entek kändi. Puluň hümmetiniň dyngysyz pese gaçmagy söwdany agyr ýagdaýa salýardy. 1991–1993-nji ýyllarda puluň hümmetsizlenmegi ýüzlerçe, hatda müňlerçe göterim bilen ölçelýärdi. Nyrhlaryň ýokarlanmagynyň öňüni alyp bolmaýardy. Alyjylar bazaryndaky şu aljyraňňy ýagdaý tä 90-njy ýyllaryň ortalaryna çenli dowam etdi. Şol döwürden başlap hümmetsizlenmegiň peselmegi – ýurduň maliýe durnuklylygynyň alamaty bildirip ugrady.

1995-nji ýylda Aşgabatda we welaýatlarda kiçi we orta kärhanalaryň harytlarynyň satuw-sergisi geçirildi. Ol hususyýetçileriň işiniň ýola düşýändigini, halka gerekli köp

harytlaryň öndürilip başlanandygyny görkezdi. Mysal üçin, Balkan welaýatynda geçirilen satuw-sergä kärhanalaryň 2145-si gatnaşdy, bularyň her bäşisinden biri hususy kärhanalardy.

Türkmenistanda azyk we senagat harytlarynyň hiline gözegçilik etmek üçin Baş döwlet inspeksiýasy döredildi (1993 ý.). Eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan, söwdanyň ähli görnüşlerinde döwlet ygtyýarnamasy girizildi we bu iş Baş inspeksiýa tabşyryldy. Bu tüýs öz wagtynda döredilen edara boldy. Çünki daşary ýurtlardan hili pes, kä halatlarda bolsa ulanylyş möhleti geçen, hatda galp ýasalan önümler gelip başlapdy. Adamlaryň eýýäm getirilýän azyk önümlerinden, spirtli içgilerden zäherlenen halatlary-da bardy. Harytlaryň hiline döwlet gözegçiligi şeýle ýagdaýlaryň öňüni aldy we daşary ýurtlar bilen söwda gatnaşyklarynyň sagdynlaşmagyna ýardam etdi.

Şeýlelikde, Türkmenistan garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda söwda ulgamynda emele gelen iňňän ýiti çökgünlikden çykmagy başardy. Birentek harytlaryň önümçiligi ýola goýuldy, görnüşleri köpeldi, hili gowulandy. Bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberinde öz ýurdumyzda öndürilýän önümleriň tutýan orny birsyhly artdy: ol 1990-njy ýylda 26 % bolanlygyndan 1996-njy ýylda 48 %-e ýetdi.

Söwda ulgamynda düýpli gurluşyga hem badalga berildi. Mysal üçin, Aşgabatda ozal esasan iki sany – «ors» hem «teke» bazarlary bardy. Olar tanalmaz ýaly özgerdi, hakykatdan hem ak bazarlara öwrüldi. Täze bazarlar guruldy. Häzir paýtagtda bazarlaryň sany 30-a golaý. Söwda merkezleriniň hem 40-a golaýy guruldy we ulanylmaga berildi. Welaýat we etrap merkezlerinde hem bazarlar we söwda merkezleri guruldy.

Aşgabatda gurlan «Altyn asyr» gündogar bazary bolsa ýörite belläp geçmäge mynasypdyr. 2011-nji ýylyň fewralynda işläp başlan bu ägirt uly desga 100 *ga* meýdany


"ALTYN ASYR"
GÜNDOGAR BAZARY









tutýar. Guş uçar belentlikden syn etseň, ol türkmeniň haly gölüne çalym edýär. Desganyň diňe merkezi böleginde 4 sany uly söwda toplumy bolup, olaryň her birinde 700-e golaý söwda dükanlary bar. Desganyň belli bir böleginde mal bazary, haly önümleriniň, şaý-sepleriň hersiniň aýratyn söwda ýerleri, çaga egin-eşiklerini we mekdep esbaplaryny satyn almak üçin ýörite ýer göz öňünde tutulypdyr. Durmuş tehnikasyny, maşyn şaýlaryny satyn almak üçin giň pawilýon niýetlenipdir. Edara ediş binasynda laboratoriýalar, banklaryň bölümleri, dermanhana, lukmançylyk nokady we polisiýanyň daýanç nokady işleýär. 3 müň awtomobile, şol sanda ýük awtomobillerine hem niýetlenen uly awtoduralga müşderilere hyzmat edýär. Bazaryň ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyrylýar. Bu Türkmenistanda iň uly söwda toplumydyr. Onda ähli harytlaryň söwda dükanlary bolup, olarda bahalar paýtagtyň beýleki bazarlaryndakydan ep-esli pesdir. Häzirki döwürde şuňa meňzeş «Altyn asyr» bazarlary welaýat merkezlerinde hem gurulýar.

Bazarlar, söwda merkezleri, dükanlar harytdan doldy. Ýurt haryt gytçylygyndan haryt bolçulygyna ýetdi. Indi halkyň köp isleg bildirýän harytlarynyň 80% töweregi ýurduň özünde öndürilýär. Ýene bir bellemeli zat: ozal Türkmenistanyň daşary söwdasynyň import böleginde esasy orny köpçülikleýin harytlar tutan bolsa, indi maşynlar we enjamlar tutar. Bu bolsa ýurdy industrial taýdan ösdürmegiň örän möhüm şertidir.

Garaşsyzlyk ýyllarynda durmuş hyzmaty kärhanalarynyň işinde hem düýpli özgerişler bolup geçdi. Jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary belli bir derejede özbaşdaklyga eýe boldular. Kärhanalaryň birentegi alnan peýda üçin tölenilýän salgytdan boşadyldy. Olara oba hojalyk önümlerini ylalaşylan nyrhlardan satyn almak we şeýle çig maldan öndürilen önümiň bahasyny kesgitlemek hukugy hem berildi. Durmuşda ulanylýan tehnikany bejerýän kärhanalar, tikinçilik atelýeleri, demirçilik ussahanalary, dellekhanalar

has-da giň özbaşdak işläp başladylar. Tölegli hyzmat edýän döwlete dahylsyz kärhanalaryň sanawy görnetin artdy. Tölegli hyzmatlaryň radioly işleýän telefon aragatnaşygy, hususy taksiler, auditor (derňew) gullugy, lukmançylyk hyzmaty ýaly täze görnüşleri peýda boldy.

Bazar ykdysadyýetiniň bäsleşigi şertlerinde durmuş hyzmaty kärhanalary öz gurluşyny, iş düzgünini, sargytdyr buýurmalary kabul edişlerini üýtgetmeli bolýarlar. Birentek kiçi kärhanalar, hatda öýe iş alyp işleýän we özleriniň hyzmatlaryny jan edip ündeýän ussalar hem peýda bolup başlaýar. Her bir kärhana öz başyňy özüň çaramak, üstesine-de önümçilik netijelerini ýokarlandyrmak üçin özüniň hyzmat ediş aýtymyny giňeltmäge we edilýän hyzmatlaryň hilini gowulandyrmaga çalyşýar.

Bazar gatnaşyklaryny ykdysadyýetde, ylaýta-da söwda hem hyzmat ediş ugruna ornaşdyrmagyň möhüm serişdeleriniň biri telekeçilikdir. Ol hususy işi başlamaga goltgy berýär we sarp edilýän harytlaryň öndürilişine we ilata hyzmat edilişine saldamly goşant goşýar. Hususy telekeçilik bilen meşgullanýan işgärleriň sany, olar tarapyndan öndürilen önümleriň, ýerine ýetirilýän işleriň we edilýän hyzmatlaryň möçberi ýyl-ýyldan artýar. Telekeçiler ýaşaýyş jaýlaryny, önümçilik we sosial-medeni desgalary gurmakda we abatlamakda netijeli işleýärler. Aşgabatda «Beýik bina» gurluşyk, «Aýbölek» mebel, Maryda «Mary AGOS» mebel, Baharly etrabynda «Guş toplumy» we başga-da ençeme hususy kärhanalar telekeçilik işleriniň ýola düşen kärhanalary hasaplanylýar. 2009-njy ýylda Aşgabadyň Köşi ýaşaýyş massiwinde ulanylmaga berlen ähli amatlyklary bolan dört gatly 40 otagly iki we 30 otagly bir sany ýaşaýyş jaýlary «Beýik binanyň» ilkinji guran binalarydy. Soňra kärhananyň örüsi giňäp paýtagtyň Abadan etrabyndaky, Gökdepe, Baharly etraplaryndaky ýaşaýyş jaý gurluşyklaryna hem baryp ýetdi. Hatda Mary welaýatynyň Baýramaly etrabyndaky ýylda 8 *mln* ýumurtga we 1 müň tonna guş etini öndürýän «Guş toplumy» hem «Beýik bina» tarapyndan gurulýar.

«Mary AGOS» hususy kärhanasy 1998-nji ýyldan bäri işleýär. Kärhanada agaç hem-de demir gapylar, gabartma we laminat gapylar, girelge we myhman otag mebelleri, aşhana mebelleri, diwar mebelleri, çagalar üçin niýetlenilen mebeller öndürilýär. Kärhana öňdebaryjy tilsimatlar bilen enjamlaşdyrylan. Mebeller dünýä ülňülerine laýyk öndürilýär. Kärhananyň Aşgabatda we Maryda ýörite dükanlary işleýär.

Durmuş hyzmaty ugry hem döwrebap ösdürilýär. Aşgabatda we beýleki şäherlerde kaşaň restoranlar, «Toý mekanlary», «Gözellik» salonlary, gül dükanlary, medeni merkezler guruldy we ulanylmaga berildi. 2010-njy ýylda paýtagtda, 2013-nji ýylda welaýat merkezlerinde açylan «Bagt köşkleri» bolsa aýratyn belläp geçmäge mynasypdyr. Ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyrylan bu ajaýyp köşkler şäherlerimize bezeg bolup otyr. Olaryň hersinde birnäçe toý zallary, toý lybaslary we beýleki harytlary satyn alar ýaly dükanlar, milli amaly-haşam sungatynyň önümleriniň sergileri işleýär. «Bagt köşkleriniň» mähellesi artýar. Bularyň bary halkymyzyň maddy we medeni derejesiniň ýokarlanýandygyny görkezýär.



*Sorag we ýumuşlar*

1. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ýurduň söwda ulgamynda emele gelen haryt gytçylygy barada gürrüň beriň.
2. Puluň hümmetiniň dyngysyz pese gaçmagy, nyrhlaryň ýokary galmagy zerarly alyjylar bazarynda emele gelen kyn ýagdaý nä wagta çenli dowam etdi?
3. Täze bazarlaryň, söwda merkezleriniň gurluşygy we olarda haryt bolçulygy barada referat ýazyň.
4. «Bagt köşkleri», «Toý mekanlary», gül dükanlary. Bu sözleriň many-mazmuny barada oýlanyp görüň. Olarda döwrüň şuglasy bar. Siz ol hakda gürrüň beriň.

## §3. Şäherleriň we obalaryň abadanlaşdyrylmagy

Garaşsyzlyk ýyllarynda şäherleri we obalary düýpli özgertmek, abadanlaşdyrmak ýurduň baş maksatnamasyna öwrüldi. Şäher gurluşygynyň depgini ýyl-ýyldan artýar. Gurluşykda milli binagärlik däpleri dikeldilýär. Işler dünýä binagärlik sungatynyň gazananlary bilen utgaşykly alnyp barylýar. Şäher gurluşygynda ýurduň paýtagty Aşgabada aýratyn uly üns berilýär. Eýýäm 1997-nji ýylda Aşgabady 2020-nji ýyla çenli ösdürmegiň Baş meýilnamasy tassyklanyldy. Onda paýtagt hökmünde şäheriň syýasy keşbine laýyk megapolise öwrülmegi göz öňünde tutulýar. Mermer daşlaryny, esasan hem, ak mermeri diňe bir edara jaýlarynda däl, eýsem ýaşaýyş jaýlaryny bezemekde-de giňden ulanmak bellenilýär. Meşhur fransuz «Buig» we beýleki daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda şäherde gurluşyk görlüp-eşidilmedik möçberde alnyp barylýar. Aşgabatda Ruhyýet köşgi (1999 ý.), Bitaraplyk binasy (1998 ý.), Garaşsyzlyk binasy (2000 ý.), Adalat köşgi (2001 ý.), Oguzhan köşkler toplumy, «Oguzkent» (2010 ý.), «Ýyldyz» (2013 ý.) myhmanhanalary guruldy. Milli seýilgäh, Garaşsyzlygyň 10 ýyllygy seýilgähi, Türkmen-türk dostluk seýilgähi, Älem medeni-dynç alyş merkezi we başga-da onlarça köşkler, seýilgähler paýtagtyň keşbini düýpli özgertdi.


OGUZKENT OTELI
OGUZKENT OTELI



Ýaşaýyş jaý gurluşygynda oňyn özgerişler bolup geçýär. Garaşsyzlygyň ilkinji üç ýylynda Aşgabatda 815 müň inedördül metr ýaşaýyş jaýlary gurlupdy. Soňra bu işiň depgini gowşady we 1997-nji ýylda bary-ýogy 2 müň inedördül metr jaý guruldy. 1998-nji ýylda iş täzeden janlanyp, 80 müň inedördül metr jaý guruldy. 2001-nji ýylda bolsa bu görkeziji eýýäm 159 müň inedördül metre ýetdi. Bu ýaşaýyş jaýlary, öňküler bilen deňeşdirilende, otaglary oňaýly ýerleşdirilen, ähli amatlyklary bolan we ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyrylan kaşaň ymaratlardyr.

Aşgabadyň golaýynda Owadandepede mermerden hem granitden bezeg plitalaryny ýasaýan zawod (2006 ý.), armaturalar we şwellerler öndürýän metallurgiýa zawody (2009 ý.) guruldy. Ozal mermer plitalary we armaturalar daşary ýurtlardan getirilýärdi. Indi oňa zerurlyk ýok. 2010-njy ýylda Owadandepede gazbeton zawody hem işe girizildi. Bu kärhanalaryň gurulmagy bilen paýtagatda we welaýatlarda kaşaň jaýlaryň gurluşygynyň depgini has-da artdy. Häzir Aşgabadyň hemme ýerlerinde diýen ýaly gurluşyk, abadanlaşdyryş işleri dowam edýär. Şäherde kaşaň jaýlaryň gurluşygynyň 12 tapgyry amala aşyryldy. Mysal üçin, 2011-nji ýylyň baharynda şol tapgyrlaryň birinde Arçabil şaýolunyň ugrunda gurlan ýedi sany ministrligiň täze edara binalary, şeýle hem köp sanly ýaşaýyş jaýlary ulanylmaga berildi.

Aşgabatda meýdançalar, ýanýodalary, köçeleriň çatryklarynda ýerasty geçelgeler, duralgalar, mahlasy, ähli ýerler abadanlaşdyrylýar. Şäheriň daşynda dört tarapynda milli binagärlik sungatynyň ajaýyp nusgalary – belent derwezeler guruldy. Agyz suwuna teşne bolup oturan şäherde häzir çüwdürimleriň müňlerçesi işleýär. Göm-gök maýsaly meýdanlar, meýdançalar köpelýär. Ýasen, akasiýa, gladiş, aýlant ýaly agaçlar hemişe gök öwsüp oturan ýolka, arça agaçlary bilen çalşyrylýar.

Aşgabatda ozal üç etrap bardy. 2001-nji ýylda dördünji – Çandybil etraby döredildi. 2013-nji ýylda Abadan (ozalky Büzmeýin), Ruhabat etraplary hem paýtagtyň düzümine girizildi. Öňki etraplaryň ikisiniň ady üýtgedilip, döwrebap atlar dakyldy. Häzir Aşgabatda Bagtyýarlyk, Berkararlyk, Köpetdag, Çandybil, Ruhabat, Abadan, Arçabil etraplary bolup, onuň çäkleri has giňeldi. Paýtagt uly häzirkizaman megapolise öwrülýär. Onda kasaň binalaryň gurlyşygynyň on üçünji tapgyry dowam edýär. 2013-nji ýylda ak mermer binalaryň dünýäde iň köp gurlan şäheri hökmünde Aşgabat Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. 2014-nji ýylyň 25-nji maýynda paýtagtda ilkinji gezek – şäheriň güni baýramçylygy bellenip geçildi.

Türkmenbaşy, Balkanabat, Mary, Türkmenabat, Daşoguz şäherleri düýpli özgerýär. Ol şäherlerde hem gurluşykda ak mermer giňden ulanylýar. Türkmenbaşy şäherinde iki etrap Awaza we Kenar etraplary döredildi (2013 ý.). Şäherde Ruhyýet köşgi, halkara howa menzili, häzirkizaman myhmanhanalarynyň, şypahanalarynyň onlarçasy guruldy. «Awaza» derýajygy, onuň kenarlaryndaky binalar, seýilgähler şäheriň keşbini tanalmaz derejede özgertdi. Türkmenabatda hem iki etrap döredildi. Ruhyýet köşgi, myhmanhanalar guruldy. Şeýle binalar Maryda, Daşoguzda hem peýda boldy. Böwrek sanatoriýasy bilen äleme meşhur Baýramaly şäheri, demirýollaryň çatrygy bolan Bereket, Tejen, Serdar ýaly senagatly şäherler ýyl-ýyldan abadanlaşýar. Welaýat merkezleriniň we beýleki şäherleriň kommunal hojalygyny ösdürmegiň ýörite maksatnamasy durmuşa geçirilýär. Onda, esasan, üç ugur: kommunal hojalygy babatda ýerlerde ählumumy düşündiriş-maglumat beriş (kompýuter) ulgamyny döretmek, kommunal gulluklaryň işini gowulandyrmak hem-de ilatyň öz durmuş şertleriniň gowulandyrylmagyna gatnaşmagyny guramak boýunça iş alnyp barylýar. Köçeleriň gyralarynda gül ekmeklige, arassaçylyga uly üns berilýär. Netijede, şäherleriň medeniýeti ösýär, olar häzirki zaman keşbe eýe bolýar.

Şäher bilen deňeşdirilende, obany abadanlaşdyrmagyň kyn meseledigi bellidir. Çünki oba ilaty has ýaýraň oturýar. Ol ýerlerde kommunal hyzmatlary ösdürmek, sosial-medeni -desgalaryny gurmak köp serişdeleri talap edýär. Dogrusy, sowet döwründe hem obalary abadanlaşdyrmak boýunça epesli işler edilipdi. 1926-njy ýylda Türkmenistanda 3407 oba bardy. 1970-nji ýyla çenli olaryň sany iki esse gowrak azaldy ýa-da ilatyň ýaýraňlygy-da şonçarak gysyldy. Bu proses dowam edýärdi. Galyberse-de, obalaryň diňe 700-e golaýy, ýagny kolhozlaryň we sowhozlaryň merkezi posýoloklary «geljegi bar» («perspektiwaly») hasaplanyp, beýleki «geljegi ýok» posýoloklaryň (obalaryň) ilatyny-da şolara toplamak göz öňünde tutulýardy. Sosial-medeni häsiýetli gurluşyklar «geljegi bar» posýoloklarda alnyp barlyp, beýlekiler ünsden düşürilip sandan çykýardy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda obalary abadanlaşdyrmak boýunça birtopar çäreler durmuşa geçirildi. Ilaty «guramaçylykly» toplamak işi togtadyldy, ähli posýoloklara deň göz bilen garalyp başlandy. Posýoloklaryň hemmesinde önümçilik, sosial-medeni häsiýetli desgalaryň gurluşygy janlanyp başlady. Ýöne gurluşyk ilatyň ösýän isleglerinden yza galyp, ylaýta-da ýaş nesli kanagatlandyrmaýardy.

Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň kararyna laýyklykda «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry» Milli maksatnamasy işlenip düzüldi we kabul edildi (2007 ý.). Maksatnamany üç tapgyrda (2008–2010, 2011–2015, 2016–2020-nji ýyllarda) amala aşyrmak bellenildi. Maksatnamanyň diňe birinji tapgyrynyň gurluşygyna 4 *mlrd* amerikan dollary möçberinde serişde goýberildi. Maksatnama laýyklykda, obalarda we kiçi şäherlerde hem-de etrap merkezlerinde müňlerçe mekdepleri, çagalar edaralaryny, bedenterbiýe we sport desgalaryny, 12,8 *müň km* gazgeçirijisini, 23 *müň km* suw geçirijisini, 24,4 *müň km* elektrik geçirijisini, 23,8 *müň km* awtomobil ýollaryny gurmak bellenildi. Ilata ýaşaýyş

jaýlaryny gurmak üçin 30 ýyla çenli möhlet bilen ýeňillikli bank karzlary berilýär. Bu görlüp-eşidilmedik giň möçberli gurluşykda häzir welaýatlaryň hersinde gurulýan bir Täze oba nusga bolup hyzmat edýär. Diňe 2013-nji ýylyň on bir aýynda meýilnama boýunça bellenen 1340 *km* suw geçirijisi, 1795 *km* gaz geçirjisi, 2186 *km* elektrik geçirijisi, 650 *km* awtomobil ýollary, şeýle hem 431 *müň metr* inedördül ýaşaýyş jaýlary guruldy we ulanylmaga berildi.

Şäherleri we obalary abadanlaşdyrmak baradaky işleriň depgini barha güýçlenýär. 2014-nji ýylyň fewralynda Türkmenistanyň Prezidentiniň kabul eden «Şahsy kömekçi hojalyklary ýöretmek we indiwidual ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin ýer böleklerini (mellek ýerlerini) bermek hakyndaky» karary hem oňa täze badalga berýär. Karara laýyklykda, ýurt boýunça 240,7 müň hojalyga 35,7 *müň ga* ýeri, şol sanda Ahal welaýatynda 1.443 *ga*, Balkan welaýatynda -841 *ga*, Daşoguz welaýatynda- 10,1 *müň ga*, Lebap welaýatynda- 9,5 *müň ga*, Mary welaýatynda 13,8 *müň ga* ýeri hususy eýeçilige bermek bellenildi. Şäherlerde ýaşaýanlar üçin ýer bölegi 0,08 *ga*, şäherçelerde- 0,10 *ga*, obalarda 0,12 *ga* möçberinde kesgitlenildi. Häzirki wagtda bu möhüm karar durmuşa geçirilýär. Berlen ýer böleklerinde döwrüň binägärlik talaplaryna, şeýle hem ýaşaýjylaryň isleglerine laýyk gelýän 3–4 gat ýaşaýyş jaýlary gurulýar.



Şäherleriň we obalaryň abadanlaşdyrylmagy adamlaryň işe höwesini artdyrýar, olaryň durmuşa, geljege ynamyny pugtalandyrýar. Bu ynam ýurduň ösüşiniň täze tapgyrynyň wezipelerini çözmekde ägirt uly ähmiýetli ruhy güýçdür.

*Soraglar we ýumuşlar*

1. Garaşsyzlyk zamanynda şäher gurluşygynda bolup geçýän düýpli özgerişligi synlaýarmysyňyz? Binagärlikde milli däpleriň dikeldilýändigini görýänsiňiz. Gurluşygyň depginem güýçlenýär, hilem gowulanýar. Şäherleriň häzirki we öňki keşbini deňeşdiriň we bu barada gürrüň beriň.
2. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertlmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry Milli maksatnamasy» haçan kabul edildi? Ol ýerine ýetirilensoň tutuş ýurduň täzelenjek keşbini göz öňüne getirmäge synanyşyň.
3. Siz öz ýaşaýan şäheriňizde, şäherçäňizde, obaňyzda abadanlaşdyryş işleriniň barşy we oňa goşýan şahsy goşandyňyz barada referat ýazyň.

## §4. Il saglygy – ýurt baýlygy

Türkmenistanda sowet döwründe hem medisina edaralarynyň, dermanhanalaryň giň düzümi, sanitariýa-epidemiologiýa gullugy işleýärdi. Emma olaryň maddy-tehniki binýady kanagatlanarsyz ýagdaýdady. Resbuplikada çagalar hassahanalarynyň 54%-de çaga dogrulýan öýleriň 84%-de kanalizasiýanyň, suw geçirijiniň, ýyladyş merkeziniň bolmandygyny aýtmak hem ýeterlikdir. Medisina edaralarynyň arasynda hatda telefonsyzlary-da bardy. Olar ýaramaz jaýlarda ýerleşýärdi. Derman serişdelerine ýiti ýetmezçilik duýulýardy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap, ýurtda maliýe kynçylygyna garamazdan, medisina maýa goýumlary düýpli artdy. Saglygy goraýyş edaralarynyň gurluşygyna girişildi. Ilata lukmançylyk hyzmatyny düýpli gowulandyrmak üçin «Saglyk» döwlet maksatnamasy kabul edildi (1995 ý.). Maksatnama laýyklykda, Aşgabatda we welaýat merkezle-

rinde köp ugurly, ýöriteleşdirilen gospitallar, şeýle hem ene mähri lukmançylyk merkezleri döredildi, olar ähli ugurdaky welaýat we şäher hassahanalarynyň, çaga dogrulýan öýleriň we ýöriteleşdirilen dispanserleriň ýatyrylmagy esasynda döredildi. Şeýle özgerişlik etraplaryň merkezi lukmançylyk edaralaryny hem öz içine aldy.

Maksatnamada ilat üçin lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy göz öňünde tutulýar. Ol ýyllyk iş hakynyň 2%-i möçberinde meýletin töleg bolup, keseliňi bejerdeniňde ulanylan dermanlaryň bahasynyň diňe 10%-ni töläp almaga hukuk berýär. Häzirki wagtda medisina ätiýaçlandyrmasyndan ýurduň ilatynyň aglaba köpüsi peýdalanýar.

«Saglyk» maksatnamasynda ilatyň ýaşaýan ýerinde keseliň öňüni alyş işiniň geçirilmegine uly ähmiýet berilýär. Şol sebäpli maşgala lukmany düzgüni girizilýär. Daşary ýurtlaryň tejribesiniň görkezişi ýaly, maşgala lukmany saglyk bilen baglanyşykly ähli meseleler barada, şol sanda keseliň öňüni alyş, keseli bejeriş, maslahat beriş meseleleri barada maşgalanyň durmuşyna ýakyndan syn edip, keseliň döremeginiň öňüni almaga, onuň özbaşdak ýa-da lukmançylyk edaralarynyň hünärli işgärleri bilen hyzmatdaşlykda täsirli kömek bermäge doly mümkinçiligi bolýar. Hut maşgala lukmany neşekeşlige, başga-da nas atmak, çilim çekmek ýaly ýaramaz endiklere garşy göreşmekde möhüm orun eýelemelidir. Bu ýaramaz endiklerden ylaýta-da ýaşlaryň saplanmagy gerekdir. Elbetde, bu nägehanlara garşy göreşde diňe bir lukmanlaryň däl, eýsem giň jemgyýetçilik köpçüliginiň bilelikdäki tagallalary zerurdyr.

Maşgala lukmançylygynyň girizilmegi keselleriň öňüni almakda oňyn netijeleri berýär. Ilata maşgala lukmançylygy usulynda şäher saglyk öýleriniň 26-sy, oba saglyk merkezleriniň 972-si we oba saglyk öýleriniň 679-sy hyzmat edýär. Bu saglyk öýlerinde we merkezlerinde 10 müňe golaý maşgala lukmanlary, feldşerler we şepagat uýalary zähmet çekýärler.

Lukmançylyk işgärlerini taýýarlamaklyga we hünärini ýokarlandyrmaklyga uly üns berilýär. Diňe bir 1991--1999-njy ýyllarda türkmen lukmançylyk işgärleriniň müňe golaýy dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynda hünärlerini ýokarlandyryş kurslaryny geçdiler. Soňky ýyllarda daşary ýurtly lukmanlaryň Türkmenistana gelip, belli bir wagtda klinikalarda ýerli lukmanlar bilen işleşmegi, tejribe alyşmagy kada öwrülýär. Mysal üçin, 2013-nji ýylda Germaniýadan belli lukmanlaryň 30-sy gelip, öz türkmen kärdeşleri bilen iň täze lukmançylyk enjamlaryny öwrenmek we işletmek boýunça tejribe alyşdylar.

Lukmançylyk «tiz kömegini» örän çalt seslenmek gullugyna öwürmek boýunça işler durmuşa geçirilýär. Aşgabadyň, welaýatlaryň we etraplaryň «Tiz kömek» gulluklary häzirki zaman «Ford Tranzit», «Mersedes Benz» kysymly «Tiz kömek» maşynlary bilen üpjün edildi. Bu maşynlar Türkmenistanyň hökümetiniň buýurmasy boýunça Belgiýada we Germaniýada yssy howa şertleri nazara alnyp, ýanmaýan materiallardan ýasalandyr. Olarda her hili ýagdaý bolanda hem – ýol hadysalarynda, ýangyn dörände, ýolda barýarka çaga doglanda we ş.m. ýagdaýlarda gerek bolan ähli zatlar göz öňünde tutulandyr. Lukmançylyk abzallaryndan başga-da, maşynlar kondisioner, howany täzeleýän enjam, rasiýa bilen üpjün edilendir.

Aşgabatda häzirki zaman lukmançylyk merkezlerniň giden ulgamy döredildi. S.A.Nyýazow adyndaky keseli anyklaýyş merkezi (1993 ý.), Ýürek keselleriniň halkara lukmançylyk merkezi (1998 ý.), Iç keselleriniň halkara lukmançylyk merkezi (2001 ý.), Enäniň we çaganyň «Ene mähri» lukmançylyk merkezi, Onkologiýa merkezi, Stomatologiýa merkezi (2013 ý.) sözüň doly manysynda iň kämil enjamlar bilen üpjün edilen klinikalardyr. Olarda ilata tölegli hyzmat edilýär. Keseli anyklaýyş merkezleri Maryda, Daşoguzda (2004 ý.), Türkmenabatda we Balkanabatda (2005 ý.) hem guruldy. Mysal üçin, Daşoguzda keseli anyklaýyş

merkeziniň işlän ilkinji iki ýylynda 67 müň barlag geçirilip, 23 müň adam kabul edilipdir, 552 hassa bolsa öz saglygyny bejerdipdir. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasynyň çäklerinde lukmançylyk edaralarynyň hem gurluşygy güýçli depginde alnyp barylýar. 2008–2013-nji ýyllarda bejeriş-profilaktiki edaralarynyň Ahal welaýatynda 14-si, Balkanda –4-si, Daşoguzda–12-si, Maryda –22-si, Lebap welaýatynda hem 21-si guruldy we ulanylmaga berildi. Şol ýyllarda Baýramaly, Arçman, Mollagara, Farap, Berzeňňi, Ýyly suw ýaly şypahanalarynyň durky täzelendi we täze binalary ulanylmaga berildi. Hazaryň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda birnäçe häzirki zaman sagaldyş merkezleri gurulýar.



2013-nji ýylda Aşgabatda saglygy goraýyş maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ornaşdyrmak taslamasy elektron usulynda resminama alyşmak ulgamy durmuşa geçirilip başlandy. Ol paýtagtyň we welaýatlaryň bejeriş-profilaktiki edaralaryny birleşdirýär we tutuş ýurtda lukmançylyk hyzmatyny ýokary götermäge ýardam edýär.




«Saglyk» maksatnamasynda Türkmenistanyň öz derman senagatyny döretmek wezipesi öňe sürülýär. Şoňa laýyklykda, «Türkmendermansenagat» birleşigi döredildi. Daşary ýurt firmalarynyň gatnaşmagynda farmasewtika kärhanalarynyň gurluşygy alnyp barylýar. Aşgabatda derman serişdeleri zawody (1998 ý.), himiýa-farmasewtika zawody, infuzion erginleri öndürýän zawod (2013 ý.) we başga-da birnäçe kärhanalar guruldy we ulanylmaga berildi. Häzirki wagtda bu kärhanalarda derman serişdeleriniň 200-e golaý görnüşleri öndürilýär. Daşary ýurtlardan derman serişdeleriniň müňden gowrak görnüşleri satyn alynýar. Geljekde milli lukmançylykda zerur bolan ähli derman serişdeleriniň 80%-ni öz ýurdumyzda öndürmeklik göz öňünde tutulýar.

«Saglyk» maksatnamasy giň manyda beden saglygyny, bedenterbiýäni we sporty hem öz içine alýar. Ýurtda bu ugur döwlet ähmiýetli derejä çykaryldy. Ýaşlary sporta çekmek, milli türgenleri taýýarlamak işine örän uly ähmiýet berilýär. Aşgabatda, welaýat merkezlerinde, etraplarda sport merkezleri açyldy. Häzirki wagtda ýurtda sport mekdepleriniň 178-si bolup, olarda 100 müňden gowrak ýaşlar bilimi türgenleşik bilen utgaşdyrýarlar. Sportuň köp ugurlary, şol sanda atçylyk sporty hem ösdürilýär.

3. Sargyt № 1214

Sportuň maddy binýady pugtadan tutulýar. Aşgabatda «Köpetdag» stadionynyň durky täzelendi. Olimpiýa stadiony, Olimpiýa suw-sport toplumy, Buzly köşk, Atçylyk sport toplumy guruldy. Welaýat merkezlerinde stadionlar, atçylyk sport toplumlary guruldy. Kiçiräk stadionlar beýleki şäherlerde, etrap merkezlerinde hem guruldy we ýaşlaryň höwes bilen türgenleşik geçýän meýdançalaryna öwrüldi.

2010-njy ýylyň dekabrynda Aziýanyň Olimpiýa geňeşi Aşgabatda «Aziada-2017-ni» geçirmek barada karar kabul etdi. Bu guwançly habar Türkmenistanda gyzgyn garşylandy we oňa taýýarlyk işleri başlandy. Aşgabatda Olimpiýa şäherjiginiň gurluşygyna badalga berildi. Ony üç tapgyrda gurup, jemi 30-dan köpräk desgany bina etmek bellenildi. 157 *ga* meýdanda gurulýan bu desgalaryň iki tapgyry tamamlanyp, 2014-nji ýylda üçünji tapgyryna girişildi. Olimpiýa şäheriniň gurluşygyny 2016-njy ýylda tamamlamak bellenildi. Gurluşyga 5 *mlrd* amerikan dollary goýberildi.



Türkmen türgenleri «Aziada-2017-ä» ykjam taýýarlanýarlar. 2013-nji ýylda olar 167 halkara ýaryşlaryna, ýapyk desgalarda geçirilen IV Aziýa oýunlaryna (Günorta Koreýa) we Bütindünýä tomusky Uniwersiada (Kazan, Russiýa) gatnaşyp, 282 medala mynasyp boldular. Şolardan 100-si altyn, 96-sy kümüş,86-sy bolsa bürünç medallardyr.

Adamyň saglygy azyk önümleriniň hiline, dem alýan howasynyň arassalygyna hem baglydyr. Ýurtda azyk önümlerini mikroelementler bilen baýlaşdyrmak hakynda karar kabul edildi (1996 ý.). Şol karara laýyklykda, ilata berilýän nahar duzy ýodlaşdyrylýar we un demir bilen rençlendirilýär. Bu işler bellenilen halkara ülňülerine laýyk derejede alnyp barylýar.

1998-nji ýylda Aşgabadyň howa giňişligini arassalamak maksady bilen, Köpetdagyň eteginde baglyk zolagy döredilip başlandy. Milli seýilgäh – Giňdiwar-Nusaý galasy aralygynda 30 *km*-den hem gowrak uzalyp gidýän «Saglyk ýoly» guruldy (2000 ý.). 1000 *m* gowrak belentlikde gurlan bu ýoluň iki tarapynda, baglyk zolakda millionlarça düýp ýolka we beýleki agaç nahallary oturdyldy. Indi ol agaçlar boý alyp, gök öwsüp otyr. «Saglyk ýoly» aşgabatlylaryň we paýtagtyň myhmanlarynyň höwes edip dynç alýan, dag gözelliginden lezzet alýan, saglygyny berkidýän ýoluna öwrüldi. «Saglyk ýollary» welaýat merkezlerinde hem guruldy, häzir beýleki şäherlerde, käbir etrap merkezlerinde-de gurulýar.

2007-nji ýylda ýurdy bagy-bossanlyga öwürmek işiniň täze tapgyry başlandy. Häzir Aşgabadyň töwereklerinde agaç ekilen meýdanlar 25 *müň ga* ýetýär. Ol meýdanlary şäheriň günortasyndan demirgazygyna – Köpetdagdan Garagum derýasyna, gündogaryndan günbatara – Änewden Gökdepä çenli has-da giňeltmek göz öňünde tutulýar. Bagy-bossanlygyň täze tapgyry welaýatlarda we etraplarda-da bu işi ýaýbaňlandyrmak maksat edinilýär. Indi diňe bir şäherlerdir obalar we olaryň ýanaşyk ýerleri bilen çäk-

lenmän, ýollaryň iki tarapynda, derýadyr kölleriň, kanaldyr kollektorlaryň boýlarynda hem agaç oturtmaklyk bellenilýär. Has alysdaky maksada görä, Köpetdag, Köýtendag, Balkanlarda, Dehistanda, Üstýurtda-da, mahlasy, ýurduň ähli ýerlerinde tokaý zolaklaryny ösdürip ýetişdirmek göz öňünde tutulýar. Agaç ekmeklige işçiler, gullukçylar, daýhanlar, talyplar, okuwçylar – bütin il gatnaşýar. Şäherler, obalar, ýurt bagy-bossanlyga öwrülýär. Ol ilatyň saglygyna, bütin ýaşaýşa oňyn täsir edýär.

***Soraglar we ýumuşlar***

1. «Saglyk» maksatnamasy haçan kabul edildi? Siziň ýaşaýan ýeriňizde ilata lukmançylyk hyzmatynda nähili özgerişlik boldy? Bu barada gürrüň beriň.
2. «Aziada – 2017-ä» taýýarlyk görlüşi barada näme aýdyp bilersiňiz? Siziň ýaşaýan obaňyzda (şäheriňizde) nähili sport desgalary guruldy?
3. Siz agaç nahallaryny oturtmaklyga, tebigaty goramak işlerine gatnaşýarmysyňyz?
4. «Saglyk ýollaryna» çykyp gördüňizmi? Öz şahsy gigiýenaňyz, beden saglygyňyz hakda, ony her hili ýaramaz endiklerden saklamak hakda alada edýärsiňizmi?

## §5. Kämil kanunçylyk – sagdyn jemgyýet

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda milli kanunçylyk binýady döredildi. Kämil kanunlar ýurdy sosial-ykdysady taýdan ösdürmekligiň möhüm düzüm bölegi bolup durýar. Olar döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryndaky hukuk gatnaşyklaryny sazlaýar we jemgyýetiň sagdynlygyna oňaýly täsir edýär. Kanunlar ýurduň Konstitusiýasynyň düzgünlerine laýyklykda işlenip düzülýär we kabul edilýär. Garaşsyzlygyň diňe ilkinji üç ýylynda Türkmenistanyň Mejlisinde durmuş-ykdysady özgertmelere binýat döredýän, raýatlaryň hukuklarynyň we

azatlyklarynyň durmuş kepilligini üpjün edýän kanunlaryň 180-si, kararlaryň 314-si kabul edildi. Bu hukuk namalary Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyny kanun taýdan berkitmäge gönükdirildi. Ol syýasatyň düýp maksady bolsa halkyň maddy hal-ýagdaýyny we durmuş şertlerini gowulandyrjak düýpli özgertmeleri amala aşyrmakdy. Hukuk namalarynyň işlenip düzülmegi we kämilleşdirilmegi soňky ýyllarda-da dowam edýär.

Emma wagt geçýär. Durmuşyň talaplary üýtgeýär. Hereket edýän kanunlary, hatda Konstitusiýanyň özüni hem şol talaplara laýyk getirmek zerurlygy ýüze çykýar. 2007-nji ýylda Türkmenistanyň garaşsyz ösüşiniň täze tapgyrynyň başlanmagy bilen, döwleti dolandyryş ulgamynyň esasyny düzýän kanunlara täzeden seretmelidigi, Konstitusiýanyň hem täze redaksiýasyny taýýarlamalydygy äşgär boldy. Konstitusiýany kämilleşdirmek boýunça Konstitusion topar döredildi.

2008-nji ýylyň maýynda Konstitusion toparyň mejlisi geçirildi. Mejlisde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow çykyş edip, kanunçylygy kämilleşdirmegiň zerurlygy barada şeýle diýdi: «Bu diňe bir Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň durmuşynda bolup geçen özgerişlikler bilen bagly bolman, eýsem Esasy Kanunymyzyň aýry-aýry bölümleriniň we maddalarynyň könelmegi hem-de belli bir derejede jemgyýetiň yzygiderli ösüşini bökdeýändigi bilen hem baglydyr. Könelen kartalar boýunça täze ugurlary anyk kesgitläp bolmaýşy ýaly, täzelenen Konstitusiýasyz hem döwleti progressiw ýol bilen ösdürmek we has-da pugtalandyrmak mümkin däldir. Mundan başga-da, Konstitusiýa kanun çykaryjylygyň esasy çeşmesi bolmak bilen, ol dürli ulgamlarda döwletiň syýasatyny düzgünleşdirýän häzirki hereket edýän kanunlaryň kämilleşdirilmeginde hem esasy orun eýeleýär. Şonuň üçin hem kadalaşdyryjy-hukuk resminamalarynyň döwrüň ruhuny hem-de ýurdu-

myzda amala aşyrylýan özgertmelere bildirýän talaplary has aýdyň beýan etmegi, halkara standartlaryna gabat gelmegi üçin, ilki bilen Esasy Kanunymyzy kämilleşdirmek möhümdir»[1].

2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy kabul edildi. Ozalky Esasy Kanun bilen deňeşdirilende, onda prinsipial täzelikleriň 50-den gowragy ulanyldy. Täzelenen Konstitusiýa döwlet gurluşynyň we hukugynyň häzirkizaman nazaryýetiniň we tejribesiniň gazananlarynyň iň gowy nusgalaryna esaslanýar. Konstitusiýanyň täze redaksiýasyna laýyklykda hem Türkmenistan – demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident resbuplikasy görnüşinde amala aşyrylýar (*1-nji madda*). Türkmenistanda döwlet häkimiýeti häkimýetleriň bölünişigi ýörelgesine esaslanyp kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýär we biri-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýärler (*4-nji madda*).

Täzelenen Konstitusiýada kanunlary kabul etmek we kanun çykaryjylyk başlangyçlary Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ygtyýarlyklaryndan aýryldy. Halk Maslahaty ýatyrylýandygy sebäpli, onuň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Prezidentine we Mejlise (Parlamente) berildi. Konstitusiýa laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanydyr (*50-nji madda*). Türkmenistanyň Mejlisi (parlament) kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan iň ýokary wekilçilikli edaradyr (*59-njy madda*).

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 2 t. – Aşgabat, 2009–145 s.





2009-njy ýylyň ýanwarynda Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň I maslahaty boldy. Maslahatda «Konstitusiýanyň esasy düzgünlerini durmuşa geçirmek üçin zerur bolan kanunçylyk namalary Mejlis tarapyndan örän gyssagly taýýarlanmalydyr, işlenip düzülmelidir we kabul edilmelidir. Durmuş bizden jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän Ýer, Suw, Zähmet, Jenaýat iş ýörediş, Raýat iş ýörediş bitewi kanunlaryny hem-de döwrüň talabyndan yza galan beýleki kanunlary täzelemegi talap edýär. Biziň raýatlarymyzyň hukugyna we erkinligine dahylly bolan kanunçylyk namalarynyň hem bir toparyny täzelemäge wagt ýetdi»[1] diýip, Prezident nygtady.

Türkmenistanyň Mejlisinde, onda kanunçylygyň dürli ugurlary boýunça döredilen komitetlerde deputatlar gyzgalaňly iş alyp bardylar. 2009–2013-nji ýyllarda Mejlisde 245 kanun we 221 karar kabul edildi. Kabul edilen kanunlaryň arasynda Zähmet kodeksi, Jenaýat iş ýörediş kodeksi, Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksi we başgalar bar.

2009-njy ýylda kabul edilen Zähmet kodeksi göwrümli hem uly ähmiýetli kanunlaryň biridir. Onuň tapawut-

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 3 t. – Aşgabat, 2010–45-46 s.

ly aýratynlygy, dürli kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýän hukuk çygryndaky we olar bilen baglanyşykly gatnaşyklar toplumlaýyn kesgitlenildi we hukugyň bitewi kadalary bir hukuk namasynyň çäklerinde jemlenildi. Kodekse «Zähmeti goramak», «Zähmet şertnamasynyň taraplarynyň maddy jogapkärçiligi», «Rugsatlar», «Işgärleriň hünär taýýarlygy, olary gaýtadan taýýarlamak, iş orunlarynyň we işgärleriň hünär synagy», «Zähmet çygrynda durmuş hyzmatdaşlygy» ýaly täze bölümler girizildi. Kodeks halkyň zähmet bilen baglanyşykly janajan bähbitleriniň hukuk taýdan goraglylygyny üpjün edýär.

Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň kabul edilmegi (2010 ý.) milli kanunçylygyň ösüşinde täze ädim boldy. Ol ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda bolup geçýän düýpli özgertmeler nazara alnyp, jenaýat yzarlamasyndan goramak çygrynda raýatlaryň hukuklarynyň giňedilmegini we iş ýörediş kadalarynyň Türkmenistan tarapyndan ykrar edilen halkara hukuk kadalarynyň talaplaryna laýyk getirilendigini aňlatdy. Mysal üçin, Birleşen Milletler Guramasynyň degişli kadalarynda bigünälik prezumpiýasy beýan edilýär. Onuň esasyny bolsa bäş ýörelge düzýär: a) diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda we kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen aýyplanýanyň günäsi tassyk bolýança ol günäsiz hasap edilýär; b) aýyplanýan özüniň günäli däldigini subut etmäge borçly däldir; w) beýleki obýektiw maglumatlar bolmadyk mahalynda aýyplanýanyň diňe bir görkezmesi onuň günäsiniň subut edilendigine şaýatlyk edip bilmez; g) günälidigi hakyndaky subutnamalaryň islendik şübhesi aýyplanýanyň peýdasyna diýlip düşündirilýär; d) aýyplanýan öz garşysyna görkezme bermäge borçly däldir, adyl kazyýetlik amala aşyrylanda hukuga ters gelýän usul bilen ýygnalan subutnamalar peýdalanylyp bilinmez. Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kodeksinde – halkara hukugynda ykrar edilen bu bigünälik ýörelgeleri doly öz beýanyny tapdy.

Täze kodeksde tussag astyna almak bilen baglanyşykly bolmadyk öňüni alyş çäresini ulanmak mümkinçiligini gi-

ňeldýän kadalar, şol sanda derňew we anyklaýyş geçirilýän we işlere kazyýetde seredilýän wagtynda iş kazyýetde seredilýänçä azatlykda bolmak isleýän aýyplanýanlara, puluň uly möçberini tölemek bilen, girew ulanmak düzgüni girizildi. Kodekse Türkmenistanyň halkara hukuk gatnaşyklarynda döreýän borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalar hem girizildi. Täze kodeks Türkmenistanda hukuk tertibini berkitmek işini mundan beýläk-de kämilleşdirmäge, hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny täze talaplara laýyk getirmäge hem-de hukuk goraýjy edaralaryň işini düzgünleşdirýän «Prokuratura hakyndaky», «Kazyýet hakyndaky», «Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakyndaky» kanunlary kabul etmäge mümkinçilik berdi.

Türkmenistanda Jenaýat iş ýörediş kodeksi bilen bir hatarda Jenaýat kodeksi, Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksi hem hereket edýär. Bu kodeksler jenaýat kanunçylygyny emele getirýär. Olara laýyklykda, jenaýat eden adamlara ulanylýan jeza we gaýry jenaýat-hukuk täsir ediş çäreleri fiziki taýdan ejir çekdirmegi ýa-da adam mertebesiniň kemsidilmegini öz maksady edinmeli däldir. Jenaýat eden adama ulanylmaga degişli jeza we gaýry jenaýat-hukuk täsir ediş çäresi adalatly bolmalydyr, jenaýatyň agyrlygyna, onuň edilen ýagdaýlaryna we günäkäriň şahsyýetine berk laýyk gelmelidir, şol bir jenaýat üçin hiç kim jenaýat jogapkärçiligini iki gezek çekip bilmez (*Jenaýat kodeksi, 3-nji madda*). Her kimiň öz hukuklaryny we azatlyklaryny kazyýet arkaly goramaga haky bardyr (*Jenaýat iş ýörediş kodeksi, 11-nji madda*). Jenaýat jezasyny çekýän adam ynsanperwer çemeleşilmegine we adam şahsyýetine mahsus bolan mertebäniň hormatlanylmagyna bolan hukuga eýedir (*Jenaýat ýerine ýetiriş kodeksi, 3-nji madda*).

Jenaýat kodeksine, 2013-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksi bilen sazlaşdyrmak maksadyndan ugur alnyp,

birnäçe täzelikler girizildi. Jenaýat kodeksiniň on sany maddasynyň birinji bölüminde görkezilen etmişi ilkinji gezek eden adamyň garşysyna administratiw temmi çäresiniň ulanylýandygy bellenilýär. Eger-de bir ýylyň dowamynda öň administratiw jogapkärçiligine çekilen adam ikinji gezek şol etmişi gaýtalasa, onda ol jenaýat jogapkärçiligine çekilýär. Kodeksiň Administratiw kodeks bilen utgaşdyrylmagy, etmişi eden adamy jenaýat jogapkärçiligine çekmek arkaly däl-de, onuň garşysyna ýeňil administratiw temmi çäresini ulanyp, eden ýalňyşyna düşüner ýaly, terbiýelemekden ybarat bolup durýar.

2012-nji ýylda kabul edilen Maşgala kodeksi, «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» kanun we käbir beýleki kanunlar maşgalanyň, ýaşlaryň hukuk goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Mysal üçin, Maşgala kodeksinde durmuşda gabat gelýän her bir ýagdaýda maşgalanyň, çaganyň bähbidini goramak göz öňünde tutuldy. Kodeksiň 85-nji maddasynda çagany maşgalada terbiýelemek çaganyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini göwnejaý ýagdaýda üpjün etmekde ileri tutulýan ugur bolup, diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça bes edilip bilinýändigi, çaganyň mertebesiniň kemsidilmegine, gorkuzylmagyna, beden temmisiniň berilmegine, onuň akyl ýa-da beden saglygyna zyýan ýetirýän beýleki şikesleriň ýetirilmegine ýol bermeli däldigi baradaky kadalar düzgünleşdirilýär.

2013-nji ýylda kabul edilen «Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakyndaky» kanunyň we Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda Türkmenistanyň kodeksiniň hem ähmiýeti örän uludyr. Bu kanunlar raýatlaryň abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýlaryny almakda ýa-da edinmekde we özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmakda döwlet tarapyndan goldaw almaklaryna, ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligi babatynda konstitusion hukuklarynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmäge hem-de ýurdumyzda ýaşaýyş

jaý bazarynyň emele gelmegine we ösmegine gönükdirilendir. Şonuň ýaly-da, Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky kodeksde weteranlaryň, ýetim çagalaryň we ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalaryň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün edýän hukuk kadalary beýan edilýär.

Milli kanunçylykda ilatyň saglygyna zyýan ýetirýän maddalara garşy gönükdirilen hukuk namalarynyň döredilendigini hem bellemelidir. 2007-nji ýylda «Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun ýaýradylmagyna garşy göreş çäreleri hakynda», 2008-nji ýylda nas öndürmegi we ýaýratmagy gadagan etmek hakyndaky, 2012-nji ýylda «Raýatlaryň saglygynyň temmäki tüssesiniň täsirinden we temmäki önümlerini ulanmagyň netijelerinden goralmagy hakynda» kanunlar kabul edildi. Neşe serişdelerine garşy göreşmek boýunça döwlet gullugy döredildi (2008 ý.). Bu gulluk hukuk goraýjy edaralar bilen bilelikde neşe maddalaryny öndürmeklige, ýurduň daşyndan getirmeklige we ýaýratmaklyga garşy yzygiderli iş alyp barýar. «2011–2015-nji ýyllarda neşe maddalaryny bikanun ýaýratmaklyga garşy göreşmegiň, neşe maddalaryna we psihotrop serişdelerine mätäç adamlara kömek bermegiň Milli maksatnamasy» hem kabul edildi we durmuşa geçirilýär. Maksatnamanyň çäklerinde ýylda iki gezek (Iýun, dekabr aýlarynda) ýurtda neşe maddalaryny ýok etmek boýunça giň möçberli çäre geçirilip, netijede ele salnan neşe maddalary Aşgabadyň eteginde Kasamly jülgesinde ýörite gurlan peçlerde ýakylýar.

«Raýatlaryň saglygynyň temmäki tüssesiniň täsirinden we temmäki önümlerini ulanmagyň netijelerinden goralmagy hakyndaky» kanun 30 maddadan ybarat. Kanunda temmäki önümleriniň bikanun söwdasynyň öňüni almak, çilim çekmegiň, temmäki önümleriniň mahabatlandyrylmagynyň, sarp edilmeginiň, höweslendirilmeginiň, satylmagynyň gadagan edilmeginiň kadalary beýan edilýär. Hususan-da, kanunyň 24-nji maddasynda aýry-aýry çäklerde,

kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň jaýlarynda temmäki önümlerini çekmegiň gadagan edilendigi nygtalýar. Medeniýet we sungat edaralarynyň jaýlarynda, bedenterbiýe we sport, saglygy goraýyş, şypahana toplumlarynyň binalarynda, şeýle hem demirýol menzillerinde, awtomenzillerde, howa menzillerinde, deňiz we derýa portlarynyň jaýlarynda temmäki önümlerini çekmegiň gadaganlygy görkezilýär. Şu görkezilen gadagan etmeleri nas atma barada hem aýdyp bolar.

Türkmenistan – hukuk döwleti. Onda milli kanunçylygy ösdürmäge we kämilleşdirmäge örän uly ähmiýet berilýändigi tebigydyr. Kanunlar jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan guraldyr. Ol näçe kämil bolsa, jemgyýetem şonça sagdyndyr. Kanunlary bilmek durmuşda ynamy artdyrýar. Bu aýratyn hem ýaşlar üçin möhümdir. Kanunlaryň aňyrsynda adam hukuklarynyň goragy esasy orunda durýar.

***Soraglar we ýumuşlar***

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy haçan kabul edildi? Milli kanunçylyk namalaryny döretmekde onuň ähmiýeti barada gürrüň beriň.
2. Zähmet kodeksi haçan kabul edildi? Oňa nähili täze bölümler girizildi? Bu kodeksiň ähmiýetine nähili düşünýärsiňiz?
3. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisinde ýene nähili kanunlar kabul edildi?
4. Ilatyň saglygyna zyýan ýetirýän neşe maddalaryna garşy göreşmek boýunça kabul edilen kanunlardan haýsylaryny bilýärsiňiz? Şol kanunlaryň ähmiýeti barada referat ýazyň.

## Resminama
## Neşekeşlige we neşeleriň bikanun dolanyşygyna ygtybarly böwet goýmaly
**2007-nji ýylyň 27-nji iýuny.**
**(Türkmen döwlet habarlar gullugy)**

Düýn Türkmenistan ähli dünýä bileleşigi bilen bilelikde Neşeleriň sarp edilmegine, ýaýradylmagyna we bikanun dolanyşygyna garşy göreşmegiň halkara gününi belledi... Şu

ýyl bu çäre «Neşeler siziň durmuşyňyza, siziň jemgyýetiňiziň durmuşyna täsir edýärmi? Geliň, neşeden saplanalyň! Neşekeşlige orun ýokdur!» diýen şygar astynda geçýär...

Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralarynyň geçiren ýörite çäreleriniň barşynda alnan neşe maddalarynyň uly möçberini ýok etmek çäresi Aşgabadyň golaýyndaky Kasamly jülgesinde geçirildi. Bu ýere hormatly ýaşulular, ýurdumyzyň din işgärleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň, hukuk goraýjy düzümleriň, ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň habar beriş serişdeleriniň wekilleri çagyryldy...

Türkmenistan neşeleriň we psihotrop maddalaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça BMG-niň üç sany halkara Konwensiýasyna, şeýle hem neşe serişdeleriniň ýaýradylmagyna garşy hereket etmegiň baş ugruny işläp taýýarlamakda, neşeleri ýüze çykarmak boýunça serhet gözegçiligini güýçlendirmekde we olar bilen söwda edilmeginiň öňüni almakda Merkezi Aziýa döwletleriniň mümkinçiliklerini pugtalandyrmaga gönükdirilen halkara maksatnamalarynyň hem-de taslamalaryň birnäçesiniň işeňňir gatnaşyjysydyr. Türkmenistan neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun öndürilmegine, dolanyşygyna, hyýanatçylykly ulanylmagyna gözegçilik etmek babatda sebitleýin hyzmatdaşlyk etmek boýunça özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama hem gol çekdi.

Bu çärä gatnaşyjylara sellofan paketlere we dürli möçberdäki haltalara, ýörite belgilenen daňylara gaplanan, umumy agramy 1091 *kg* neşe serişdeleri görkezildi. Olaryň her biri öz elleri bilen howply kontrabanda harydynyň bir gabyny ýakmak üçin ýörite peçlere eltip taşladylar. Peçler 800 gradusdan 1000 gradusa çenli gyzýar, şonda neşe serişdeleri öz himiki düzümini ýitirýär we küle öwrülýär. Neşe serişdelerini ýakmagyň başyndan ahyryna çenli hukuk goraýjy düzümleriň işgärleri we ygtyýarly edilen ekspertler gözegçilik etdiler.

Neşekeşlige garşy çärä gatnaşyjylar türkmen tarapynyň neşeleriň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmekde, bütin adamzada wehim salýan «XXI asyryň mergisine» garşy jemgyýetiň edýän tagallalaryny birleşdirmekde, sebitde we bütin dünýäde howpsuzlygy üpjün etmekde uly ähmiýeti bolan başlangyjynyň durmuşa geçirilişiniň şaýady bolmaga berlen mümkinçilik üçin Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdiler.

# II BAP.

## MEDENIÝETIŇ ÖSÜŞI WE MILLI-RUHY GALKYNYŞ

### §6. Medeni-ruhy ösüş we galkynyş – döwrüň talaby. Milli däp-dessurlaryň, baýramçylyklaryň dikeldilmegi, täze milli baýramlaryň döredilmegi

Türkmenistanyň Garaşsyzlygy medeni-ruhy durmuşda hem düýpli öwrülişik pursady boldy. Turuwbaşdan ýurdy dünýäniň ösen ýurtlarynyň hataryna goşmaga gönükdirilen syýasat ýöredilip, onda jemgyýetiň medeniýeti, ruhy durmuşyny düýpgöter özgertmek, hil taýdan täze medeni-ruhy gymmatlyklary döretmek, halky ruhy taýdan galkyndyrmak meselelerine örän uly ähmiýet berildi.

Döwlet garaşsyzlygy türkmen halkyna, sözüň doly manysynda, milli ruhuny, aňyýetini, däp-dessurlaryny gaýtaryp berdi. Bu gymmatlyklar halky ruhy taýdan bitewüleşdirýär, onuň içerki özenini düzýär. Halk öz däp-dessurlaryny dowam etdirip ýaşaýar. Milli däpler bolsa mukaddeslikdir. Halk olary unutsa, ýitmek howpuna duçar bolýar.

Türkmenistanda ilkinji dikeldilen milli baýram – Nowruz baýramydyr. Bu baýram heniz SSSR dargamanka, 1991-nji ýylyň martynda respublikanyň hemme ýerlerinde bellenip geçildi. Türkmenler we ençeme goňşy ýurtlaryň halklary gadym zamanlardan bäri her ýylyň 21-22-nji martyny Nowruz (täze ýyl) baýramy hökmünde belläpdirler.



Sowet döwründe resmi häkimiýetler musulmanlaryň Gurban baýramy, Oraza baýramy ýaly milli-dini baýramlaryny halkyň aň-düşünjesinden çykarjak bolup çalyşdylar. 1992-nji ýylda Gurban baýramy gaýtadan dikeldildi. Gurban baýramy günlerinde sadaka berilýär, toý tutulýar. Duz-tagam iýlende, ýaşulular ýurduň garaşsyzlygynyň, agzybirliginiň gadyryny bilmegi öwüt-ündew edýärler.

1998-nji ýylda Oraza baýramy hem gaýtadan dikeldildi. Oraza baýramy hijri-kamary ýyl hasaby (aý kalendary) boýunça Oraza aýynda 30 günläp dowam eden agyz beklemegiň tamamlanandygyny, bu däbi berjaý eden adamlaryň ruhunyň arassalanmagyny, ýurduň asudalygyny alamatlandyrýar. Oraza baýramy ýetimlere, beýleki mätäçlik çekýänlere pitre-sadaka bermek bilen hem baglanyşyklydyr.

Din bilen baglanyşykly käbir beýleki milli däp-dessurlar dikeldildi. Öňki döwürde çaga doglanda azan aýtdyrmak, merhuma jynaza okatmak, öwlüýälere zyýarat etmek,

hudaý ýoluna sadaka etmek gadaganlyk derejesine baryp ýetipdi. Ýurt garaşsyzlygy bu gadaganlyklary hem aradan aýyrdy. Öwlüýäler tertibe salnyp, daşlaryna haýat çekildi, ençeme gonambaşylaryň üstüne kümmet guruldy. Giň möçberde amal edilen bu işlerden halkyň ynjan ruhy kanagatlanma tapdy.

Garaşsyzlyk zamanasy halkyň erk-ygtyýaryny aňladýan, onuň ruhuny galkyndyrýan ençeme täze, şanly baýramlary döretdi. Türkmen halky asyrlar boýy arzuw edip gelen garaşsyz milli döwletiniň jar edilen günlerini – her ýylyň 27-28-nji oktýabryny uly dabara bilen belleýär.

1994-nji ýylyň 19-njy fewralynda ýurdumyzda ilkinji gezek Döwlet Baýdagynyň güni baýram edildi. Şondan bäri her ýyl bu sene uly dabara bilen bellenip geçilýär. Aşgabatda Döwlet baýdagymyzyň belent (133 *m*) sütüni dikeldildi. Bu dünýäde iň uly Döwlet Baýdagy hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.

Her ýylyň 18-nji maýynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilen güni – Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni goşa baýram hökmünde bellenilýär. Munuň sebäbi, bu iki baýramyň hem manysynyň birligidir. Olaryň ikisi hem il-günüň agzybirligini pugtalandyrmaga ýardam edýär.

12-nji dekabr Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen güni. Bu gün döwlet derejesinde her ýyl Bitaraplyk baýramy hökmünde dabaraly bellenýär. Munuň hem çuň manysy bar. Türkmen bitaraplygy halkymyzyň adyny arşa göterdi, ony hoşniýetli halk hökmünde dünýä tanatdy. Şeýle hem türkmen bitaraplygy sebitde, dünýäde parahatçylygy berkitmäge hyzmat edýär.

Türkmen halkynyň dünýä medeniýetine goşan ägirt uly goşandyny aňladýan ençeme millilik nyşanlary hem bar. Şolar bilen baglanyşyklylykda her ýylda maýyň soňky




ýekşenbesinde Türkmen halysynyň, apreliň soňky ýekşenbesinde Türkmen bedewiniň, awgustyň ikinji ýekşenbesinde Türkmen gawunynyň baýramlary uly ruhubelentlik bilen bellenýär. Her ýyl iýun aýynda Medeniýet we sungat işgärleriniň gününi, aprelde Suw damjasy-altyn dänesi, dekabrda goňşokara baýramçylyklaryny dabaraly belläp geçmek hem kada öwrüldi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmenleriň gadymdan dowam edip gelýän ýörelgeleriniň biri bolan dünýeden ötenleri ýatlamak däbi täzeden dikeldildi. Öten-geçenlere degsin edip durmak her bir türkmen maşgalasynyň milli däbidir.

12-nji ýanwar – Türkmen topragynyň azat erkinligi ugrunda wepat bolan gerçekleriň Hatyra güni, 6-njy oktýabr Aşgabat ýer yranmasynda wepat bolanlaryň hatyrasyna Milli matam güni, 21-nji dekabr – Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A. Nyýazowy Ýatlama güni bellenip geçilýär.

Her ýyl hatyra, matam, ýatlama günleri Türkmenistanyň şäherlerinde, şäherçelerinde, obalarynda döwlet baýdaklary aşak egilýär. Öten-geçenlere degsin edilip, sadaka berilýär.

Halkyň köp asyrlaryň dowamynda döreden baý edebi-medeni mirasyny dikeltmek barada hem uly işler amala aşyrylýar. 1993-nji ýylda Aşgabatda Milli golýazmalar instituty açyldy. 2004-nji ýylda Milli medeniýet «Miras» merkezi döredildi. Golýazmalar instituty we «Miras» merkezi bilelikde türkmen taryhyna, edebi mirasyna degişli çeşmeleri tapmakda, öwrenmekde we neşir edip halka ýetirmekde uly işler alyp bardylar. 2009-njy ýylda «Miras» merkezi ýapyldy. Edebi-medeni mirasy toplamak we öwrenmek işleri häzir Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynda alnyp barylýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen alymlary dünýäniň ençeme döwletlerinde ylmy saparlarda bolup, milli taryhymyza degişli gymmatly çeşmelerden ýüzlerçesini getirdiler. Ozalky bar bolan we getirilen çeşmelerden iň möhümleri türkmen diline terjime edilip, neşir edilýär. Neşir edilen işleriň arasynda «Oguznama», «Gorkut ata» ýaly ozal gadagan edilen halk eposlary, türkmen sopuçylyk pelsepesiniň görnükli wekilleri Muhammet Gazalynyň «Ylym baradaky kitaby», Hoja Ahmet Ýasawynyň «Hikmetleri», Mahmyt Zamahşarynyň «Ýagşyzadalaryň bahary», belli taryhçylar Ibn Esiriň «Kämil taryh», Ýazyjy ogly Alynyň «Seljuk türkmenleriniň taryhy», nusgawy edebiýatyň meşhur wekilleri Abdyrahman Jamynyň «Baharystan», Ýunus Emräniň «Diwan», Patyşa Hojanyň «Gülzar», zenan şahyr Mähri Hatynyň «Diwan» atly kitaplary we başga-da ençeme wajyp eserler bar.

2000–2009-njy ýyllarda Aşgabatda Türkmenistanyň, Merkezi Aziýanyň we Gündogar halklarynyň medeni mirasy döwlet instituty işledi. Institutda taryhy-medeni mirasy öwrenmek boýunça ylmy-barlaglar alnyp baryldy, birnäçe möhüm halkara ylmy maslahatlar geçirildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow halkymyzyň medeni mirasyna örän uly ähmiýet berýär. «Medeni miras-dünýäniň medeni we ruhy galkynyşlarynyň taryhyny öwrenmegiň çeşmesi» atly halkara ylmy maslahata (2008 ý.) gatnaşyjylara iberen gutlagynda, ol şeýle ýazdy: «Türkmenler dünýä medeniýetiniň genji-hazynasyna, medeni-ruhy ösüşine örän uly goşant goşan iň gadymy halklaryň biridir. Türkmen halky müňýyllyklaryň ýaňyny siňdiren ýüzlerçe taryhy-medeni ýadygärliklere, edebi gymmatlyklara, golýazma çeşmelerine baýdyr... . Millilige, ynsanperwerlige, ýagşylyga ýugrulan maddy-ruhy gymmatlyklarymyzy öwrenmek, dünýä ýaýmak, olara halkara ylmy jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmek biziň esasy maksatlarymyzyň biridir... Adamzadyň köp asyrlyk taryhynyň köklerini, edebi-ruhy gymmatlyklaryny, asyrlaryň jümmüşinden sünnälenip çykan iň nepis sungat eserlerini özünde jemleýän baý milli mirasymyz täze Galkynyş zamanamyzyň esasy ruhy binýatlarynyň biridir[1]».

2010-njy ýylda Türkmenistanyň «Medeniýet hakynda», 2012-nji ýylda «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini goramak hakyndaky» kanunlary kabul edildi. Kanunlaryň birinjisinde medeniýeti aňladýan düşünjäniň mazmuny «adamzat tarapyndan döredilen we döredilýän, şahsyýetiň sazlaşykly ösdürilmegine, watançylygy terbiýelemäge, ýokary ahlaklylyk we ruhy ahlaklylyk häsiýetlerini kemala getirmäge, Türkmenistanyň raýatlarynyň estetiki talaplaryny we bähbitlerini kanagatlandyrmaga gönükdirilen maddy we ruhy gymmatlyklaryň jemi» hökmünde kesgitlenýär. Kanunda medeni prosese degişli köp sanly meseleler beýan edilýär, medeniýet boýunça ýöredilýän döwlet syýasatynyň ýörelgeleri (prinsipleri) kesgitlenilýär. Kanunlaryň ikinjisinde taryhy-medeni mirasyň obýektlerini ýüze çykarmak, aýawly saklamak, peýdalanmak we döwlet tarapyndan gora-

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II tom – Aşgabat, 2009. – 84 s.

mak çygryndaky gatnaşyklar düzgünleşdirilýär. Bu kanunlar medeniýeti mundan beýläk-de ösdürmek, taryhy-medeni mirasy gorap saklamak üçin esas bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanda taryhy-medeni ýadygärlikleriň 1500-e golaýy bar. Olary goramak, öwrenmek we täzeden dikeltmek barada Milli müdirlik döredilip (1992ý.), ýadygärlikler hasaba alyndy we dikeldiliş işleri ýola goýuldy. Gadymy Merw, Gürgenç, Nusaý, Kerki (häzir Atamyrat şäheri), Sarahs, Abywerd, Gökdepe galasynyň ýadygärlikleri döwlet taryh-medeni goraghanalar diýlip yglan edildi. Köneürgençdäki Il Arslanyň kümmetinde, Üç ýüz altmyş piriň ýadygärlik toplumynda, Atamyrat etrabyndaky Alamberdan kümmetinde, gadymy Merwdäki Soltan Sanjaryň kümmetinde, Hoja Ýusup baba metjidinde, Kaka etrabyndaky Mäne babanyň kümmetinde abatlaýyş-dikeldiş işleri geçirildi. 1999-njy ýylda Merwiň, 2005-nji ýylda Köneürgenjiň, 2007-nji ýylda Nusaýyň taryhy ýadygärlikleri Birleşen Milletler Guramasynyň bilim, ylym we medeniýet baradaky edarasy ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. Munuň özi ýurdumyzdaky taryhy-medeni ýadygärlikleriň bütindünýä ähmiýetiniň halkara möçberinde ykrar edilmegidir.



**Astanababa ýadygärligi**



1998-nji ýylda Aşgabadyň günorta çetinde Türkmenistanyň Baş Milli muzeýi döredildi. Onuň üçin kaşaň binalar toplumy guruldy. Ol toplumda, iş ýüzünde, birnäçe muzeý–Taryh, Prezident, Etnografiýa muzeýleri ýerleşýär. Baş Milli muzeýde türkmen halkynyň müňýyllyklara uzaýan baý taryhynyň esasy döwürlerini we wakalaryny beýan edýän esasy we kömekçi gaznalarda eksponatlaryň uly toplumy jemlenendir. Baş Milli muzeý Türkmenistanyň taryhyny we etnografiýasyny, onuň asyrlar boýy toplan baý maddy we ruhy mirasyny halk köpçüliginiň arasynda wagyz etmegiň täsirli ojagy bolup hyzmat edýär. Welaýat merkezlerinde Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýleri döredildi. Etraplaryň hem ençemesinde Taryh muzeýleri işleýär. Häzirki wagtda Medeniýet ministrliginiň garamagynda 34 muzeý hereket edip, olarda 305,6 müň eksponat saklanylýar. 2014-nji ýylyň diňe ýanwar aýynda muzeýlere 25,5 müň adam, esasanam, mekdep okuwçylary baryp gördüler. Muzeýlere barmak, eksponatlary görmek–taryh bilen ýüzbe-ýüz bolmakdyr. Ýaşlaryň watançylyk terbiýesinde onuň belli bahasy ýokdur.

2010-njy ýylyň 24-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow medeniýet ulgamynyň ösüşine degişli üç sany möhüm karary: «Muzeý gymmatlyklaryny seljermek, baha bermek we satyn boýunça topary döretmek almak hakynda»; Oba, şäher, etrap medeniýet

öýlerini döretmek hakynda; Welaýat, şäher, etrap merkezi kitaphanalaryny döretmek hakynda kararlar kabul etdi. Muzeý gymmatlyklaryny satyn almak baradaky karara laýyklykda, bu maksatlar üçin ýörite döwlet serişdeleri bölünip berildi. Muzeý gaznalarynyň has göwnejaý doldurylmagy üçin şert döredildi. Oba, şäher, etrap medeniýet öýleriniň döredilmegi bilen, medeni çärelere ilaty, ylaýta-da ýaşlary çekmek işi ep-esli gowlandy. Kitaphanalar baradaky karara laýyklykda, öňki hereket edýän kitaphanalaryň üstüne ýene-de 141-si goşuldy. Häzirki wagtda welaýat, etrap, şäher merkezi kitaphanalary bilen bilelikde olaryň ýerlerdäki şahamçalary, jemi 230 kitaphana işleýär. Kitaphana gaznalary Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň saýlanan eserleriniň, «Janly rowaýat», «Bedew-türkmeniň ganaty» atly kitaplarynyň, «Älem içre at gezer», «Döwlet guşy» atly romanlarynyň, türkmen nusgawy şahyrlary Magtymgulynyň, Andalybyň, Mollanepesiň, ýazyjylar B. Kerbabaýewiň, A. Gowşudowyň, N. Saryhanowyň, häzirki döwrüň ýazyjy-şahyrlaryndan G.Şagulyýewanyň, A.Atabaýewiň, O.Ödäýewiň we beýlekileriň eserleriniň hasabyna ýyl-ýyldan baýlaşýar. Muzeýler, medeniýet öýleri, kitaphanalar medeniýeti ösdürmekligiň möhüm ojaklaryna öwrülýär.



**Türkmenistanyň Milli muzeýi**

Soňky ýyllarda ýurtlar arasynda medeniýet günleri ýygy-ýygydan geçirilýär. Mysal üçin, 2013-nji ýylda Birleşen Arap Emiratlarynda, Türkiýede, ABŞ-da Türkmenistanyň, Aşgabatda bolsa Hytaý Halk Resbuplikasynyň, Hindistanyň, Täjigistanyň medeniýet günleri geçirildi. Medeniýet günleri medeniýetleriň golaýlaşmagyna we özara baýlaşmagyna, halklar arasynda dostlugyň we hyzmatdaşlygyň ösmegine ýardam edýär.

***Soraglar we ýumuşlar***

1. Halkyň medeni-ruhy mirasy nämeleri özünde jemleýär?
2. Türkmen halkynyň ata-babadan gelýän we Garaşsyzlyk zamanynda gaýtadan dikeldilen milli baýramlary barada gürrüň beriň.
3. Täze dörän milli baýramçylyklar hakda referat ýazyň.
4. Türkmenistanyň taryhy-medeni ýadygärlikleri barada näme bilýärsiňiz?
5. Siziň ýaşaýan ýeriňizde muzeý, medeniýet öýi ýa-da kitaphana barmy? Bar bolsa, olar bilen gatnaşygyňyz nähili? Bu barada giňişleýin gürrüň bermäge taýýarlanyň.

## §7. Sungatyň ösdürilmegi

Garaşsyzlyk ýyllarynda medeniýetde bolşy ýaly, sungatyň ösüşini hem täze derejä götermekde uly işler edildi. 1992-nji ýylda Türkmen döwlet medeniýet instituty, Türkmen milli konserwatoriýasy, 1993-nji ýylda Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasy döredilip, medeniýetiň we sungatyň ähli ugurlary boýunça ýokary bilimli hünärmenler taýýarlanyp başlandy. Soňraky geçen 20 ýyldan gowrak wagtyň içinde ýurtda sagdyn pikirli, sowatly, dünýäniň ösen talaplaryna laýyk iş alyp barmagy başarýan medeniýet we sungat işgärleriniň uly topary kemala geldi. Olar türkmen milli medeniýetiniň we sungatynyň aýratynlyklaryny dünýä ýaýmakda uly işleri amala aşyrýarlar.

Türkmen durmuşynda aýdym-saz sungatynyň ägirt uly ähmiýeti bar. Şahyrdyr bagşylaryň hemişe öýüň töründe

orny bolupdyr. Bagşylar öz aýdymlarynda erkinligi, agzybirligi, mertligi hem-de milli bitewüligi ýadawsyz wasp edipdirler. Bagşylar üçin beýik Magtymgulynyň, Şeýdaýynyň, Şabendäniň, Keminäniň, Magrupynyň, Zeliliniň, Seýdiniň, Mollanepesiň, Mätäjiniň, Talybynyň, Kätibiniň we beýleki nusgawy şahyrlarymyzyň şygyrlaryny saza goşup aýtmak aýratyn ýörelge bolupdyr. Her döwrüň bagşysy öz zamanasynda bolup geçýän wakalara öz sesini goşmagy başarypdyr. Olaryň döredijiliginde döwrüň aýratynlygy, milletiň belent ruhy öz beýanyny tapypdyr. Bagşylaryň aýdym-sazlary halkymyza egsilmez güýç-gaýrat we synmaz erk beripdir.

Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow bagşyçylyk sungatynyň ussatlary barada şeýle ýazýar: «Türkmeniň Şükür bagşy, Hally bagşy, Täçmämmet Suhanguly, Sary bagşy, Oraz salyr, Mylly aga, Magtymguly Garly, Sapar Bekiýew, Pürli Saryýew, Sahy Jepbarow, Nurjemal Adyýewa, Çary Täçmämmedow, Ödeniýaz Nobatow, Gurt Ýakubow, Nurberdi Gulow, Mustak Aýmedow, Ýagmyr Nurgeldiýew, Akjagül Myradowa, Ilaman Annaýew ýaly dutarynyň taryna bilbil gonduran bagşysazandalary köp. Olaryň her biriniň döredijiligi giden bir syrly ummandyr. Olaryň aýdan aýdymdyr dessanlary, çalan sazlary türkmen halkyna ruhy goldaw berip, ýagty ertirlere atarypdy...



**Mylly Täçmyradow**



**Sahy Jepbarow**



**Nury Halmämmedow**

Aýdym-saz diňlemek, oňa hormat goýmak türkmeniň ata-baba kalbyna guýlandyr. Bu asylly ýörelge Galkynyşlar eýýamymyzda täze hyjuw bilen oýanýar».[1]

Garaşsyzlyk ýyllarynda käbir şäherlerde we etraplarda bagşylar öýleri açylyp, olar soňra öý-muzeýlerine öwrüldi. Häzirki wagtda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynda Magtymguly Garlyýewiň, Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynda Durdy Myradowyň, Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynda Oraz Salyryň öý-muzeýleri işleýär. Aýdym-saz muşdaklaryndan öz öý-muzeýlerini döredýänleri-de bar. Şolardan biri Ýolöten etrabynyň Talhatan şäherçesiniň ýaşaýjysy Italmaz Hojam ogludyr. Onuň öý-muzeýinde meşhur bagşy-sazandalaryň aýdan aýdymlarynyň, çalan sazlarynyň 1000-e golaý audio kassetasy, wideo kassetasy, diskleri jemlenipdir. Muzeýde suratkeşlere çekdirilen milli saz sütünleriniň 40-synyň portretleri, başga-da bagşy-sazandalaryň 450-den gowragynyň ulaldylan surat-portretleri ramka salnyp asylyp goýlupdyr. Ile nusgalyk bu asylly işleriň ähli çykdajysy 80 ýaşa ýetip barýan Italmaz aganyň öz hasabyna edilipdir.

Aýdym-saz sungatynyň saýlama eserlerini, meşhur bagşy-sazandalaryň suratlaryny toplamak we aýawly saklamak işi bilen Türkmenistanyň kino, surat we ses ýazgylarynyň resminamalarynyň merkezi döwlet arhiwi hem meşgullanýar. Arhiwde Mylly Täçmyradowyň çalan sazlaryndan 200-si, Pürli Saryýewiň -200-e, Çary Täçmyradowyň 150-ä golaý sazlary, Sahy Jepbarowyň aýdan aýdymlarynyň 300-den gowragy, kompozitor Nury Halmämmedowyň döreden eserleriniň 200-e golaýy aýawly saklanylýar. Häzirki wagtda arhiwiň gaznalarynda aýdym-saz nusgalarynyň 11 müňe golaýy jemlenip, olary aýawly saklamak, tertibe salmak we öwrenmek boýunça möhüm işler alnyp barylýar.

Türkmen saz sungatynda estrada aýdymlary hem uly orun tutýar. Türkmen kompozitorlary Garaşsyzlygy, Bita-

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 1. t. – Aşgabat, 2008 – 190 –191 s.

raplygy, Watany wasp edýän aýdymlary döredýärler. Muňa Türkmenistanyň halk artistleri Baýram Hudaýnazarowyň «Jan Watan», Nury Muhadowyň «Prezident gwardiýasynyň aýdymy», Rejep Rejebowyň «Toýlar toýa ulaşsyn!» ýaly aýdymlary mysal bolup biler. Soňky ýyllarda «Arkadag», «Arkadagly Watan» ýaly aýdymlar hem döredilip, tele-radio ýaýlymlarynda berilýän konsertlere yzygiderli goşulýar.

Aýdym-saz sungatynyň ösmegine her ýyl geçirilýän «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşigi, ýaşlaryň «Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşigi, körpe çagalaryň «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» aýdym-saz bäsleşigi güýçli täsir edýär. Bu bäsleşikler diňe bir aýdym-saza ezber täze ussatlary, şol sanda ýaş zehinleri ýüze çykarmak bilen çäklenmän, eýsem garaşsyzlygyň miweleri barada döwrebap eserleriň döredilmegine hem itergi berýär.

Ýurdumyzda aýdym-saz sungatyny ösdürmekde, halkymyzyň aýdym-saza teşneligini gandyrmakda Türkmenistanyň halk artistleri Atageldi Garýagdyýewiň, Rehmet Arnagylyjowyň, Amanbibi Welmyradowanyň, Parahat Şyhymowyň, Annageldi Jülgäýewiň, Akmyrat Garyýewiň, ýaş sazandalar Altymyrat Pürmämmedowyň, Döwletmyrat Hudaýberenowyň we beýleki ussatlaryň uly hyzmatynyň bardygyny aýtmak gerek.

Türkmenistanyň ähli şäherleridir etraplaryndaky medeniýet öýlerinde, kärhanalarda, mekdeplerde, goşun bölümlerinde döredilen aýdym-saz, tans toparlary hem milli sungatymyzy ösdürmeklige we ony wagyz etmeklige mynasyp goşant goşýarlar. Şeýle döredijilik toparlarynyň ençemesi diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem halkara möçberinde uly meşhurlyk gazandy. Muňa mysal hökmünde «Serdara serpaý» atly aýdym-saz toparyny, Türkmenistanyň halk artisti Garold Neýmarkyň ýolbaşçylygyndaky skripkaçylar toparyny görkezmek bolar.

2010-njy ýylyň 24-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti Medeniýet ministrliginiň garamagynda çagalar çeperçilik we sungat mekdeplerini döretmek hakynda karar kabul etdi. Sungat mekdepleriniň öňem ençemesi bardy. Bu

karara laýyklykda hem goşmaça 33-si: Aşgabat şäherinde 2-si, Ahal welaýatynda 9-sy, Balkan welaýatynda 5-si, Daşoguz welaýatynda 4-si, Lebap welaýatynda 6-sy, Mary welaýatynda 7-si döredildi. Häzirki wagtda bu sungat mekdeplerinde çagalaryň 17,5 müňüsi çeperçilik we aýdym-saz sungatlary boýunça hünär öwrenýärler.

Teatr we kino sungaty pajarlap ösýär. Durgunlyk ýyllarynda teatr sungaty pese gaçyp, «bu sungat öz möwritini geçirdi» diýenlerem bolupdy. Emma ýurt garaşsyzlygy oňa hem «dirilik suwuny» berdi. Teatr sungatynyň işgärleri halkymyzyň taryhynyň we häzirki özbaşdaklyk döwrüniň möhüm wakalaryny görkezýän drama eserlerini ýazyp, olary sahnalaşdyrdylar.

«Gorkut ata» şadessany esasynda sahnada goýlan «Däli Domrul», 1879–1881-nji ýyllarda Gökdepe galasynyň gahrymançylykly goralyşyna bagyşlanan «Gala» spektakllary Magtymguly adyndaky halkara baýragyna mynasyp boldy. «Nejep oglan», «Babagammar», «Göroglynyň öýlenişi», «Harmandäli», «Alp Arslan» ýaly spektakllaryň sahnada goýulmagy hem teatrlaryň öz ýüzüni millilige tarap ymykly öwrendigini alamatlandyrdy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda teatr sungatynyň maddy binýady hem pugtalandyryldy. Aşgabatda Baş drama teatrynyň, Magtymguly adyndaky Milli sazly-drama teatrynyň, Alp Arslan adyndaky ýaşlar teatrynyň, Türkmen gurjak teatrynyň täze jaýlary bina edildi. Mollanepes adyndaky Talyplar teatrynyň jaýy döwrebaplaşdyryldy. Welaýat merkezlerinde teatrlaryň täze jaýlary guruldy.

Opera sungaty dikeldildi. Magtymguly adyndaky Milli sazly-drama teatrynyň sahnasynda «Leýli–Mežnun», «Zöhre–Tahyr», «Magtymguly» «Şasenem–Garyp», «Görogly» operalary goýuldy. Ol operalar Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragyna mynasyp boldy. Türkmenistanyň Simfoniki orkestri hem döredildi. Simfoniki orkestriň repertuary meşhur türkmen we dünýä kompozitorlarynyň eserleriniň hasabyna barha baýlaşýar. Aşgabatda Türkmen döwlet sirki dikeldildi (2010 ý.).



Kino sungaty hem öz ösüşiniň täze basgançagyna çykdy. 2001-nji ýylda «Türkmentelekinofilm» birleşigi döredildi. Bu birleşikde 30-a golaý film, şol sanda «Ogul», «Takdyr», «Ýandym», «Akpamyk», «Rowaýat» ýaly çeper filmler tomaşaçylaryň kino sungatyna bolan gyzyklanmasyny artdyrdy. M. Söýünhanowyň «Ajaýyp», I. Bekmiýewiň «Ýyldyzlar öçmeýär» atly çeper filmleri «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň baýragyna mynasyp boldy. «Ajaýyp» atly filmde halkymyzyň gadymdan gelýän asylly däp-dessurlara wepalydygy, beren sözüne ygrarlydygy, mertligi çeper keşpler arkaly açylyp görkezilýär. «Ýyldyzlar öçmeýär» atly filmde bolsa bedew atyň üsti bilen ene topraga, ata Watana söýgi beýan edilýär. Filmde esasy ündelýän pikir türkmeniň bedew atynyň, halysynyň, milli lybaslarynyň, şaý-sepleriniň edil ýyldyzlar ýaly hiç wagt öçmän, adamlaryň kalbynda milli buýsanç duýgusyny döredýändigini nygtamakdyr.

Türkmen kinoçylary tomaşaçylar tarapyndan gyzgyn garşylanan «Kemine», «Mollanepes», «Gadymy daglaryň rowaýaty» «Magtymguly» atly çeper filmleri, «Jenneti şaý-sepler», «Şuňkar guşum-laçynym» atly dokumental filmleri, «Ýartygulak» atly multifilmi, «Tapmaça» atly ilkinji türkmen kompýuter multfilmi hem döretdiler.

2007-nji ýylda Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» döredijilik birleşmesi döredildi Kino sungatynyň maddy binýady täzeden tutuldy. Aşgabatda «Watan», «Parahat» kinoteatrlary döwrebaplaşdyrylyp, kinokonsert merkezlerine öwrüldi. «Türkmenistan», «Aşgabat» täze kinokonsert merkezleri guruldy. Bu kaşaň tomaşa jaýlarynda kinofilmler yzygiderli görkezilip başlandy. Daşary ýurt kinofilmleriniň hepdeligini geçirmek hem däbe öwrüldi.

2008-nji ýylda Aşgabatda «Türkmenistan we dünýä kinematografiýasy» atly halkara kinofestiwaly geçirildi. Oňa dünýäniň 20 ýurdundan kinosungatynyň belli wekilleri gatnaşdylar. Festiwalda tomaşaçylara ençeme beýleki kinofestiwallarda baýrakly orunlara mynasyp bolan ýedi film görkezildi. Kinofestiwalda Russiýadan, Ukrainadan, Belarus Resbuplikasyndan we beýleki ýurtlardan gelen kinorežissýorlar, prodýuserler we artistler türkmen kärdeşleri bilen tejribe alyşdylar, hyzmatdaşlyk etmäge taýýardyklaryny aýtdylar.

Garaşsyzlyk şekillendiriliş we amaly-haşam sungatynyň ösüşine hem badalga berdi. Şekillendiriş sungatynyň ähli ugurlary: suratkeşlik, grafika, ylaýta-da heýkeltaraşlyk pajarlap ösýär. Bellemeli tarapy, Gündogaryň heýkeltaraşlyk däplerini Günbataryň iň gowy şekillendiriş usullary bilen utgaşdyrýan türkmen milli mekdebi kemala geldi. Heýkeltaraşlyk işleri ýurdumyzyň şäherlerinde, etraplarynda bina edilýän ajaýyp desgalaryň esasy bezegleriniň birine öwrüldi. Görnükli heýkeltaraşlar B. Annamyradow, S. Babaýew, J. Jumadurdyýew, A. Ataýew, Ý. Medetow, G. Gaýypberdiýew we başgalar türkmen taryhynyň belli şahsyýetleriniň, şeýle hem ýurdumyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşýan döwürdeşlerimiziň keşbini suratlandyrýan eserleriň uly tapgyryny döretdiler.

Aşgabatda Garaşsyzlyk binasynda türkmen taryhyndaky meşhur şahsyýetleriň ençemesiniň heýkelleri goýuldy. «Ene mähri», «Sungat monumenti», «Oguzhan» suw çüw-

dürimler toplumy atly heýkeltaraşlyk we binagärlik sungatynyň ajaýyp eserleri döredildi.

2010-njy ýylda Aşgabatda açylan «Ylham seýilgähi» bolsa ýörite bellemäge mynasypdyr. Bu ýöne bir seýilgäh däl, ol açyk asmanyň astynda döredilen giden bir ýadygärlikler galareýasydyr. Onda ýüzlerçe ýyl mundan ozal türkmen halkynyň adyny arşa göteren gerçekler bilen birlikde, XX asyryň şahyrdyr ýazyjylary bir suprada jemlenipdir: Abubekir asl Suly, Baýramhan, Mäne baba (Abu Sagit), Mahmyt Kaşgarly, Abu Ali ibn Sina (Awisenna), Al Sarahsy, Abu Reýhan Biruni, Nejmetdin Kubra, Mahmyt Zamahşary, Abu Nasyr al Faraby, Omar Haýýam, Ýunus Emre, Hoja Ahmet Ýasawy, Fizuly, Döwletmämmet Azady, Mollanepes, Nurmuhammet Andalyp, Mämmetweli Kemine, Seýitnazar Seýdi, Alyşir Nowaýy, Zelili, Mätäji, B. Kerbabaýew, A. Gowşudow, A. Kekilow, N. Saryhanow, B. Seýtäkow, K. Gurbannepesow, G. Seýitliýew, G. Ezizow we başgalar. Biri-birinden ajaýyp heýkeller. Olaryň ýanynda durdugyňça, göýä bir döwürler bu gerçekleriň gursaklarynda möwç uran watançylyk duýgusynyň joşguny kalbyňa ornan ýaly bolýar. Bu mukaddeslikleriň häzirki we geljekki nesillerde milli guwanç duýgusyny terbiýelemekde nähili ähmiýetiniň bardygy öz-özünden düşnüklidir.

2012 – 2014-nji ýyllarda Aşgabatda ýene bir uly ýadygärlikler toplumy guruldy. Toplumda «Baky ot» ýadygärligi, Matam tutýan mähriban enäniň, Ýer göterýän öküziň ýadygärligi ýerleşdirilip, geçmiş pederlerimiziň merdanalygy täze keşpde ebedileşdirildi. Toplumda muzeý hem bolup, onda 1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşy, 1948-nji ýylyň Aşgabat ýer titremesi barada gürrüň berýän eksponatlar goýlupdyr. Ýadygärlikler toplumynyň merkezine alyp barýan basgançaklaryň ugrundaky meýdançalar türkmen halylarynyň gölleriniň şekili bilen bezelipdir. Bu toplum üçin hem dürli görnüşdäki suw çüwdürimleri, bagy-bossanlyk, töweregi synlamak we dynç almak üçin döredilen

amatlyklar häsiýetlidir. Toplum ata-babalarymyzdan galan hakyda hatyrasyna gurlan heýkeltaraşlyk we binagärlik eseri bolup, ol nesilleriň pederlerimizi hatyralap gelýän mukaddes ýerine öwrülýär.

2014-nji ýylda paýtagtda Ýanardag bedewiniň heýkeli, «Ak şäherim Aşgabat» monumenti hem açyldy.





Nakgaşlyk sungatynda ylaýta-da taryhy tema bagyşlanan eserleri bellemelidir. Olardan Ş. Akmuhammedow Soltan Sanjaryň kümmeti, Astana Baba, Mäne baba – kümmetleri, Ç. Amangeldiýew Parfiýanyň taryhyna degişli suratlar toplumyny, beýik türkmen serkerdeleriniň suratlaryny, Ý. Baýramow «Görogly», «Ärsary baba», A. Muhammedow «Oguzhan ogullary bilen», «Seljuklar», «Ýüpek ýoly», A. Myratalyýew «Gadymy Merw», D. Akyýew «Oguzhan türkmen», «Daňdanakan söweşi» atly ilhalar eserleri döretdiler. Grafika sungatynyň ösüşi suratkeşler H. Atakgaýewiň, M. Gylyjowyň, G. Begjanowyň döredijiligi bilen baglanyşyklydyr. H. Atakgaýew türkmen milli manadynyň eskizini, N. Eýeberenow Türkmenistanyň ençeme döwlet sylaglarynyň eskizlerini döretdiler. Grafikaçy suratkeşler «Türkmen döwlet neşirýat

gullugy», «Ylym» we beýleki neşirýatlarda çap edilýän kitaplaryň grafiki bezeg işlerini hem ýerine ýetirýärler.

Amaly-haşam sungatynyň ösüşinde bu sungatyň 1-nji ählitürkmen festiwaly (1993 ý.) özboluşly sepgit boldy. Festiwal zergärleriň, halyçylaryň, keşdeçileriň, dutar-gyjak, ak öý, atyň eýer-esbaplaryny ýasaýan ussalaryň döredijilik joşgunyny oýardy. 1997-nji ýylda «Türmensyýahat» döwlet korporasiýasynyň ýanynda «Folkloryň, halk döredijiliginiň we senetçiliginiň milli merkezi» döredilip, okuw jaýlarynda milli senetler boýunça ýaş hünärmenleri taýýarlamak ýola goýuldy. Milli merkeziň başlangyjy bilen, amaly-haşam sungatynyň ussatlarynyň sergileri we satuw-ýarmarkalary geçirilip başlandy.

2001-nji ýylda Garaşsyzlyk binasynda Türkmenistanyň milli gymmatlyklarynyň muzeýi açyldy. Muzeýde türkmen zergärçilik önümleri, ýarag ussalarynyň sungaty, etnografiýa, arhelogiýa, bölümleri bolup, olarda degişli gymmatly eksponatlaryň uly toplumy saklanýar. Mysal üçin, zergärçilik bölüminde diňe bir geçen asyrlarda däl, häzirki döwürde ýasalan nepis altyn-kümüş şaý-sepleri saklanýar. Bu lowurdap duran dürli görnüşli şaý-sepler göreni haýran edýär. Etnografiýa bölümindäki zynatly milli lybaslar, elde dokalan haly we haly önümleri hem şeýle. Muzeýiň eksponatlary türkmen amaly-haşam sungatynyň biziň günlerimizde hem gülläp ösýändigini görkezýär.

Amaly-haşam sungaty tüýs halkyň ylhamyndan çykan ajaýyp sungatdyr. Onuň haýsy ugruny alsaň-da, juda köpöwüşginli hem kämil sungat derejesine ýetendigine göz ýetirýärsiň. Halyçylyk munuň has aýdyň mysalydyr. Türkmen halyçylary däp bolup gelýän nagyşlary, gölleri sazlaşykly dürli öwüşginli halylar bilen bir hatarda taryhy we häzirki döwrüň möhüm wakalaryny, şahsyýetlerini suratlandyrýan panno-halylary, portret halylary, dürli görnüşli haly torbalary (sumkalary), oturgyçdyr kreslo-diwanlar üçin haly örtgüleri, telefon halyçajyklaryny we başga-da köp

dürli haly önümlerini hem dokaýarlar. Olar Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda ululygy 193,5 inedördül metre barabar bolan Äpet halyny dokapdylar. 1992-nji ýylda bu haly «Türkmeniň kalby» diýen ady aldy we ony dokan ussat zenanlara Magtymguly adyndaky halkara baýragy berildi. Garaşsyzlyk ýyllarynda ondan hem uly «Türkmenbaşy», «Prezident», «XXI asyr – türkmeniň Altyn asyry» ýaly äpet halylaryň ençemesi dokaldy. Olar owadanlygy we ululygy boýunça Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.

Türkmen halyşynaslarynyň Bütindünýä jemgyýeti döredildi. Türkmen halysynyň ak mermere beslenen täze kaşaň muzeýi guruldy. Bu jemgyýet we muzeý hyzmatdaşlykda haly sungatynyň taryhyny öwrenmek, onuň ösüşine ýardam etmek we ony dünýä halklaryna ýaýmak boýunça uly iş alyp barýarlar. Türkmen halylarynyň Madridde, Gannowerde, Frankfurtda, Waşingtonda, Dubaýda, Jiddada, Bişkekde guralan halkara sergilerinde Baş baýraklara, altyn medallara mynasyp bolmagy, bu sungatyň dünýäde uly meşhurlyk gazanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.



*Soraglar we ýumuşlar*

1. Radioda ýa-da teleýaýlymda türkmen halk aýdymlary, sazlary ýaňlananda siz oňa düşünýärmisiňiz? Siz haýsy saz guralynda aýdym aýdyp ýa-da saz çalyp bilýärsiňiz?
2. Aýdym-saz sungatynyň ösmeginde «Türkmeniň Altyn asyry», «Ýaňlan, Diýarym!», «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» atly döredijilik bäsleşikleriniň ähmiýeti barada gürrüň beriň.
3. Siz soňky aýlarda teatra baryp ýa-da telewizor arkaly ýurduň teatrlarynyň haýsy spektakllaryna tomaşa etdiňiz? Şolaryň haýsy-da bolsa biri barada referat ýazyň.
4. Türkmen kinematografiýaçylary tarapyndan Garaşsyzlyk ýyllarynda döredilen kinofilmleriň haýsylary sizde has oňat täsir galdyrdy? Şolaryň biri hakynda gürrüň beriň.
5. Garaşsyzlyk döwründe döredilen heýkeltaraşlyk we binagärçilik sungatynyň has görnükli eserlerinden haýsylary bilýärsiňiz?
6. Siz «Ylham seýilgähine» baryp gördüňizmi? Gören bolsaňyz, ol ýerdäki ajaýyp heýkellerde şekillendirilen meşhur şahsyýetleriň biri ýa-da ikisi barada referat ýazyň.
7. Siziň obaňyzda (şäheriňizde) milli amaly-haşam sungatynyň ussatlaryndan ýaşaýanlary barmy? Siz olaryň ussahanasyna baryp, işleýişlerini synladyňyzmy? Bu barada gürrüň bermäge taýýarlanyň.

## §8. Medeniýetiň ösüşinde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ähmiýeti

Garaşsyzlyk gazanylmagy bilen, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işi hem düýpgöter özgerdi. Ozal gazet-žurnallar, radiodyr telewideniýe, kitap neşirleri kommunistik ideologiýanyň çelgilerinde sowet gurluşyny, onuň «ýagty geljek» baradaky howaýy ündewlerini wagyz edýärdiler. Özbaşdaklyk şertlerinde habar beriş serişdeleri Türkmen döwletini, onuň içeri we daşary syýasatyny, milli bähbitlerini wagyz etmäge gönükdirildi. Metbugat, radio we teleýaýlym ýurduň içinde we dünýäde bolup geçýän esasy wakalar bilen halk köpçüligini günübirin habardar etmek, berilýän maglumatlaryň dogruçyl bolmagy ugrunda iş alyp barýarlar. Jemgyýetiň agzalaryny watançylyk, zäh-

metsöýerlik, ynsanperwerlik, beýleki halklar bilen dostluk we hyzmatdaşlyk ruhunda terbiýelemek, türkmen halkynyň adamzat medeniýetine geçmişde goşan we häzirki döwürde goşýan goşandy bilen dünýä jemgyýetçiligini tanyşdyrmak hem olaryň jana-jan borjudyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda habar beriş serişdeleriniň maddy binýady pugtalandyryldy, hukuk mümkinçilikleri giňeldildi. 1997-nji ýylda Türkmenmetbugat önümçilik birleşigi döredildi. Birleşikde kompýuter merkezi bolup, häzirkizaman kompýuterleri satyn alyndy. Kompýuterlere hyzmat eder ýaly inžener-tehniki işgärler we kompýuter maksatnamalaryny düzüjiler taýýarlanyldy.

Kompýuter merkeziniň işläp başlamagy bilen, merkezi gazet-žurnallaryň ählisi kompýuterlerde ýygylyp, çykarylyp başlandy. Merkezi metbugat bilen birlikde welaýat gazetleri hem ofset usulynda çykarylyp başlandy. Şondan ozal žurnallar köplenç birnäçe aýlap gijikdirilip çykarylýardy. 1998-nji ýyldan başlap, olaryň wagtynda çapdan çykmagy üpjün edilýär.

«Türkmenistan» gazeti milli metbugatymyzyň kerwenbaşysy hasaplanýar. Ol 1920-nji ýylda esaslandyrylyp, öňki döwürde «Sowet Türkmenistany» ady bilen çykýardy. Häzirki rus dilinde neşir edilýän «Нейтральный Туркменистан» gazeti 1995-nji ýylyň dekabryna çenli «Туркменская искра» diýlip atlandyrylýardy. Bu gazetlerde Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyny wagyz edýän makalalar, habarlar, seslenmeler yzygiderli çap edilýär.

Milli metbugatda ilatyň ähli gatlaklaryna niýetlenen «Watan», ýaşlar üçin «Nesil» gazetleriniň hem mynasyp orny bar. 1992-nji ýylda çykyp başlan bu gazetler ýurdumyzda bolup geçýän düýpli özgerişlikler, dünýä wakalary bilen sada, düşnükli dilde öz okyjylaryny yzygiderli tanyşdyrýarlar «Esger» (1993 ý.), «Türkmen sporty» (1995 ý.), «Galkynyş», «Adalat» (1997 ý.), «Türkmen dili» (2000 ý.) gazetleri neşir edilip başlandy. Bu gazetleriň sahypalarynda

degişli suratda esgerleriň durmuşy, bedenterbiýe we sport, jemgyýetçilik-syýasy durmuş, milli kanunçylygyň, türkmen diliniň ösüşi baradaky makalalar ýerleşdirilýär.

Irki döwürden bäri çap edilip gelinýän «Mugallymlar gazetinde» orta mekdeplerde okuwçylara bilim we terbiýe berlişi barada makalalar, dersler boýunça maksatnamalar, usulyýet sapaklary, «Edebiýat we sungat» hepdeliginde bolsa edebiýata we sungata degişli synlar, goşgular, hekaýalar, geçen halypalara degişli ýatlama sahypalary çap edilýär.

Türkmenistanyň welaýatlarynda çap edilýän «Balkan» (Balkanabat), «Ahal durmuşy» (Aşgabat), «Daşoguz habarlary» (Daşoguz), «Türkmen gündogary», (Türkmenabat), «Maru-şahu-jahan» (Mary) welaýat gazetleri we paýtagtda çykarylýan «Aşgabat» gazeti ýurtda, welaýatlarda we paýtagtda bolup geçýän möhüm wakalar bilen ilaty tanyşdyrýarlar.

Ilat arasynda saglygy, arassaçylygy wagyz etmek maksady bilen, 1990-njy ýylda «Saglyk» žurnaly çykarylyp başlandy. «Owadan» žurnalynyň hem ilkinji sany şol ýyl çykypdy. Soňra onuň ady üýtgedilip, häzir «Zenan kalby» ady bilen çykýar. Žurnalda aýal-gyzlaryň durmuşy, egin-eşikleriniň biçilişi, tikilişi, şaý-sepleri barada gyzykly makalalar çap edilýär.

«Garagum» (ozalky «Sowet edebiýaty») we «Diýar» (1992-nji ýylda çykyp başlady) žurnallarynyň sahypalarynda Türkmenistanda milli medeniýeti, çeper edebiýatyň we sungatyň pajarlap ösüşine bagyşlanan makalalar bilen birlikde, dünýä medeniýetiniň gymmatlyklary baradaky maglumatlar uly orun tutýar.

1998-nji ýylda «Demokratiýa we hukuk» žurnalynyň, 2000-nji ýylda «Miras» žurnalynyň ilkinji sanlary çapdan çykdy. Türkmen, iňlis, rus dillerinde neşir edilýän bu žurnallarda ýurtda demokratiýanyň ösüşi we hukuk meseleleri, edebi-taryhy mirasyň toplanylyşy, öwrenilişi we ile ýaýlyşy barada makalalar çap edilýär. Häzirki wagtda bu

žurnallaryň has möhüm materiallary internet ulgamyna hem berilýär.

Elbetde häzirki döwür dünýäniň habar beriş serişdeleriniň örän çalt kämilleşýän döwri. Ol milli habar beriş serişdelerinden hem döwür bilen aýakdaş gitmegi talap edýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow medeniýet ulgamynyň, habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary bilen geçiren maslahatynda (2008 ý.) bu barada şeýle diýdi: «Bize öňde duran wezipelere çuň düşünýän, dünýä tejribesinden habarly, türkmeniň milli aýratynlyklaryna gowy düşünýän, täzeçe pikirlenýän ideologiýa işgärleri gerek. Häzirki döwürde biziň milli senagatymyz täze derejelere göterilýär, dürli maksatly täze-täze binalary gurmak işleri ulgamlaýyn alnyp barylýar. Oba hojalyk, ylym, bilim, medeniýet ulgamlary çuň özgerişlikleriň beýik pursatlaryny başdan geçirýärler. Bu ägirt uly maksatlarymyz barada gürrüň berýän güýçli syýasatçy, ykdysadyýetçi žurnalistleriň toparlaryny döretmek we olaryň netijeli işlemegini ýola goýmak gerek... Gazetlerde sünnälenen gazet dilini, žurnallarda publistik dili, ýazyjylaryň eserlerinde şireli çeper halk dilini görmek isleýäsiň. Emma gazetlerde-de, žurnallarda-da, käbir ýazyjylaryň soňky döwürde ýazýan eserlerinde-de diliň çeperçilik derejesine bildirilýän talap düýbünden ýitip gitdi. Azyndan segsen müň söz gory bolan türkmen diliniň barlygyndan häzirki wagtda döredijiligiňizde bary-ýogy 200-300-e golaý sözi ulanýarsyňyz. Ondan aňryk geçmek hakynda bolsa pikir hem edeňzok.»[1]

Döwlet baştutanymyzyň tankydy belliklerinden netije çykaryldy. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň, ýokary okuw mekdepleriniň görnükli alymlaryndan ýörite toparlar düzülip, olar habar beriş serişdelerinde yzygiderli çykyş edýärler. Gazet-žurnal makalalarynyň, radio-te-

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 2 t. – Aşgabat, 2009 – 39, 45 s.

leýaýlymdaky çykyşlaryň dili hem kem-kemden gowulaşýar. Bu işe neşir edilip başlanan täze «Dünýä edebiýaty» (2011 ý.), «Syýasat we jemgyýet» (2014 ý.) atly žurnallaryň oňaýly täsir edýändigini bellemelidir. «Dünýä edebiýatynda» Gündogaryň we Günbataryň beýik söz ussatlarynyň romanlary, powestleri, hekaýalary türkmen diline geçirilip, okyjylara hödürlenilýär. Žurnal öz okyjylaryny Ý. Bertelsiň «Türkmen halkynyň edebi geçmişi (Iň gadymy döwürlerden XVIII asyra çenli)», W. Uspenskiniň, W. Belýaýewiň «Türkmen sazy» (iki tomluk) atly türkmen taryhy üçin örän gymmatly işleri bilen tanyşdyrdy. «Syýasat we jemgyýet» žurnalynda Türkmenistanyň Prezidentiniň resminamalary, döwleti dolandyrmaklygyň ideýa-syýasy esaslary, türkmen jemgyýetiniň ruhy-ahlak taýdan täzelenişi we käbir beýleki meseleler barada makalalar çap edilýär.

Türkmenistanda amala aşyrylýan düýpli durmuş-ykdysady özgertmeler bilen ilaty we daşary ýurtly okyjylary tanyşdyrmakda «Türkmen Pres» habarlar agentligi uly hyzmat görkezdi. 2000-nji ýyldan başlap, bu agentlik «Türkmen döwlet habarlar gullugy» diýip atlandyrylýar. Habarlar gullugy türkmen, iňlis, rus dillerinde «Türkmenistanyň täzelikleri» diýen hepdeligi yzygiderligi neşir edýär. «Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary» hem neşir edilýär. Aýda iki gezek çykarylýan bu neşir Prezidentiň gündelik işleri (kabul edişlikleri, çykyşlary, Permanlary, kararlary we ş.m.) barada özboluşly hronika öwrüldi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda 22 žurnal we 26 gazet neşir edilýär. Olar ýurduň halk hojalygynyň pudaklarynda, jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda bolup geçýän düýpli özgerişlikler, dünýä wakalary bilen ilaty tanyşdyrýarlar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden radio we teleýaýlymlara aýratyn orun degişlidir. Olaryň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmaga, işini kämilleşdirmäge uly üns berilýär. 1996-njy ýylda fransuz «TF-1» telegepleşikler edarasy bilen ylalaşyk baglaşylyp, Türkmen teleýaýlymynyň

iki studiýasy döwrebaplaşdyryldy. Häzirkizaman telewizion enjamlarynda işlemek üçin ýerli hünärmenler taýýarlanyldy. 2001–2004-nji ýyllarda Ýaponiýanyň «Panosonik», «Ji-Wi-Si», «Sony» kompaniýalary bilen bilelikde teleradio eşitdirişleriň guralmagyna sifrli tilsimatlar, teleeşitdirişi dolandyrmaga bolsa awtomatlaşdyrylan ulgam ornaşdyryldy. Bu çäreleriň netijesinde telewizion şekiliň we sesiň tehniki ölçegleri gowulandy, teleradio ýaýlymlaryň sany köpeldi.

Radioda üç ýaýlym («Çar tarapdan», «Watan», «Miras»), teleýaýlymda 4 ýaýlym («Altyn asyr», «Ýaşlyk», «Miras», «Türkmenistan-4») işläp, «Türkmenistan-4» teleýaýlymynda ýurtda gazanylýan üstünlikler barada daşary ýurtly tomaşaçylara 7 dilde gepleşikler berlip başlandy.

2011-nji ýylyň oktýabrynda «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkezi açyldy. Iň kämil tehniki enjamlar bilen üpjün edilen bu merkezde teleradio žurnalistleriň döredijilikli işlemekleri, ýokary hilli gepleşikleri taýýarlamaklary üçin ähli şertler döredildi. Häzirki wagtda «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkezinden teleýaýlymlaryň 7-siniň (öňküler we täze «Türkmen owazy», «Türkmen sporty», «Aşgabat»), radioýaýlymlaryň 4-siniň (öňküler we täze «Owaz») gepleşikleri ýaýlyma berilýär.



Garaşsyzlyk ýyllarynda neşir işini gowulandyrmak boýunça hem çäreler görüldi. «Türkmenistanda neşir işini kämilleşdirmek hakyndaky» (1994 ý.) karara laýyklykda, neşir önümlerini çap etmäge döwlet edaralaryna, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, kärhanalara, edaralara, guramalara, döredijilik birleşmelerine, dini we beýleki birleşiklere hukuk berildi. Şonuň bilen birlikde, neşir işini her hili jenaýatçylykly işler üçin ulanmak gadagandyr, husus anda, döwlet syrlaryny aýan etmek, urşy, zorlugy, jynsy, milli ýa-da dini aýratynlygy wagyz etmek ýol berilmesiz ýagdaýlardyr.

Türkmenistanda kitap neşiri bilen birnäçe neşirýat meşgullanýar. Kitaplaryň köpüsi «Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan» çapdan çykarylýar. 2010-njy ýylda onda çeper edebiýat boýunça 81 eser, okuw kitaplarynyň we gollanmalarynyň 130-sy çap edilen bolsa, 2013-nji ýylda bu görkezijiler 1,4 esse ýokary boldy. Häzir Aşgabatda täze Metbugat öýi gurulýar. Onuň işe girizilmegi bilen, neşir işiniň hil taýdanam, mukdar taýdanam gowulanjakdygy düşnüklidir.

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Garaşsyzlyk ýyllarynda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini düýpli özgertmeli boldy. Siz oňa nähili düşünýärsiňiz?
2. Ýurtda halk hojalygynyň her pudagy boýunça diýen ýaly täze gazet-žurnallar çykarylýar. Olar barada siz näme aýdyp bilersiňiz?
3. Siziň maşgalaňyz haýsy gazet-žurnallara abuna ýazylýar? Siz olary okaýarsyňyzmy? Bu barada gürrüň beriň.
4. Siz türkmen teleýaýlymynyň haýsy ýaýlymlaryna yzygiderli tomaşa edýärsiňiz? Olarda berilýän gepleşikler göwnüňizden turýarmy? Bu barada referat ýazyň.
5. Siz türkmen radiosynyň haýsy ýaýlymlaryny diňleýärsiňiz? Soňky günlerde diňlän iň gyzykly radiogepleşigiňiz barada gürrüň beriň.
6. Okuw kitaplarynyň neşir edilişiniň hili, bezegi ýyl-ýyldan gowulanýar. Siz öz okuw kitaplaryňyzy synlaýarsyňyzmy? Olaryň köne okuw kitaplaryndan tapawutlanýan taraplary barada gürrüň bermäge taýýarlanyň.

# III BAP.
## BILIM WE YLYM ULGAMLARYNDA ÖZGERIŞLER

### §9. Täze bilim syýasaty

Türkmen döwletinde bilim ulgamy hem düýpli özgerýär. Dogrusy, sowet döwründe-de bilime üns berilýärdi. Ýaşlar hökmany suratda umumy orta bilimi alýardylar. 30-dan gowrak tehnikumdyr uçilişelerde, Türkmen döwlet uniwersitetinde, politehniki, medisina, oba hojalyk, mugallymçylyk institutlarynda ýörite orta we ýokary bilimli hünärmenleriň müňlerçesi taýýarlanylýardy. Emma olar sowet gurluşyna ygrarlylyk ruhunda bilim alýardylar. Orta mekdepleriň we ýokary okuw jaýlarynyň okuw maksatnamalary ýaşlary Türkmenistanyň öz durmuşy bilen tanyşdyrmagy, ol barada düýpli bilim bermegi göz öňünde tutmaýardy. Mysal üçin, dünýäniň iň gadymy halklarynyň biri bolan, geçmişde ençeme döwletleri döredip, adamzat progresine uly goşant goşan türkmen halkynyň taryhyna berilýän sagat kolhoz gurluşyna berilýän sagatdan hem ep-esli azdy.

Garaşsyzlyk bilim ulgamyny düýpli özgertmäge mümkinçilik berdi. 1993-nji ýylyň 3-nji maýynda ýurtda täze bilim syýasaty yglan edildi. Bu syýasat türkmen halkynyň milli ruhuna, medeniýetine laýyk gelýän, şol bir wagtyň özünde bolsa bilim öwretmek işini dünýäniň ösen, iň siwilizasiýalaşan döwletlerindäki derejä ýetirmäge ukyply bolan bilim ulgamyny döretmäge gönükdirilendir. Täze bilim syýasatyny durmuşa geçirmekde «Türkmenistanda bilim

hakyndaky» (1993 ý.) kanunyň möhüm ähmiýeti boldy. Onda bilim ulgamynyň kesgitlenen esasy ýörelgeleri: döwletiň bilim beriş hyzmatynyň her bir raýat üçin elýeterliligi; döwletiň bilim berýän edaralarynda bilimiň dünýewi häsiýetlidigi we mugtdygy; bilimiň milli taryh, milli medeniýet hem milli däp-dessurlar bilen aýrylmaz baglanyşyklydygy; bilimiň häzirkizaman ylmy we önümçilik bilen utgaşdyrylýandygy; beýleki ýurtlaryň bilim ulgamynyň toplan oňyn tejribesini nazara alýandygy ýaly möhüm düzgünlerden ybaratdyr.

Täze bilim syýasatyna laýyklykda ýaşlar üçin orta bilim almaklyk iki tapgyra bölündi. Olaryň birinjisi «Sowat» maksatnamasy 4 ýyllyk, ikinjisi «Bilim» maksatnamasy hem 5 ýyllyk bolup, öňki 10 ýyllyk mekdepler 9 ýyllyk möhlete geçirildi. «Sowat» maksatnamasynyň esasy wezipesi okuwçylara ýazmagy, okamagy, hasaby, edep, sözleýiş medeniýetini öwretmekden ybarat boldy. Şulary özleşdiren her bir oglan, gyz ýörite synagdan geçenden soň, «Bilim» maksatnamasyny öwrendi.

1997-nji ýylda Türkmenistanyň Milli bilim instituty döredildi. Orta mekdeplerde öwrenilýän dersler boýunça okuw kitaplary we gollanmalary ilkinji gezek ýerli hünärmenler tarapyndan taýýarlanyldy. «Edep», «Saglyk» ýaly täze dersler okadylyp başlandy. Türkmen dilindäki mekdeplerde sapaklary türkmen elipbiýi esasynda okatmaga geçildi. Türkmen diliniň döwlet diline öwrülmegi onuň jemgyýetçilik ähmiýetini ýokary göterdi. Türkmen dili bilen bir hatarda, ýaşlara iňlis, rus we beýleki dilleri öwretmeklige üns güýçlendi. Aşgabatda, welaýat merkezlerinde daşary ýurt dillerini öwredýän merkezler açyldy. Amerikan, nemes, fransuz, türk dil merkezleri şol ýurtlaryň Türkmenistandaky ilçihanalary bilen bilelikde döredildi. Paýtagtda we welaýatlarda aýratyn zehinli ýaşlaryň mekdep-internatlary açylyp, olarda esasy üç ugur: fizika-matematika, himiýa-biologiýa we gumanitar ugurlar boýunça bilim bermek ýola goýuldy.

Bilim ulgamynda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak işi giň gerim aldy. Ýokary okuwyň gurluşy, mazmuny

düýpgöter üýtgäp, özbaşdaklyk şertlerinde ýurduň öňünde duran wezipeleri çözmäge ýardam etjek ugra gönükdirildi. Ýokary okuw mekdepleriniň (ÝOM) maksatnamalary we meýilnamalary täzeden düzüldi. Täze ÝOM-lar, şol sanda Aşgabatda Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk, Türkmen döwlet medeniýet institutlary, Türkmen milli konserwatoriýasy (1992 ý.), Türkmen döwlet çeperçilik akademiýasy, Harby instituty (1993 ý.), Halkara türkmen-türk uniwersiteti (1994 ý.), Polisiýa akademiýasy (1998 ý.) açyldy. 1992-nji ýylda Maryda açylan Ýokary tehniki kollej 1997-nji ýylda Döwlet energetika institutyna öwrüldi. Rus dili we edebiýaty mugallymçylyk instituty Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen döwlet dünýä dilleri institutyna öwrüldi. Institutda arap, pars, iňlis, rus, nemes, fransuz, hytaý, ýapon we başga-da käbir diller boýunça ýokary bilimli hünärmenler taýýarlanyp başlandy. Magtymguly adyndaky TDU-da üç sany täze fakultet: gündogary öwreniş (ol soňra taryh fakultetine goşuldy), ylahyýet, halkara biznesi we menežmenti fakultetleri açyldy. Türkmen halk hojalyk institutynda bazar ykdysadyýeti şertlerinde işläp biljek menejerleri, marketologlary, bank işgärlerini taýýarlamak ýola goýuldy.

2007-nji ýylyň 4-nji martynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Bilim terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda» karar kabul etdi. Karara laýyklykda, bilim ulgamyndaky (orta mekdeplerde we ÝOM-de) öňki okuw möhletleri dikedildi. Ähli görnüşdäki orta, hünärment we orta hünärmen mekdeplerinde mugallymlaryň iş ýüki hepdede 24 sagat möçberde bellendi. Orta mekdeplerde synplaryň dolulygynyň ortaça sany 25 okuwçydan ybarat diýlip kesgitlenildi. Okuwçylaryň sany 1-3-nji synpldarda 30-dan, 4–10-njy synplarda 34-den köp bolanda ugurdaş synplary açmaga rugsat berildi. Medeni çäklerden uzakda ýerleşýän obalarda, demirýol menzillerinde ýaşaýan we başlangyç bilim alan çagalaryň ýokary synplarda okuwlaryny dowam etdirmegi üçin welaýatynda mekdep-

-internatlary açyldy. Ýaşlaryň sagdyn bolmagy, jemgyýetiň ösüş kanunlaryny, hukuk, ahlak, ykdysady, syýasy ekologiýa medeniýetini öwrenmegi üçin okuw meýilnamasyna jemgyýeti öwreniş we bedenterbiýe sapaklary girizildi.

Bilim ulgamyndaky bu özgerişlikleriň hukuk kadalary «Bilim hakyndaky» (2009 ý.) kanunda öz beýanyny tapdy. Kanunda ýaşlaryň hünär saýlap almaklaryna we durmuşda öz ornuny tapmaklaryna örän uly ähmiýet berilýär. Halk hojalygy üçin hünärmenleri taýýarlamak işi giň gerim alýar. Kanuna laýyklykda, hünärment ussatlygynyň birnäçe basgançagy bar. Olar umumy başlangyç, orta, ýörite orta we ýokary mekdeplere dahylsyz basgançaklardyr. Başlangyç hünär mekdepleri (kurslary) umumy orta bilimiň esasynda hünärmentleri taýýarlaýar. Olarda okuwyň möhleti 3 aýdan 1,5 ýyla çenlidir. Bu mekdepleriň ulgamy iň köpçülikleýin ulgamdyr. Onda ýurduň hünär bilim ulgamynda okaýanlaryň 60%-e golaýy jemlenendir. Başlangyç hünär mekdepleri her bir ýaş ýigidiň we gyzyň ilkinji hünäri almagy üçin örän amatly, bäsleşiksiz ýoldur. Onda hünär öwrenenler ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda zähmet çekýärler.

2010-njy ýylyň maýynda halk hojalygyny hünär ussatlygy ýeterlik bolan hünärmentler bilen üpjün etmek üçin başlangyç hünär mekdepleriniň 7-sinde orta hünär mekdepleri döredildi. Has takygy, Aşgabatda gurluşyk, energetika; Balkanabatda nebit, Maryda nebit-gaz; Türkmenabatda, Daşoguzda, Baýramalyda agrosenagat orta hünär mekdepleri işläp başlady. Soňra Aşgabatda maliýe-ykdysady, mehaniki-tehnologiki, agrosenagat, syýahatçylyk, Balkanabatda agrosenagat orta mekdepleri açyldy. Orta hünär mekdeplerinde okuwyň möhleti 2–2,5 ýyla barabardyr.

Aşgabatda howa uçarlarynyň işgärlerini taýýarlaýan mekdep, ýöriteleşdirilen bank mekdebi hem işläp başlady. Bulardan başga-da, paýtagtda lukmançylyk orta hünär, mugallymçylyk mekdepleri, Balkanabatda we Türkmenabatda lukmançylyk orta hünär, Maryda we Daşoguzda lukmançy-

lyk orta hünär hem-de mugallymçylyk mekdepleri işleýär. Eger-de 2006-njy ýylda ýurtda orta hünär mekdepleriniň 16-sy bolan bolsa, onda häzirki wagtda olaryň 37-si işleýär. 2013–2014-nji okuw ýylynda orta hünär mekdeplerine 6,5 müňden gowrak okuwçy kabul edildi.

Görnüşi ýaly, orta hünär okuw mekdepleri bilim ulgamynyň esasy ugurlarynyň birine öwrülýär. Onda halk hojalygynyň ähli pudaklary üçin taýýarlanýan hünärli ýaşlaryň sany barha artýar. Türkmen döwleti has zehinli ýaşlaryň bilim almagy üçin hem alada edýär. Häzirki wagtda ýurtda zehinli ýaşlar mekdepleriniň 100-e golaýy işleýär. Olaryň aglaba köpüsi sazçylyk, esli bölegem çeperçilik mekdepleridir. Bu mekdeplerde çagalaryň 5,5 müňe golaýy sazçylyk we çeperçilik hünärlerini öwrenýärler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 5-nji fewralynda kabul eden karary esasynda ýurduň ýokary okuw mekdepleriniň düzümi tassyklanyldy. ÝOM-de täze fakultetleriň 7-si, kafedralaryň 48-si açyldy. Türkmen oba hojalyk instituty Türkmen oba hojalyk uniwersitetine, Türkmen döwlet medisina instituty Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetine, Türkmen döwlet nebit-gaz instituty Halkara nebit-gaz uniwersitetine öwrüldi. Öňki Türkmen halk hojalyk institutyna indi Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty diýilýär. Täze ÝOM-lar: Halkara gatnaşyklary instituty, Türkmen döwlet maliýe instituty, Türkmen döwlet binagärlik we gurluşyk instituty, Türkmen milli sport we syýahatçylyk instituty, Harby-deňiz instituty, Serhet instituty, Türkmen oba hojalyk instituty (Daşoguz ş.) açyldy. Soňky ýyllarda ÝOM-yň aglabasy özleri üçin ýörite gurlan, iň täze enjamlar bilen üpjün edilen kaşaň binalara göçüp bardylar. 2013–2014-nji okuw ýylynda ÝOM-lara 6100 talyp ýa-da öňki ýyllardakydan ep-esli köp talyp kabul edildi. 2014–2015-nji okuw ýylynda Aşgabatda ähli dersleri iňlis dilinde geçilýän Halkara uniwersiteti hem öz talyplarynyň ilkinji tapgyryny kabul etdi.



**Halkara nebit-gaz uniwersiteti**

Häzirki wagtda Türkmenistanda 6 uniwersitet, 20-den köpräk institutlar işleýär. Olarda ýaşlar ýüzlerçe hünärler boýunça ýokary bilim alýarlar. Türkmen ýaşlarynyň müňlerçesi Russiýa Federasiýasynyň, Belarus Respublikasynyň, Türkiýäniň, Hytaýyň, Malaýziýanyň we käbir beýleki ýurtlaryň ýörite orta we ýokary okuw jaýlarynda okaýarlar.

2013-nji ýylyň martynda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky» Permana we degişli karara gol çekdi. Bu resminamalarda orta mekdeplerde 12 ýyllyk umumy orta bilime geçmekligiň Konsepsiýasy beýan edilýär. Ol döwrüň ösen talaplaryny ödeýän, halkara ülňülerine laýyk gelýän has çeýe we netijeli bilim ulgamyny döretmek wezipesini öňde goýýar. Maksat öňdebaryjy dünýä tejribesine hem-de halk pedagogikasynyň baý mirasyna daýanýan, zehinli çagalary ýüze çykarmaga ukyply we olarda başarjaňlygy terbiýeleýän, soňra bolsa olary ýurtda amala aşyrylýan ägirt uly işleri dowam etdirýän ýokary bilimli hünärmenler edip ýetişdirýän kämil bilim ulgamyny döretmekdir.

Konsepsiýa laýyklykda, Türkmenistanda 2013–2014-nji okuw ýylynda ählumumy 12 ýyllyk orta bilime geçildi. Okuw meýilnamalary we maksatnamalary täzeden düzüldi we tassyklanyldy. Şunda dünýä tejribesi we milli pedagogika mekdebiniň gazananlary göz öňünde tutuldy. Mekdepleriň ýolbaşçylary we mugallymlary bilen täze maksatnamalar boýunça okuw-usulyýet kurslary we seminarlary geçildi.

Orta mekdepleriň okuw meýilnamasyna täze dersler: ykdysadyýetiň esaslary; ekologiýa; Türkmenistanyň medeni mirasy; dünýä medeniýeti; özüňi alyp barmagyň medeniýeti; informasiýa-kommunikasiýa we innowasion tehnologiýalary; modelirleme we grafika dersleri girizildi.

Indi çagalar mekdebe 6 ýaşda gatnap başlaýarlar. Oglanjyklar we gyzjagazlar gyzyklanyp okar ýaly, oňat bezelen okuw kitaplary, okuw gollanmalary, iş depderleri taýýarlanyldy. Olaryň ýaş aýratynlyklary nazarda tutulyp, synp otaglary degişli enjamlar bilen üpjün edildi. 1-nji synpyň okuwçylary üçin, ýokary synplardan tapawutlylykda, gysga okuw sagady (35 minut) bellenildi. Olar hepdede 21 sagat okaýarlar.

Her ýylyň 1-nji sentýabrynda okuwçy we talyp ýaşlar üçin Bilimler güni bellenilýär. Şol gün mekdebe ýaňy aýak basan 6 ýaşly oglanjyklara we gyzjagazlara Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan ýörite maksatnamalar bilen üpjün edilen noutbuk (kompýuter) sowgat berilýär. Bu ajaýyp sowgatlar çagajyklaryň okuwa höwesini artdyrýar, olar mekdep durmuşy bilen tiz öwrenişýärler.

Bilim ulgamynyň maddy binýady täzelenýär. Ýokary okuw mekdeplerinde bolşy ýaly, ýörite orta we orta mekdepleriň gurluşygy hem giň möçberde alnyp barylýar. Diňe bir 2013-nji ýylda şäherlerde we obalarda 79 sany umumy orta bilim we sport mekdepleri, 46 sany çagalar bagy, 7 sany çagalar sagaldyş merkezleri ulanylmaga berildi. Bu täze kysymly edaralar özboluşly sagaldyş we bilim toplumlarydyr. Olarda kitaphana, internet otaglary, mejlis zallary

işleýär. Beýleki orta mekdeplerde hem kompýuter otaglary döredildi, interaktiw okuwlar we multimediýa tehnologiýalary barha giň ornaşdylýar. 2020-nji ýyla çenli ýurduň ähli mekdeplerini täze kysymly binalara geçirmek bellenilýär. Türkmen taryhynda ilkinji gezek halkyň ýaş nesliniň beden we aň-düşünje taýdan sagdyn kemala gelmegi üçin pugta maddy binýat döredilýär. Munuň özi, Garaşsyzlygyň beren örän datly miweleriniň biridir.



Türkmenistanyň bilim edaralary daşary ýurtlaryň ugurdaş edaralary bilen aragatnaşyk saklaýarlar. Daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky we Türkmenistanyň şol ýurtlardaky ilçihanalary bu işe ýardam edýärler. Ilçihanalaryň kömegi bilen, ýokary okuw we orta mekdepleriň kitaphanalary daşary ýurt dillerini öwrenmek boýunça sözlükleri, okuw kitaplaryny, gollanmalaryny, audio we wideomateriallary alýarlar. Häzir türkmen ýaşlary dünýä halklarynyň 11-siniň (iňlis, nemes, fransuz, rus, arap, pars, hindi, türk, hytaý, koreý, ýapon) dilini öwrenýärler. Daşary ýurtlarda hem türkmen diline gyzyklanma artýandygy guwançlydyr. Maglumatlara görä, häzirki wagtda türkmen dilini öwren-

mek boýunça ABŞ, Russiýa Federasiýasy, Hytaý, Türkiýe, Hindistan, Ermenistan, Azerbaýjan, Täjigistan, Özbegistan ýaly ýurtlarda sapaklar geçilýär.

Türkmen ýaşlary halkara bäsleşiklere, olimpiadalara işeňňir gatnaşýarlar. 2013-nji ýylda türkmen mekdep okuwçylary himiýa, fizika, matematika boýunça Bütindünýä olimpiadasyna, tebigat, gumanitar, amaly-haşam ylymlary boýunça Halkara Mendeleýew olimpiadasyna, ençeme bäsleşiklere gatnaşdylar. Olar ylymlaryň dürli ugurlary boýunça bäsleşiklerde we olimpiadalarda 126 medala, şol sanda 20 altyn we 31 kümüş medala mynasyp boldular.

Ata-babalarymyz «Bilegi ýogyn birini ýykar, bilimi bolan ýüzüni» diýipdirler. Bu tüýs şu döwür üçin aýdylan ýalydyr. Bu barada Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle diýýär: Häzirki döwürde bilim ulgamyny giň möçberde özgertmek maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi örän möhüm wezipeleriň biridir. Bu ulgamyň ösdürilmegi biziň ýurdumyzyň geljegini kesgitleýän, jemgyýetimizi sosial-ykdysady, ruhy we medeni taýdan ösdürmegiň zerur şertleriniň biridir. Bilim ulgamynyň esasynda dünýäniň öňde baryjy tejribesi, ruhy gymmatlyklary, halkymyzyň milli däp-dessurlary, baý taryhy-medeni mirasy durmalydyr. Şundan ugur alyp, bilim-ylym babatda dünýä derejesine çykarmak, ýaşlaryň dünýä garaýşyny giňeltmek we sazlaşykly ösdürmek, ýaş alymlary we ähli pudaklar üçin ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak baradaky möhüm wezipäni çözmek gerek.[1]

***Soraglar we ýumuşlar***

1. Sowet döwründe orta mekdeplerde we ÝOM-da Türkmenistanyň taryhyna, ruhy-medeni mirasyna juda ujypsyz orun berilýärdi. Siz oňa nähili düşünýärsiňiz?
2. «Täze bilim» syýasaty haçan yglan edildi? Onuň esasy ýörelgeleri hakda siz näme aýdyp bilersiňiz?

[1] «Türkmenistan» gazeti, 2014, 17-nji ýanwar.

3. 2007-nji ýylyň martynda «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky» karar kabul edilenden soň orta mekdeplerdäki özgerişlikler barada referat ýazyň.
4. 2013-nji ýylyň martynda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan Türkmenistanda 12 ýyllyk umumy orta bilime geçmek barada Konsepsiýa öňe sürüldi. Konsepsiýa laýyklykda, bilim ulgamy düýpli özgerýär. Bu barada gürrüň bermäge taýýarlanyň.

## §10. Ylym ulgamynda özgerişler

1992-nji ýylda «Döwletiň ylmy-tehniki syýasaty hakyndaky» kanun kabul edildi. Kanunda ylmy-barlag işlerini bazar ykdysadyýetiniň talaplary bilen baglanyşdyrmak, bu babatda ylmy-tehniki telekeçiligi ösdürmek bellenilýär. Ylmy işgärlere, inženerlere, oýlap tapyjylara we ylmy-tehniki hünärmenlere ylmy barlaglary geçirmäge we olaryň netijesini durmuşa ornaşdyrmak üçin öz hususy kärhanalaryny we guramalaryny döretmek arkaly ylmy-tehniki telekeçilik işini ýöretmäge ygtyýar berilýär.

Kanunalaýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeş döredildi (1993 ý.). Bu Geňeşiň üstüne ýurtda ylmyň we tehnikanyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek, ylmy-tehniki progresiň iň netijeli maksatnamalaryny saýlap almagyň düzgünnamasyny işläp taýýarlamak, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek wezipesi ýüklenildi.

Ylmy barlaglary netijeli alyp barmagyň guramaçylyk görnüşlerini synap görmek maksady bilen, Oba hojalyk ylymlar akademiýasy (1991 ý.), Medisina ylymlar akademiýasy (1992 ý.) döredildi. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Prezidiumy ýatyryldy (1993 ý.). Ýurtda ylmy-barlaglaryň barşy baradaky mesele Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde birnäçe gezek seredildi. Ylmy-barlaglaryň döwrüň talabyndan yza galýandygy bellenip, 1996-njy ýylda Oba hojalyk ylymlar akademiýasy, 1997-

nji ýylda bolsa Medisina ylymlar akademiýasy hem ýatyryldy. Gumanitar ylymlary boýunça institutlar Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň garamagynda galdyrylyp, beýleki ylmy-barlag institutlary ugurdaş ministrlikleriň we dolandyryş edaralarynyň garamagyna berildi. Institutlaryň birnäçesi birleşdirildi, birnäçesi bolsa ýatyryldy. Olaryň esasynda täze ylmy-barlag institutlary ýa-da ylmy merkezler döredildi.

Ylym ulgamynyň guramaçylyk görnüşleriniň üýtgäp durmagy pudakda özboluşly «başagaýlyk» döretdi. Alymlaryň belli bir bölegi söwda, telekeçilik we beýleki ugurlara geçip gitdiler. Galanlarynyň hem maliýe-üpjünçiligi öwerlik däldi. Şeýle ýagdaýda-da käbir institutlar ylmy-barlaglary önümçilik bilen pugta baglanyşdyryp dowam etdirmegi başardylar. Oňa «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň Ylmy-barlag geologiýa-gözleg instituty mysal bolup biler. 1998-nji ýylda döredilen bu institutyň alymlary nebit-gaz geologiýasy, geohimiýa, geofizika, nebit gidrogeologiýasy, tektonika we burawlaýyş tehnologiýasy, geologik surata düşüriş, gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň gözlegi–agtarylyşy boýunça taglymy, seljeriş we synag barlaglaryny geçirmek, ýer gabygynyň çuň we ýokary gatlaklaryny öwrenmek, öz ylmy işläp taýýarlamalarynyň önümçilige ornaşdyrylmagyna awtorlyk gözegçiligini amala aşyrmak ýaly örän möhüm ugurlarda iş alyp bardylar. Olar Döwletabat–Dönmez gaz-kondensant käniniň, Garabil–Gurrukbil, Zäkli–Derweze gaz, Magdanlydaky kaolin, Arrykdaky selestin, Gyzylgaýadaky kaolin, demir, Sarahsdaky alunit, Oglanlydaky bentonit känleriniň, Boýadagdaky we Balkanabatdyr Monjuklydaky ýod-brom suwlarynyň we beýleki mineral ýataklarynyň açylmagyna, ylmy taýdan barlanyp görülmegine we özleşdirilmegine uly goşant goşýarlar.

Seýsmologiýa institutynda Türkmenistanyň çäklerini seýsmiki etraplara bölmegiň täze kartasy işlenip düzüldi we güýçli ýer titremelerini öňünden çaklamagyň ylmy esaslary taýýarlanyldy. Seýsmologiýanyň ylmy işläp düzmeleri, ne-

tijeleri we ylmy-usul, ylmy-amaly ündemeleri senagat we oba hojalyk kärhanalarynyň, medeni-durmuş desgalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň, gara we demir ýollarynyň, suw we gaz--nebit geçirijileriň, gidrotehniki desgalaryň taslamalaryny taýýarlamakda ulanylýar. Türkmen seýsmologlary ABŞ, Hytaý, Türkiýe, Eýran ýaly ýurtlardaky kärdeşleri bilenem hyzmatdaşlyk edýärler.

Himiýa, Maldarçylyk we weterinariýa, Pagtaçylyk (Ýolöten) institutlarynda önümçilige oňaýly täsir eden ylmy--barlaglar alnyp baryldy. Mysal üçin, Pagtaçylyk ylmy-barlag institutynda we onuň Änewdäki şahamçasynda inçe süýümli pagtanyň köp hasylly we çalt ýetişýän «Ýolöten-9929», «Ýolöten-9946», «Aşgabat-97», orta süýümli pagtanyň ýokary hasylly «Ýolöten-267», «Daşoguz-135» ýaly täze sortlary döredilip, önümçilige ornaşdyryldy. Şeýle hem ak bugdaýyň, pomidoryň, ýorunjanyň, mekgejöweniň, sorgonyň täze sortlary döredilip, tejribe-barlag hojalyklaryna berildi.

2007-nji ýylyň 12-nji iýunynda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisi boldy. Mejlisde häzirki döwürde ylmy-barlaglaryň esasy ugurlaryny we wezipelerini kesgitlemek baradaky mesele ara alnyp maslahatlaşyldy. «Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» karar kabul edildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň garamagynda Ýokary hünär synag komiteti (ÝHSK) döredildi. Ýurtda geçirilýän ylmy-barlaglaryň netijeliligine baha bermek wezipesi onuň üstüne ýüklenildi. Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň düzüminde Türkmenistanyň ylym we tehnika gaznasy döredildi.

2009-njy ýylyň 12-nji iýunynda ylym ulgamynyň işi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde ýene bir gezek ara alnyp maslahatlaşyldy. Mejlisde öz çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle diýdi: «Biziň başlan özgertmelerimiz barha rowaçlanýar, öňe gidýär. Öňde çözmesi örän

çylşyrymly bolan düýpli, möhüm wezipeler dur. Olary üstünlikli çözmek üçin bize häzirki zaman, dünýä ülňülerine laýyk gelýän hakyky ylym gerek. Biz şu günki we geljekki ösüşlerimiz üçin ylmyň zerurlygyny has ýiti duýýarys.

Ýöne ylym biziň durmuşymyzdan, jemgyýetimiziň ösüşiniň talaplaryndan yza galýar, aýratyn hem biziň ýurdumyzy ösdürmek baradaky uzakmöhletli meýilnamalarymyzy we maksatnamalarymyzy amala aşyrmakda düýpli ylmy esaslaryň ýokdugyny, olaryň entek işlenip düzülmändigini aýratyn nygtasym gelýär.

Türkmenlerde «Ylymly il ozar, ylymsyz il tozar» ýa-da «Bilegi güýçli birini, bilimi güýçli müňüni» diýen pähim-parasatlar ýöne ýere döredilmändir. Bu sözleriň aňyrsynda halk ykbaly ýatyr. Hut şonuň üçin hem biz täze Galkynyş eýýamynda ýurdumyzda ylmyň ösüşine aýratyn üns berýäris».[1]

Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde häzirki döwürde islendik döwletiň kuwwatynyň we gülläp ösmeginiň, ilkinji nobatda, ylmyň we tehnologiýalaryň ösüşi, milletiň intellektual derejesi bilen kesgitlenýändigi ýörite nygtaldy. Ylym ähli ösüşiň özeni, hamyrmaýasy. Ylymsyz ýurduň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşini gazanmak asla mümkin däl. Hut şol sebäpli mejlisde ylmy döwlet tarapyndan goldamak boýunça çaltlaşdyrylan çäreler bellenildi. Ykdysadyýetiň innowasion ösüşini mundan beýläk-de tizleşdirmek, ylmy we inženerçilik işini ýokary depginde ösdürmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy gaýtadan döredildi.

Akademiýanyň ygtyýaryna täze döredilen «Gün» instituty, Seýsmologiýa instituty, Seýsmologiýa döwlet gullugy, Botanika instituty, Fizika-matematika instituty, Arheologiýa we etnografiýa instituty berildi. Öňden işläp gelýän institutlardan hem Milli golýazmalar instituty, Taryh instituty, Dil we edebiýat instituty, Derman ösümlikleri instituty, Himiýa instituty Akademiýanyň garamagyna berildi. Ylymlaryň

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap, 3t. – Aşgabat, 2010. – 232–233 s.

kandidatlaryny we doktorlaryny taýýarlamak meselelerine has düýpli seretmek maksady bilen, Ýokary hünär synag komiteti Ministrler Kabinetiniň ygtyýaryna geçirildi.

Ylymlar akademiýasynyň esasy amala aşyrmaly wezipeleri: ylmyň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmakdan; alymlaryň netijeli işlemekleri üçin zerur bolan ähli mümkinçilikleri döretmekden; ylmy işleriň netijesi üçin alymlaryň jogapkärçiligini güýçlendirmekden we bildirilýän talaby ýokarlandyrmakdan; ýurdumyzyň şertlerini we aýratynlyklaryny nazara almak bilen, ony ykdysady we ýaşaýyş-durmuş taýdan ösdürmegiň anyk meselelerini çözmekden; halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň talaplaryny kanagatlandyrmak maksady bilen, ylmy-tehniki hem-de tejribe-konstruktorçylyk işläp düzmelere aýratyn üns bermekden ybaratdyr, diýlip kesgitlenildi.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy işläp başlady. Akademiýanyň institutlarynda we pudaklaýyn ylmy-barlag edaralarynda aspiranturalar we doktoranturalar açyldy. Ylymda halypa-şägirtlik işleri ýola goýuldy. Ýaşlaryň arasynda ylmy işleriň bäsleşigi yglan edilip, onuň jemlerini her ýylyň 12-nji iýunynda–Ylymlar gününde jemlemek kada öwrüldi. Ylmy-barlag institutlarynda ýurduň gazylyp alynýan baýlyklaryny gaýtadan işlemegiň, goşmaça energiýa serişdelerini (Günüň, ýeliň, gyzgyn suwlaryň energiýasyny) ulanmagyň, ulag we kommunikasiýa, maglumatlar we aragatnaşyk ulgamyny ösdürmegiň, ekologiýa taýdan arassa we galyndysyz tehnologiýlary ornaşdyrmagyň, daşky gurşawy gorap saklamagyň, ýeri we suwy aýawly ulanyp ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmagyň, öndüriji güýçleriň ýerleşdirilişini gowulandyrmagyň, keselleriň öňüni almagyň we olary bejermegi kämilleşdirmegiň, türkmen dilini we edebiýatyny, taryhyny we taryhy-medeni mirasyny öwrenmegiň düýpli meselelerine üns güýçlendi. Ylymlaryň ähli ugurlary, ylaýta-da gumanitar ylymlary boýunça halkara ylmy maslahatlaryny geçirmek giň gerim aldy.

2012-nji ýylyň 12-nji iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ylymlar akade-

miýasynda alymlar bilen maslahat geçirdi. Prezident maslahatda döwlet tarapyndan ylmy ösdürmek üçin edilýän goldawyň ýyl-ýyldan artýandygyny belläp, şeýle diýdi: «Geçen ýyl şu maksatlar üçin Döwlet býujetinden goýberilen serişdeler 2010-njy ýyl bilen deňeşdirilende 1,7 esse köpeldi. Häzirki döwürde geljegi uly bolan ylmy, tejribe-synag we tehnologik barlaglaryň maliýeleşdirilmegi has-da gowulanýar, ýurdumyzda ylmyň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak boýunça goşmaça çäreler geçirilýär. Döwletimiz ylmy ösdürmek, ylmy barlaglaryň gerimini giňeltmek, ylmy-barlag işlerini toplumlaýyn geçirmek we olaryň netijelerini önümçilige ornaşdyrmak boýunça ähli zerur şertleri döredýär. Ylmy edaralaryň we ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli pugtalandyrylýar. Olaryň işine iň täze maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary, şol sanda Internetiň we elektron kitaphanalaryň umumy ulgamynyň üsti bilen dünýä maglumatlar binýadyna çalt aralaşmagyň usullary giňden ornaşdyrylýar»[1].

Döwlet baştutany maslahatda akademiki we pudaklaýyn ylmy işleriň hem-de ÝOM-lerde alnyp barylýan ylmy işleriň özara baglanyşygyny pugtalandyrmak, tebigy, tehniki we gumanitar ylymlaryny utgaşdyrmak gerek diýdi. Umuman, türkmen ylmyny dünýä ylmy bilen utgaşdyrmagyň gerimini giňeltmegiň zerurdygyny nygtap, ol «Aşgabatda (Bekrewe şäherçesinde) Tehnologiýalar merkezini döretmek», «Türkmenistanda alymlyk derejeleri we alymlyk atlary üçin goşmaça tölegleriň hem-de akademiki atlar üçin aýlyk haklarynyň möçberlerini tassyklamak hakyndaky» örän möhüm kararlara gol çekdi.

Türkmen ylmyny ösdürmek, alymlaryň zähmet-durmuş şertlerini gowulandyrmak baradaky döwlet aladasy olarda uly kanagatlanma döretdi. Akademiki we pudaklaýyn institutlarda alnyp barylýan ylmy-barlaglaryň netijeliligi barha çuňlaşýar, gerimi giňeýär. Türkmen alymlarynyň daşary ýurtly alymlar bilen hyzmatdaşlygy pugtalanýar. Şu jähtden, akademiki ins-

[1] «Edebiýat we sungat» gazeti – 2012-nji ýylyň 15-nji iýuny.

titutlardan Milli golýazmalar instituty ýörite bellenilmäge mynasypdyr. Institutda orta asyrlara we täze döwre degişli arap, pars, türki dillerdäki golýazma we daşbasma kitaplarynyň 15 müňe golaýy saklanýar. Ol kitaplary dikeltmek (restawrasiýa etmek), öwrenmek, türkmen diline geçirip neşir etmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Türkmen taryhy, medeni mirasy üçin örän gymmatly golýazmalaryň 500-e golaýy türkmen diline geçirilip çapa taýýarlanyldy, şolardan 200-e golaýy neşir edilip halka ýetirildi.

2013-nji ýylda Türkmen Milli golýazmalar instituty Türkmen döwlet habarlar gullugy bilen bilelikde web saýt «Medeniýetde» bölüm-Wirtual kitaphana açdy. Kitaphananyň gaznasynda elektron formatda Abu Osman Jahyzyň «Türkmenleriň mertebeleri», Muhammet Gazalynyň «Nesihatlar risalasy», Reşitetdin Watwatyň «Danalaryň daýanjy», Muhammet Kasym Hinduş Astrabadynyň «Ybraýymyň gülşeni», Ibn Fazlanyň «Syýahatnama», Mahmyt Zamahşarynyň «Ýagşyzadalaryň bahary», Nasyreddin Rabguzynyň «Kysasy Rabguzy» («Kasasyl enbiýa»), Alynyň «Kyssaýy Ýusup», Abu Nasyr Farabynyň «Saz ylmy», Şemseddin Merweziniň «Ýyldyzlar kitaby», Abdyrahman Jamynyň «Baharystan», Yzzetdin ibn Esiriň «Kämil taryh», Muhammet Utbynyň «Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy», Ýazyjy ogly Alynyň «Seljuk türkmenleriniň taryhy», Abubekir Tähranynyň «Akgoýunly türkmenleriniň taryhy» we beýleki kitaplar bar. «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» eposlary, «Şasenem-Garyp», «Hüýrlukga-Hemra», «Asly–Kerem», «Ýusup-Ahmet», «Kasym oglan», «Gülpam», «Hatamtaý» dessanlary, Ýunus Emräniň, Soltan Huseýn Baýgaranyň, Zahyretdin Babyryň eserleriniň ýygyndylary hem gaznanyň elektron «kitaplarynyň» üstüni ýetirdi. Institutda neşir edilýän «Miras» žurnalynyň has möhüm makalalary-da Wirtual kitaphana berlip başlandy. Bu işiň belli bahasy ýokdur. Çünki elektron «kitaplaryna» türkmen halk paýhasynyň dürdäneleri siňendir. Şolar hem dünýä ýaýylýar.

Milli golýazmalar institutynda türkmen taryhynyň we milli mirasynyň meseleleri boýunça halkara ylmy maslahat-

laryny geçirmek däbe öwrüldi. Diňe 2009-njy ýylda Institutda halkara ylmy maslahatlaryň 8-si geçirilip, olara türkmen alymlary bilen bir hatarda dünýäniň onlarça ýurdundan alymlaryň 358-si gatnaşdy. Ylmy maslahatlarda edilen çykyşlaryň gysgaça beýany neşir edilen kitaplaryň umumy möçberi 150 çap listden geçdi. 2010–2011-nji ýyllarda Institutda beýik şahyrlar Mollanepesiň doglan gününiň 200 ýyllygyna, Nurmuhammet Andalybyň 350 ýyllygyna bagyşlanan halkara ylmy maslahatlar geçirildi. Daşkentde Mollanepese bagyşlanan halkara ylmy maslahata diňe türkmen, özbek alymlary däl, eýsem Özbegistanda hereket edýän ençeme türkmen medeni merkezleriniň aýdym-saz toparlary hem gatnaşdy. Duşanbede Andalyba bagyşlanan halkara ylmy maslahata hem alymlar bilen bir hatarda Täjigistanda ýaşaýan türkmenleriň wekilleri hem gatnaşdy. Beýik şahyrlaryň toýlaryna gabatlap, olaryň saýlanan eserleri türkmen, özbek, azerbaýjan, türk, täjik, pars dillerinde neşir edildi. Türkmen şahyrlarynyň toýy goňşy halklaryň dostluk baýramçylygyna öwrüldi.

2012-nji ýylda Türkmenistanda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygyna taýýarlyk işleri başlandy. Bu şanly senä bagyşlap, 2014-nji ýylda «Magtymguly Pyragy we umumadamzat medeni gymmatlyklary» atly halkara ylmy maslahatyny geçirmek, beýik akyldaryň saýlanan eserleriniň täze neşirini, şeýle hem onuň goşgular ýygyndylaryny dünýä halklarynyň 20-den gowragynyň dillerine geçirip çap edildi. Türk medeniýetiniň halkara guramasy – Türksoý hem 2014--nji ýyly Magtymguly Pyragynyň ýyly diýip yglan etdi. Milli golýazmalar institutynda Türkmenistanda we daşary ýurtlarda Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygyna bagyşlanan halkara ylmy maslahatlaryny geçirmek, beýik akyldaryň saýlanan eserlerini dürli dillerde çapa taýýarlamak we neşir etmek, onuň ömrüne we döredijiligine degişli monografiýalary, makalalar ýygyndylaryny neşir etmek boýunça ep-esli iş edildi. Türkmeniň dünýä mertebeli akyldarynyň şanly senesi Birleşen Arap Emirliklerinde, Özbegistanda, Türkiýede, Azerbaýjanda, Gazagystanda, Belarus Respublikasynda, Russiýa Federasiýasynda, Eýranda, Hytaýda we başga-da

birnäçe ýurtlarda bellenip geçildi. Dabaralaryň öň ýanynda akyldaryň eserleri şol dillerde çapdan çykarylyp, toýa gatanç edildi. Beýik Pyraga bagyşlanan neşirlerden A. Aşyrowyň «Magtymgulynyň golýazmalarynyň derňewi» atly işini aýratyn bellemek gerek. Kitapda Milli golýazmalar institutynyň öz hazynasynda Pyragynyň goşgulary duş gelýän golýazmalaryň 80-e golaýdygy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy we Günbatar ýurtlaryň hazynalarynda hem şeýle golýazmalaryň 270-e golaýynyň saklanýandygy, häzirki wagtda ol golýazmalaryň (göçürmeleriniň) bize elýeterlidigi aýdylýar. Dil we golýazmalar arkaly beýik Pyragynyň bize gelip ýeten edebi mirasynyň 15 müň setirdigi, akyldaryň ömrüne we döredijiligine degişli düýpli meseleleriniň ylmy derňewiniň şolaryň esasynda alnyp barlandygy nygtalýar.

Halkyň mertebesi beýik ogullarynyň ady bilen beýgelýär diýipdirler. Beýik Magtymguly Pyragynyň umumadamzat medeni-ruhy hazynasyna giren şygyrlary indi dünýä dilleriniň ençemesinde ýaňlanýar. Akyldaryň pähim-paýhasa püre-pür eserleri türkmen poeziýasyny, halkyny dünýä tanadýar.

Türkmenistanda ylym ulgamy kämilleşýär, häzirki maglumatlar döwrüniň talaplaryna laýyk getirilýär. Aşgabatda «Tehnologiýalar merkeziniň» gurulmagy oňa şaýatlyk edýär. 2014-nji ýylyň iýunynda açylan bu innowasion toplum 6 gat binalarda ýerleşip, 70 *müň* $m^2$ meýdany tutýar. Toplumda wiwarium, sergi zaly, eksperimental seh, ýyladyşhana, meteostansiýa, muzeý, ylmy-barlag bölümleri işleýär. Iň kämil tehnologiýalar bilen üpjün edilen biotehnologiýa; täze materiallaryň sintez tehnologiýasy; nanotehnologiýa; önümçilik tehnologiýasy we energiýany tygşytlamak; geografik maglumatlar ulgamy; iýmit tehnologiýasy; derman serişdeleriniň tehnologiýasy; tejribe-eksperimental işler boýunça laboratoriýalarda halk hojalygyny ösdürmekde ileri tutulýan ugurlar bilen baglanyşykly ylmy barlaglar alnyp barylýar.

«Tehnologiýalar merkezi» – ýurtda täze global ylmy düzüm bolup, ol ylmy-barlag edaralaryny (akademiki we pudaklaýyn ylmy-barlag institutlaryny), ÝOM-lary, sergi zallaryny, industriýa desgalaryny, senagat kärhanalaryny, şol sanda kiçi we

orta telekeçileri birleşdirmelidir. Merkezde alymlaryň ileri tutulýan ugurlary boýunça ylmy-barlaglary alyp barmagy, zehinli ýaşlary ylma çekip, olara halypalyk etmegi, netijeli işläp düzmeleri önümçilige ornaşdyrmagy üçin ähli şertler döredilendir. Toplumy döretmekden maksat ylymda we önümçilikde täzeligiň gözleginde bolan hünärmenleriň tagallasyny bir ýere jemlemekdir. «Tehnologiýalar merkezi» ylmy we innowasion işläp düzmeleri höweslendirýär hem-de gönükdirýär, netijede türkmen ylmyny täze derejä götermäge, halk hojalyk pudaklarynda täze tehnologiýalary ornaşdyrmaga ýardam edýär.



*Soraglar we ýumuşlar*

1. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ylym ulgamynda bolan üýtgetmeler barada gürrüň beriň.
2. 2007-nji ýylda «Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» kabul edilen karar mynasybetli bolan özgerişler barada näme aýdyp bilersiňiz?
3. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy haçan gaýtadan dikeldildi?
4. Web saýt «Medeniýetde» bölüm-Wirtual kitaphana açylyp, onda türkmen taryhy, medeni mirasy boýunça onlarça gymmatly «kitaplar» ýerleşdirildi. Siziň Internet arkaly şol «kitaplardan» okap göreniňiz barmy?
5. Beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygynyň Türkmenistanda we daşary ýurtlarda bellenip geçilmegi barada referat ýazyň.
6. Aşgabatda «Tehnologiýalar merkezi» haçan açyldy? Bu Merkez näme bilen meşgullanýar?

# IV BAP.
# GARAŞSYZ HEM BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATY

## §11. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri

Garaşsyzlyk gazanylmagy bilen ýurduň daşary syýasaty hem özbaşdak amala aşyrylýar. Ol ilkibaşdan ykdysady ösüşe we döwlet berkararlygyna gönükdirilen içeri syýasatyň dowamy boldy.

Garaşsyzlygyň öň ýanynda, 1991-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda Türkmenistanyň geljekki daşary syýasaty barada Beýýannama çap edildi. Onda halkara gatnaşyklarynda Türkmenistan birek-biregiň içerki işlerine gatyşmazlyk, halkara hukugynyň kadalaryna berk sarpa goýmak ýörelgelerine eýerip, ähli ýurtlar bilen, ilkinji nobatda bolsa, serhetdeş döwletler bilen parahatçylyk we dostlukly gatnaşyklar syýasatyna eýerip çykyş eder diýlip nygtalýar.

Bu asylly maksatlar Türkmenistanyň daşary syýasatyna esas bolup, eýýäm Garaşsyzlygyň ilkinji ýylynda jar edilen oňyn bitaraplyk we «açyk gapylar» syýasatynda özüniň doly beýanyny tapdy. Ol syýasat möwriti geçen ideologik ülňülerden, dini we etniki täsirlerden azatdyr, Ýer ýüzündäki ululy-kiçili döwletleriň hemmesi bilen hoşniýetli gatnaşyklary we birek-birege peýdaly hyzmatdaşlygy ýola goýmaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň daşary syýasat babatdaky esasy çemeleşmesi howpsuzlyk dünýäsini döretmegiň täze ülňüsine, halkara gatnaşyklarynyň täze häsiýetine laýyk gelýär. Ol

syýasatyň esasy ýörelgeleri Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazowyň Helsinkide (Finlýandiýa) Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasyna (ÝHHG) girýän ýurtlaryň baştutanlarynyň maslahatynda (1992 ý.) we Brýusseldäki (Belgiýa) Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Baş edarasynda (1993 ý.) eden çykyşlarynda beýan edildi. Brýusselde sözlän sözünde ol şeýle diýdi: «Ilkinji nobatda ykdysady wezipeleri çözmek bilen, biz öz daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyza ähli taglym ýa-da syýasy ýykgyn etmelerden azat bolan arassa işewür gatnaşyklary teklip etdik we ähli ýerde gepimize düşündiler. Şu ugruň sazlaşykly ösdürilmegi bizi Türkmenistanyň daşary syýasat babatdaky baş ýörelgesini kesgitlemäge getirdi: oňyn bitaraplyk derejesi biziň döwletimiziň milli bähbitlerine-de, sebitde parahatçylygy we durnuklylygy gorap saklamagyň bähbitlerine-de laýyk gelýär.

Daşary syýasat meselelerini çözmekde biz öz bitaraplyk derejämizden we şol derejeden beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk, olaryň döwlet bitewüligini we olaryň serhetleriniň eldegrilmesizligini ykrar etmek ýaly ýörelgelerini gollandyk».[1]

Türkmenistanyň dünýä bileleşigine halkara hukugynyň özbaşdak subýekti hökmünde goşulyşmagy üçin ýurduň Daşary işler ministrligi, Daşary ykdysady bank we beýleki ýöriteleşdirilen edaralary döredildi. Daşary ýurtlarda işlemek üçin diplomatik işgärler taýýarlanylyp başlandy. Türkmen ýaşlary Russiýanyň DIM-niň Diplomatik akademiýasyna, Halkara gatnaşyklary institutyna okuwa iberildi. Olardan ençemesi Türkiýede, Beýik Britaniýada we başga-da käbir ýurtlarda taýýarlyk okuwlaryny geçdiler.

Türkmenistan daşary syýasat ýörelgelerini kesgitlemek bilen bir hatarda, öz çäklerini gorap saklamagyň aladasyny hem etdi. 1992-nji ýylda Türkmenistanyň Goranmak mi-

[1] Внешняя политика нейтрального Туркменистана. – Ашхабад, 1997. -20 с.

nistrligi, Serhet goşunlary, Milli goşun bölümleri döredildi. 1996-njy ýylda Türkmenistanyň harby doktrinasy kabul edildi. Doktrina Türkmenistanyň howpsuzlyk syýasatynyň aýrylmaz bölegidir. Ol ýurtda bazar gatnaşyklaryna geçilýän, demokratik özgertmeleriň amala aşyrylýan we täze halkara gatnaşyklarynyň emele gelýän döwründe harby meseleler boýunça resmi garaýyşlaryň kabul edilen ulgamydyr. Ol garaýyşlara laýyklykda, Türkmenistan:

– hiç bir döwlete öz duşmany hökmünde garamaýar;

– hiç bir toparlaýyn harby bileleşige girmez;

– eger-de Türkmenistanyň, onuň raýatlarynyň, çäkleriniň, harby goşunlarynyň üstüne ýaragly çozuşlar edilip, öz-özüni goramaga mejbur bolmasa, onda ol öz Ýaragly Güýçlerini hiç döwletiň garşysyna ulanmaz.

– öz çäklerinde daşary ýurt goşunlaryny saklamaz;

– uruşlaryň we ýaragly dawalaryň öňüni almakda dünýä bileleşiginiň tagallalaryna ýardam eder;

– halkara hukugynyň mundan beýläk-de ösdürilmegine, uruşlaryň we ýaragly dawalaryň öňüni almak boýunça ähli ýurtlaryň netijeli çäreleriniň işlenilip düzülmegine, kabul edilmegine we amala aşyrylmagyna gatnaşar;

Türkmenistan ýadro ýaragsyz döwletdir we öz Ýaragly Güýçleriniň köpçülikleýin gyryş ýaraglary bilen üpjüm edilmegine ýol bermez.

Türkmenistan öz harby howpsuzlygyny syýasy-diplomatik we beýleki parahatçylyk çäreleri bilen üpjün eder. Şunuň bilen baglanyşyklylykda ol öz Ýaragly Güýçlerini we beýleki goşunlaryny:

– öz garşysyna agressiýa edilen wagtynda Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny we çäkleriniň bitewüligini goramak;

– Türkmenistanyň döwlet serhedine, çäkleriniň bitewüligine howp salýan ýaragly dawalaryň, her hili ýaragly zorlugyň öňüni almak üçin ulanmagy zerur diýip hasap edýär.

Türkmenistanyň harby doktrinasy goranmak häsiýetlidir. Ol uruşlaryň, ýaragly toparlanyşyklaryň öňüni almaga,

milli Ýaragly Güýçleri eziz Watany goramaga taýýarlamaga, ýurduň harby howpsuzlygynyň üstüne abanjak howpuň garşysyna hereket etmäge we halkyň jana-jan bähbitlerini goramaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň harby doktrinasy hiç bir jähtden beýleki döwletleriň howpsuzlygynyň üstüne abanmaýar we deňhukukly, ikitaraplaýyn peýdaly döwletara gatnaşyklaryň çäklerinde üpjün edilýär. Türkmenistan uruşlaryň we harby dawalaryň öňüni almakda syýasy-diplomatik, halkara-hukuk, ykdysady we beýleki harby däl çärelere daýanýar, parahatçylyga howp salmakdan we ony bozmakdan, agressiw etmişlere ýol bermekden daşda durýar. Ol oňyn bitaraplyk we halkara jedellerini parahatçylykly kadalaşdyrmak, döwletleriň özygtyýarlylygyna, çäkleriniň bitewüligine hormat goýmak, olaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, döwlet serhetleriniň bozulmazlygy ýörelgelerine we halkara hukugy tarapyndan umumy ykrar edilen beýleki ýörelgelere eýerýär.

Şeýlelikde, Türkmenistan daşary syýasatynyň we harby doktrinasynyň esasy ýörelgelerini oýlanyşykly kesgitlemegi başardy we gyşarnyksyz durmuşa geçirýär. Ozal sowet totalitar germewlerinde gysylyp gelen, halkara gatnaşyklarynda tejribesi bolmadyk ýurda dünýä bileleşigine goşulyşmak kyn düşer hem uzaga çeker öýdülýärdi. Emma beýle bolmady. Türkmenistan dünýä bileleşigi bilen aralygy şeýlebir kynçylyksyz, çalt geçdi.

***Soraglar we ýumuşlar***

1. Ýurduň daşary syýasaty içeri syýasatyň dowamy diýilýär. Siz oňa nähili düşünýärsiňiz?
2. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri barada referat ýazyň.
3. Türkmenistanyň harby doktrinasy haçan kabul edildi? Onuň esasy ýörelgeleri barada gürrüň beriň.

## §12. Türkmenistan döwletini dünýä jemgyýetçiliginiň ykrar etmegi

Türkmenistanyň parahatçylyk söýüji daşary syýasaty onuň dünýä bileleşiginde mynasyp orun almagyna ýardam etdi. 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan, käbir GDA döwletleri bilen bir hatarda, BMG-niň agzalygyna kabul edildi. BMG-niň Baş sekretary Butros Gali BMG-niň täze agzalarynyň milli baýdaklarynyň galdyrylmagyna bagyşlanan dabarada çykyş edip, şol güni taryhy gün diýip atlandyrdy. Ol soňra: bu ýurtlaryň baý taryhy bar, olar medeniýetleriň, dinleriň, däpleriň we dessurlaryň çylşyrymly utgaşmasyna wekilçilik edýärler we özleriniň täze ornuna öwrenişýärler. Olaryň BMG-ä girmegi guramany baýlaşdyrar, ony has-da köp taraply eder, diýip nygtady.

1992-nji ýylyň ortalaryna çenli Türkmenistany dünýäniň 100-e golaý döwleti ykrar edip, şolardan 48-si bilen diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Gatnaşyklaryň ýola goýluş tertibi boýunça ol döwletleriň ilkinji tapgyry, ine, şulardyr: Türkiýe Resbuplikasy, Eýran Yslam Resbuplikasy, Hytaý Halk Respublikasy, Koreýa Halk Demokratik Resbuplikasy, Owganystan Yslam Resbuplikasy, Saud Arabystan Patyşalygy, Bähreýn Döwleti, Fransuz Resbuplikasy, Bangladeş Halk Respublikasy, Kuba Resbuplikasy, Siriýa Arap Resbuplikasy, Ispaniýa Patyşalygy, Germaniýa Federatiw Resbuplikasy, Russiýa Federasiýasy, Amerikanyň Birleşen Ştatlary. Şol döwre çenli Aşgabatda ABŞ-nyň, Türkiýäniň, Eýranyň, Russiýa Federasiýasynyň we Hindistanyň ilçihanalary açyldy. Eýranda, Türkiýede, Russiýada Türkmenistanyň ilçihanalary işläp başlady. 1996-njy ýylda Aşgabatda eýýäm 19 döwletiň ilçihanalary, daşary ýurtlaryň 12-sinde bolsa türkmen ilçihanalary işleýärdi. Daşary ýurtlaryň ýene-de 8-sinde türkmen ilçihanalaryny açmaga taýýarlyk görülýärdi.

1992-nji ýylda BMG-de Türkmenistanyň hemişelik wekilhanasy açyldy. Wekilhana öz işini BMG-niň düzümine girýän köp sanly edaralaryň, guramalaryň, agentlikleriň

işleri bilen tanyşmakdan, olaryň Türkmenistanyň bähbitleri üçin nähili iş edip biljekdiklerini seljermekden başlady. Wekilhananyň işinde agzalan guramalara, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň nobatdaky maslahatlaryna gatnaşyjylara Türkmenistan barada degerli maglumatlary ýetirip durmaga uly ähmiýet berilýär. BMG-niň guramalarynyň arasynda Ösüş maksatnamasyna aýratyn orun degişlidir. Çünki ol milletleriň halkara bileleşiginiň ulgamynda tehniki hyzmatdaşlygy ugrukdyrýan esasy edaradyr. Eýýäm Türkmenistanyň BMG-ä giren ilkinji ýylynda, Ösüş maksatnamasy bu döwlete degişli kömekleri yzygiderli berip durmak baradaky meselä garady we onuň oňyn çözgüdini resmileşdirdi. Munuň özi Türkmenistana BMG-niň ulgamyndaky Çagalar gaznasy (ÝUNISEF), Ilat gaznasy (ÝUNFPA), Daşky gurşaw maksatnamasy (ÝUNEP), Bilim, ylym, medeniýet işleri baradaky (ÝUNESKO) we beýleki guramalaryň ugurlaryna degişli mümkin bolan tehniki hyzmatdaşlyga ýol açdy.

1994-nji ýylda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň wekilhanasy açyldy. Wekilhana BMG-niň Türkmenistanda hereket edýän ähli düzümleriniň we gulluklarynyň işini utgaşdyrýar, geçiş döwründe ýurtda ýüze çykýan köp sanly meseleleri ýerinde çözmäge ýardam edýär. Türkmenistanyň dünýä bileleşigine goşulyşyp gitmeginde onuň Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasyna (ÝHHG) kabul edilmegine (1992 ý.) hem möhüm orun degişlidir. ÝHHG Ýewropada we Ýer ýüzünde abraýly gurama hasaplanýar. Onuň bilen peýdaly hyzmatdaşlygy ýola goýan döwlet üçin Ýewropa Ykdysady Bileleşiginiň (gysgaça: Ýewropa Bileleşigi ýa-da Ýewropa Soýuzy[1]),

[1] Ýewropa Ykdysady Bileleşigi 1957-nji ýylda Rimde (Italiýa) döredilýär. Ilki oňa 6 döwlet girýärdi. Soňra olaryň sany has köpelip, Ýewropa ýurtlarynyň 28-sini öz içine aldy. Häzirki wagtda Bileleşige girýän ýurtlar diňe bir ykdysady däl, eýsem jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki ugurlarynda hem has ýakynlaşyp, Ýewropa Soýuzyny emele getirdiler.

Ýewropa durkuny täzeleýiş we ösüş bankynyň hem gapysy giňden açylýar. ÝHHG bilen hyzmatdaşlyk Türkmenistana Ýewropa döwletleriniň tejribesini, öňde baryjy tehnologiýalaryny peýdalanmaga, onda-da üçünji ýurtlar arkaly däl-de, gös-göni peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

1992-nji ýylda Türkmenistan Halkara walýuta gaznasyna (HWG), Halkara durkuny täzeleýiş we ösüş bankyna (oňa Bütindünýä banky hem diýilýär) we olar bilen baglanyşykly halkara ykdysady guramalaryna kabul edildi. Bu guramalara girmegi Türkmenistana iş ýüzünde ähli ýurtlarda alnyp barylýan maliýe-ykdysady syýasat barada maglumat almaga, olary seljerip, oňat netije berýänlerine eýermäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistan 1992-nji ýylda Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň (YHG)[1], Yslam Konferensiýasy Guramasynyň (YKG)[2], 1994-nji ýylda Yslam ösüş bankynyň hem agzalygyna kabul edildi. YHG-ä, YKG-ä, Yslam ösüş bankyna girmeginiň netijesinde Türkmenistan Aziýa ýurtlary bilen hem gatnaşyklar açdy we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürdi.

Şeýlelikde, Türkmenistan dünýä döwletleri we halkara guramalary tarapyndan ykrar edildi. Ol BMG-niň, dünýä jemgyýetçiliginiň goldawyna we ýurtda dowam edýän syýasy durnuklylyga, agzybirlige we jebislige daýanyp, düýpli sosial-ykdysady özgertmeleri amala aşyrýar.

---

[1] 1984-nji ýylda Türkiýe, Eýran we Päkistan ykdysady hyzmatdaşlyk barada soýuz baglaşdylar. 1992-nji ýylda oňa Türkmenistan bilen bir wagtyň özünde Gazagystan, Özbegistan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Azerbaýjan, Owganystan hem girdiler. Şeýlelikde, YHG öz gerimi hem-de ähmiýeti boýunça ÝHHG-den soň ikinji sebitleýin gurama öwrüldi.

[2] 1969-njy ýylda döredilen YKG-niň baş edarasy Saud Arabystan Patyşalygynyň Jidda şäherinde ýerleşýär. Häzir Aziýanyň we Afrikanyň 50-ä golaý döwleti onuň agzasydyr. YKG öz işini bu ýurtlarda yslam raýdaşlygyny öz ýöriteleşdirilen guramalary bolan Yslam ösüş banky, Yslam täzelikler agentligi, Bilim, ylym we medeniýet boýunça yslam gaznasy, Yslam ösüş gaznasy we başgalar arkaly amala aşyrýar.

*Soraglar we ýumuşlar*

1. Türkmenistan haçan Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi?
2. Türkmenistanyň BMG-däki hemişelik wekilhanasynyň işi barada gürrüň beriň.
3. Aşgabatda BMG-niň wekilhanasy haçan açyldy? Ol näme bilen meşgullanýar?
4. Türkmenistany ilkinjler bolup ykrar eden döwletleri aýdyp beriň.
5. Türkmenistany öz agzalygyna kabul eden ÝHHG, YHG, YKG we beýleki halkara guramalary barada referat ýazyň.

## §13. Garaşsyz Türkmenistan – hemişelik bitarap döwlet

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş ýörelgesi oňyn bitaraplygydyr. Onuň many-mazmuny halky häsiýetlidir. Türkmenler asyrlaryň dowamynda dagynyklygyň, daşky çozuşlaryň jebrini çekipdirler, beýik Pyragy aýtmyşlaýyn, öz döwlet binalaryny gurup, saýasynda erkin ýaşamagyň arzuwyny edipdirler. Şol sebäpli bitaraplygyň esasy häsiýetnamalary parahatçylyk söýüjilik, sabyr-takatlylyk, başgalaryň garaýyşlaryna sarpa goýmak, dünýä üçin açyk bolmak olaryň ruhuna mahsusdyr we düşnüklidir.

Daşary syýasatda oňyn bitaraplyk ýörelgesiniň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilmeginde Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A. Nyýazowyň daşary ýurt saparlarynyň uly ähmiýeti boldy. 1992–1995-nji ýyllarda onuň daşary ýurtlara resmi we iş saparlarynyň 54-si amala aşyryldy. Saparlaryň tötänleýin däl-de, hut milli bähbitlerden ugur alnyp, Türkmenistany dünýä jemgyýetçiligine tanyşdyrmak, onuň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyny, bitaraplyk ýörelgesini ykrar etdirmek maksady bilen geçirilendigini bellemelidir.

Türkmenistanyň Prezidenti sapara baran döwletleriniň baştutanlary bilen dostlukly, birek-birege ynanyşmak gatnaşyklaryny ýola goýdy. Ol döwletleriň işewürleri bilen

duşuşan mahaly, türkmen topragynyň ägirt uly çig mal gorlarynyň bardygyny aýtmak bilen, ykdysady hyzmatdaşlygyň mümkin bolan ugurlaryny görkezdi. Ol şunda beýleki tarapyň hem ykdysady bähbitlerini nazara alýardy. Şeýlelikde, bähbitleriň sazlaşyklylygy berjaý edilip, türkmen tarapynyň teklipleriniň daşary ýurtly maýa goýumçylary üçin özüne çekijiligi gazanyldy. Şol bir wagtyň özünde sapara barlan ýurtlaryň hiç birinden ykdysady kömek soralmady. Çünki Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarda ýörelgesi deňhukukly we birek-birege peýdaly hyzmatdaşlykdyr.

Öz nobatynda Türkmenistana Eýrandan, Türkiýeden, Russiýadan, Fransiýadan, Hytaýdan, Hindistandan, Päkistandan, Malaýziýadan we beýleki ýurtlardan döwlet we hökümet baştutanlary geldiler. Bu bolsa şol ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklaryň pugtalanmagyna, birek-birege peýdaly hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna we ösmegine ýardam etdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary ýurt saparlarynda, ol ýurtlaryň baştutanlarynyň Aşgabada saparlary wagtynda bolan duşuşyklarda aýratyn üns berlen mesele – türkmen bitaraplyk ýörelgesidir. S.A. Nyýazowyň Türkiýäniň Prezidenti Süleýman Demirel, Eýranyň Prezidenti A. Haşemi-Rafsanjany, HHR-niň Döwlet geňeşiniň başlygy Li Pen, Hindistanyň Premýer-ministri N. Rao, Fransiýanyň Prezidenti F. Mitteran, Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Ž. Meýžor, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti B.N. Ýelsin, Awstriýanyň kansleri F. Wraniskiý, Müsüriň Prezidenti H. Mubarak, ABŞ-nyň eks-prezidenti R. Nikson we beýlekiler bilen duşuşyklarynda türkmen bitaraplygyny goldamak baradaky mesele örän işjeň ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu mesele boýunça ABŞ-nyň, Fransiýanyň, Germaniýanyň, Awstriýanyň döwlet baştutanlary bilen hatlar alşyldy. Bitaraplyk ýörelgesini BMG-niň şol wagtky Baş sekretary Butros Gali hem goldady. Türkmenistanyň Prezidentiniň adyna iberen hatynda ol şeýle ýazdy: «Türkmenistan täze

garaşsyz döwletleriň biri hökmünde öz goňşulary bilen sazlaşykly gatnaşyklary gurmak baradaky yhlaslary üçin we halkara howpsuzlygyny goldaýanlygy üçin hakykatdan hem ykrar ediler».

Türkmenistanyň uzak geljegi nazarlap öňe süren oňyn bitaraplyk ýörelgesi iki sany hakyky ýagdaýy – geosyýasy we geoykdysady ýagdaýlary göz öňünde tutýar. SSSR-iň dargamagy we täze özbaşdak döwletleriň emele gelmegi sebitde güýçleriň täze geosyýasy mynasybetini döredip, döwletleriň täze uly geosyýasy düzümini emele getirdi. Türkmenistan onuň merkezine düşdi. Beýleki tarapdan, amatly geografik ýagdaýa eýe bolmak bilen, Türkmenistan Ýewropa bilen Aziýanyň strategik ýollarynyň çatrygyna düşüp, bu iki yklymyň arasyndaky özboluşly köprä öwrüldi. Bu seýrek duş gelýän geografik ýagdaýyň ýurduň ägirt uly mineral-çig mal gory bilen utgaşmagy türkmen bitaraplygynyň nusgasyny dünýä bileleşiginiň öňünde aýratyn ähmiýetli we özüne çekiji edýär. Türkmen bitaraplygy daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlykda siwilizasiýalaşan, birek-birege peýdalylyk esasynda bu tebigy baýlygy çalt we netijeli özleşdirmäge gönükdirilendir.

Türkmen bitaraplygynyň nusgasy özgeren dünýäniň täze hakykatyny, häzirki zaman geosyýasatyny oňat bilmekligi özünde jemleýär we halkymyzyň milli häsiýetine, asyrlar boýy dowam edip gelýän däp-dessurlaryna daýanýar. Bu nusgany ykrar etmek barada milletleriň dünýä bileleşigine ýüz tutmazdan ozal, goňşy döwletlere sala salyndy. 1995-nji ýylyň martynda Yslamabatda (Päkistan) YHG-ä girýän döwletleriň baştutanlarynyň duşuşygy boldy. Duşuşykda S.A. Nyýazow türkmen bitaraplygyny halkara derejesinde ykrar etmek pikirini orta atdy. Bu pikiri YHG-ä girýän on döwletiň onusy hem goldady.

1995-nji ýylyň iýulynda Kartahenada (Kolumbiýa) düzüminde 113 döwlet bolan Goşulmazlyk hereketiniň maslahaty bolup geçdi. Şonda Türkmenistan GDA ýurtlarynyň arasynda ilkinji bolup (114-nji döwlet bolup) bu hereke-

te goşuldy. Goşulmazlyk hereketi hem Türkmenistanyň hemişelik bitarap döwlet derejesini almaga hyjuwyny biragyzdan goldady.

1995-nji ýylyň oktýabrynda Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A. Nyýazow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 50-nji ýubileý maslahatyna gatnaşdy. Ol maslahatda çykyş edip, Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň maksatlary, halkara gatnaşyklarynyň ulgamynda onuň orny barada giňişleýin gürrüň berdi we «Geçmişde Türkmenistan özüniň deňi-taýy bolmadyk ajaýyp ahalteke atlary, dünýä sungatynyň ajaýyp nusgalaryna öwrülen halylary we ummasyz tebigy baýlyklary bilen tanalypdyr. Bu gün bolsa ol özüniň parahatçylyk syýasatynyň bütin dünýäde ykrar edilmegi ugrunda göreşýär»[1] diýip nygtady.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabry Türkmenistanyň parahatçylyk söýüji daşary syýasatynyň hakyky dabaralanan güni boldy. Şol gün BMG-niň Baş Assambleýasy dünýäniň 185 döwletiniň biragyzdan ses bermegi bilen, «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» barada ýörite Kararnama kabul etdi. Kararnamanyň hemaýatkärleri bolup Russiýa, ABŞ, Hytaý, Türkiýe, Eýran, Hindistan, Päkistan, Fransiýa, Germaniýa, Angliýa, Ispaniýa, GDA döwletleri, arap ýurtlary (jemi 25 döwlet) çykyş etdi. Şeýle köp döwletleriň işeňňir gatnaşmagynda taýýarlanan möhüm resminama BMG-niň taryhynda ilkinji gezek kabul edildi.

BMG-niň Kararnamasyna laýyklykda, 1995-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň Halk Maslahaty ýurduň Konstitusiýasynyň 1-nji we 6-njy maddalaryna degişli üýtgeşmeler we goşmaçalar girizdi. Mundan başga-da, «Türkmenistanyň Hemişelik Bitaraplygy hakynda» Konstitusion kanun we «Adam hukuklary babatda Bitarap Türkmenistanyň halkara borçnamalary hakynda» Jarnama kabul edildi. Bu möhüm resminamalarda Türkmenistanyň

---

[1] *S. Türkmenbaşy*. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy BMG-niň we dünýä bileleşiginiň şu eýýamdaky gelen iň möhüm kararydyr. – Aşgabat, 1996. -9 s.

özüni hemişelik bitarap döwlet diýip jar etmeginiň halkymyzyň häzirki we geljekki nesilleriniň durmuşynda ägirt uly ähmiýeti nygtalyp bellenilýär.

Hakykatdan-da, ýaş milli döwletiň, külli türkmeniň durmuşyndaky bu görlüp-eşidilmedik wakanyň ähmiýeti örän uludyr. Bitaraplyk halkymyzyň taryhy ykbalynda Garaşsyzlyk bilen bir hatarda duran ägirt hadysadyr. Ol ýurdumyzyň her bir raýaty üçin parahat durmuşyň kepillendirmesidir, ertirki gününe ynamly garamakdyr, arkaýyn zähmet çekmek we erkana nesil ýetişdirmek mümkinçiligidir.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy dünýä syýasatynda, halkara gatnaşyklarynda täze hadysadyr. Onuň düýp manysy ynsanperwerlikdir. Ol ägirt uly ruhy-ahlak güýçdür. Türkmen bitaraplygynyň şeýle güýje eýedigine, onuň sebitde howpsuzlyga we durnuklylyga uly goşant goşýandygyna dünýä jemgyýetçiligi barha aýdyň göz ýetirýär.

***Soraglar we ýumuşlar***

1. Türkmenistanyň daşary syýasatynda bitaraplyk ýörelgesiniň many-mazmuny barada näme aýdyp bilersiňiz?
2. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk ideýasynyň YHG-ä we Goşulmazlyk hereketine girýän döwletler tarapyndan goldaw tapyşy hakda gürrüň beriň.
3. BMG-niň Baş Assambleýasynda «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» hakyndaky Kararnama haçan kabul edildi? Kararnamanyň hemaýatkärleri hökmünde haýsy döwletler çykyş etdiler?
4. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň halkymyzyň häzirki we geljekki nesilleri üçin ähmiýeti barada referat ýazyň.

## §14. Türkmenistanyň dünýä döwletleri bilen deňhukukly we dostlukly gatnaşyklarynyň ösdürilmegi

Türkmenistanyň daşary syýasatynda dünýä döwletleri bilen hoşniýetli gatnaşyklaryň ýola goýulmagy we ösdürilmegi onuň içeri syýasatynda ýurdy sosial-ykdysady

taýdan düýpli özgertmegiň we halkyň maddy hal-ýagdaýyny ýokary götermegiň bähbitlerine gönükdirilendir. Şol sebäpli garaşsyzlygyň ilkinji ýylynda oňyn bitaraplyk syýasaty bilen bir wagtyň özünde «Açyk gapylar» syýasaty hem yglan edildi.

«Açyk gapylar» syýasaty näme? Bu – daşary ýurt maýalaryna, harytlaryna ýol açmakdyr, daşary ýurt maýadarlaryny bilelikdäki kärhanalary gurmak işine çekmek arkaly milli ykdysadyýetimize häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmak we dünýä bazarlarynda bäsleşige ukyply önümleri öndürmekdir. Şol döwürde şeýle syýasatyň yglan edilmegi zerurlykdy. Sosial-ykdysady meseleleri ýeterlik serişdeler ýok halatynda ýurduň ýeke özi çözüp biljek däldi. Diňe daşary ýurt maýadarlarynyň kömegi bilen düýpli ykdysady özgertmeleri başlamak mümkindi.

«Açyk gapylar» syýasatynyň yglan edilmegi bilen, «Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakyndaky», «Türkmenistanda daşary ýurt inwestisiýalary hakyndaky» (1992 ý.) kanunlar we «Daşary ýurtlaryň inwestisiýalaryny we maýa goýumlaryny goramagyň kepilnamalary hakyndaky» (1993 ý.) karar kabul edildi. Başgaçada aýdylanda, daşary ýurt kompaniýalarynyň Türkmenistanda işlemekleri üçin hukuk giňişligi döredildi, olaryň milli ykdysadyýete maýa goýumlarynyň goraglylygy kepillendirildi.

1991–1993-nji ýyllarda Türkmenistan bilen Özbegistanyň, Türkmenistan bilen Gazagystanyň, Türkmenistan bilen Eýranyň arasynda Dostluk we hyzmatdaşlyk hakynda şertnamalara gol çekildi. Goňşy Owganystanda harby-syýasy ýagdaýyň çylşyrymlydygyna garamazdan, bu ýurt bilenem ylmy-tehniki, söwda we medeni hyzmatdaşlyk hakynda ylalaşyk baglaşyldy. Bu resminamalar esasynda goňşy döwletler bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklar ösdürilip başlandy. Mysal üçin, türkmen-eýran hyzmatdaşlygy giň gerime eýe boldy. 2007-nji ýyla çenli Türkmenistanyň we Eýranyň arasynda döwletara gatnaşyklarynyň dürli

ugurlary boýunça 150-ä golaý resminamalara gol çekildi. Özara hyzmatdaşlykda Tejen–Sarahs – Maşat demir ýoly guruldy. Ýoluň Tejen–Sarahs aralygyny (132 *km*) – Türkmenistan, Sarahs–Maşat aralygyny bolsa (168 *km*) Eýran gurdy. Bu ýol Pekinden (Hytaý) Stambula (Türkiýe) çenli uzalyp gidýän Transaziýa demir ýolunyň ýetmeýän bölegidi. 1996-njy ýylda Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň işe girizilmegi bilen, Orta Aziýa döwletleri, şol sanda Türkmenistan üçin dünýä bazarlaryna çykalga açyldy. Türkmen–Eýran hyzmatdaşlygynyň has iri desgalaryndan «Dostluk» suw howdanynyň gurulmagyny hem ýatlap geçmelidir. Bu suw howdany 2004-nji ýylda işe girizildi. Sarahs sebitlerinde ol onlarça müň gektar täze ýerleri özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasynda köpugurly gatnaşyklaryň ygtybarly binýady goýuldy. Hyzmatdaşlygyň dürli ugurlaryny öz içine alýan döwletara we hökümetara resminamalarynyň 60-dan gowragyna gol çekildi. 2008-nji ýylda Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň arasynda baglaşylan ylalaşyga laýyklykda, Demirgazyk–Günorta ulag geçelgesiniň – Uzen (Gazagystan)– Gyzylgaýa–Bereket–Etrek–Gürgen (Eýran) demir ýolunyň gurluşygy başlandy. Demir ýoluň uzynlygy 900 *km*, şonuň 700 *km*-i Türkmenistanyň üstünden geçýär.




2013-nji ýylda demir ýoluň Bereket–Uzen aralygy, 2014-nji ýylda Bereket–Gürgen aralygy hem ulanylmaga berildi. Bu demir ýoluň gurluşygynyň tamam-

lanmagy bilen, döwrümiziň ägirt uly desgasy – Sankt–Peterburgdan (Russiýa Federasiýasy) başlanyp Pars aýlagyna çenli uzalyp gidýän Demirgazyk–Günorta ulag geçelgesi işe girizildi. Ol Russiýa, Gazagystan, Eýran, şeýle hem Skandinawiýa, Baltika ýurtlary, ylaýta-da Türkmenistan üçin uly ähmiýetli geçelgedir. Geçelge Hazaryň tutuş türkmen kenarynyň keşbiniň täzelenmegine ýardam edýär: uç-gyraksyz sähralar ilatlaşýar, abadanlaşýar, täze obalar, şäherçeler döreýär.

Türkmenistan bilen Özbegistanyň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklary barha giň gerim alýar. Söwda--ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-özbek topary işleýär. 2013–2017-nji ýyllarda iki ýurduň arasynda ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda ylalaşyga gol çekildi. Senagat we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk artýar, bilelikdäki kärhanalar gurulýar. Häzir iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygy 600 *mln* amerikan dollaryndan



geçdi we onuň möçberi ýyl-ýyldan köpelýär. 2009-njy ýylda Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý gaz geçirijisi ulanylmaga berildi. Bu ägirt uly desga diňe bir Türkmenistanyň däl, goňşy ýurtlaryň hem beýik Hytaý döwleti bilen hyzmatdaşlygynyň ösmegine ýardam edýär.

Türkmen-owgan ykdysady we medeni hyzmatdaşlygy ýyl-ýyldan pugtalanýar. Ikitaraplaýyn resminamalaryň onlarçasyna gol çekildi we durmuşa geçirilýär. Olaryň arasynda elektrik energiýasy baradaky ylalaşyk örän möhüm orun eýeleýär. Ylalaşyk Owganystanda energodesgalaryň durkyny täzelemek, elektrik geçiriji ulgamy gurmak we elektrik energiýasyny bermek hakyndaky resminamalary öz içine alýar. Ylalaşyk uzak möhlete baglaşylyp, bilelikdäki taslamalar tapgyrlaýyn amala aşyrylýar. 2002-nji ýylda Mary DES-den Owganystanyň demirgazyk we demirgazyk-günbatar welaýatlaryna *200 mln* sagat elektrik energiýasy berildi. 2003-nji ýylda türkmen energetikleri Serhedabat–Hyrat elektrik ulgamynyň gurluşygyny tamamladylar we goňşy ýurda türkmen elektrik energiýasynyň berlişi iki esse artdyryldy. Türkmen elektrik energiýasynyň bahasy 1 *kwt* sagat üçin 2 amerikan senti möçberinde bellenildi. Soňky ýyllarda Owganystana berilýän türkmen elektrik energiýasynyň mukdary bir syhly artdyrylýar.

2013-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň, Owganystanyň Prezidenti Hamid Karzaýyň we Täjigistanyň Prezidenti Emomali Rahmonyň gatnaşmagynda Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan demir ýolunyň gurluşygyna girişildi. Häzir ýoluň Atamyrat-Ymamnazar aralygy (85 *km*) gurulýar. Soňra ýoluň Owganystanyň we Täjigistanyň içinden geçýän böleklerini gurmak bellenilýär. Owgan, täjik halklary bu demir ýoluň gurluşygyna uly umyt bilen garaýarlar. Çünki demir ýoluň işläp başlamagy bilen, bu halklar üçin hem dünýä bazarlaryna çykalga açylýar. Häzirki wagtda Türkmenistan–Owganystan–Päkistan–Hindistan gaz geçirijisini hem gur



maga taýýarlyk görülýär. Gaz geçirijiniň gurulmagy bilen, Türkmenistanyň bu döwletler bilen hyzmatdaşlygynyň täze derejä göteriljekdigi äşgärdir.

Türkmenistanyň Türkiýe bilen köptaraply gatnaşyklary örän çalt depginler bilen ösýär. Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasyndaky hökümetara ykdysady Geňeş hyzmatdaşlygyň ähli ugurlaryny, ylaýta-da söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça yzygiderli iş alyp barýar. 2005-nji ýylda türkmen-türk söwda dolanyşygynyň möçberi 342 *mln* amerikan dollaryna barabardy. 2012-nji ýylda bu görkeziji 3,5 *mlrd* dollara ýetdi. Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasynda energetika, oba hojalygy, tehnologiýa, ulag, gurluşyk, bilim, medeniýet, sport, syýahatçylyk ugurlarynda hem hyzmatdaşlyk ösýär we pugtalanýar.

2010–2011-nji ýyllarda «Awazada» Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Türkiýäniň Prezidenti Abdylla Gül iki gezek duşuşdylar. Prezident-

ler döwletara gatnaşyklarynyň ähli ugurlaryny ara alyp maslahatlaşyp, olardaky depginli ösüşe çuňňur kanagatlanma bildirdiler. Olar bu hyzmatdaşlygyň iki halkyň taryhy kökleriniň, ruhy-medeni gymmatlyklarynyň umumylygyna esaslanýandygyny ýene bir gezek nygtadylar. Prezident Abdylla Gül: «Türkiýe Türkmenistana diňe ygtybarly strategik partner däl, eýsem mähirli dost-dogandyr, bu bolsa biziň hyzmatdaşlygymyza has yzygiderlilik, has açyklyk we ynamlylyk häsiýetini berýär» diýdi.

Türkiýäniň «Kotam Enterpraýzis», «Engin grupp» we başga-da onlarça kompaniýalary Türkmenistanda dokma kärhanalaryny gurýarlar. Iş ýüzünde bu ýerde täze dokma senagat pudagy döredildi we ösdürilýär. «Polimeks» türk kompaniýasy Aşgabatda Olimpiýa şäherjiginiň, täze halkara howa menziliniň we başga-da birnäçe iri desgalaryň gurluşygyny alyp barýar. «Sergi köşgünde» Türkiýäniň gurluşyk materiallary senagatyna bagyşlanan halkara sergi geçirildi (2011 ý.). Sergä gurluşyk pudagyna wekilçilik edýän türk kompaniýalarynyň we firmalarynyň 77-si gatnaşdy. Olar sergide häzirki zaman binagärliginiň iň täze gazananlaryny, iň öňdebaryjy tehnologiýalary özünde jemleýän taslamalary, işläp taýýarlamalary, şeýle hem öndürilýän önümleriň naýbaşy nusgalaryny görkezdiler. Serginiň dowamynda iki ýurduň gurluşyk kompaniýalarynyň arasynda duşuşyklar geçirildi, tejribe alşyldy. Sergi iki dostlukly ýurduň gurluşyk pudagynda hem tagallalarynyň birleşýändigini, meýilleriniň birmeňzeşdigini äşgär etdi.

Häzirki wagtda türkmen-türk ykdysady hyzmatdaşlygy has çuňlaşýar. Ol diňe Türkmenistanyň däl, Türkiýäniň hem ykdysadyýetini ösdürmeklige gönükdirilýär. Türkiýede barha köp kärhanalar Türkmenistanyň buýurmalary esasynda gerekli önümleri öndürmeklige ýöriteleşdirilýär. Bu eýýäm türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň täze mazmuna eýe bolýandygynyň alamatydyr. Şeýle hyzmatdaşlyk Türk-

menistan üçin-de, Türkiýe üçin-de bähbitlidir. Ol milli ykdysadyýetleriň kem-kemden goşulyşyp, sazlaşykly ösmegine alyp barýar.



2012-nji ýylda Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 20 ýyllygy hem-de Dostluk we hyzmatdaşlyk hakyndaky şertnama gol çekilmeginiň 10 ýyllygy bellenilip geçildi. Şol ýyllaryň dowamynda iki ýurduň arasynda köp ugurly gatnaşyklar ýola goýuldy we yzygiderli ösdürilýär. Russiýa Federasiýasy Türkmenistana Milli Goşuny döretmäge, döwlet serhedini goramagy ýola goýmaga ýardam etdi. Döwletara gatnaşyklarynda nebit-gaz toplumyndaky hyzmatdaşlyk aýratyn orun eýeleýär. Türkmen tebigy gazy «Orta Aziýa – Merkez» gaz geçirijisi arkaly Russiýa tarap hem akdyrylýar. 2010-njy ýylda Aşgabatda I.M. Gubkin adyndaky Russiýa döwlet nebit-gaz uniwersitetiniň şahamçasy açyldy. Onda Russiýadan çagyrylan nebit-gaz ugrundaky belli alymlar talyplara sapak berýärler.

Häzirki wagtda Türkmenistanda bilelikdäki kärhanalaryň, rus kompaniýalarynyň 180-e golaýy işleýär. Olardan «Силовые машины», «Итера», «Возрождение» ýaly kompaniýalar senagat we durmuş maksatly desgalary, ýollary, aragatnaşyk ulgamlaryny gurýarlar. Soňky ýyllarda özara bähbitli gatnaşyklar has çuňlaşyp, gös-göni Russiýanyň aýry-aýry sebitlerini hem öz içine aldy. Häzirki wagtda Türkmenistan Tatarystan Respublikasy, Astrahan oblasty,

Sankt-Peterburg şäheri bilen hyzmatdaşlyk edýär. Türkmenistanyň buýurmalary esasynda Tatarystanda «KAMAZ» ýük awtomaşynlary, Astrahanda Türkmen deňiz floty üçin gämiler, Sankt-Peterburgda Mary DES-niň döwrebaplaşdyrylýan energobloklary üçin turbinalar öndürilýär. Şeýle giň hem çuň hyzmatdaşlyk döwletleriň ikisiniňem jana-jan bähbitlerine laýyk gelýär.

Türkmenistan bilen Belarus Resbuplikasynyň arasyndaky gatnaşyklar kadaly ösdürilýär. Iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk soňky ýyllarda hil taýdan täze derejä göterildi. 2009-njy ýylyň iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Belarus Resbuplikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenkonyň gatnaşmagynda Garlyk dag-magdan toplumynyň gurluşygyna badalga berildi. Kuwwaty *1,4 mln t* kaliý dökünlerini öndürmäge niýetlenen toplumyň gurluşygy APJ «Белгорхимпром» tarapyndan amala aşyrylýar. Belarus gurluşykçylary toplumyň golaýynda Garlyk şäherçesini hem gurýarlar. Sebitde örän iri bu dag-magdan toplumy işe girizilensoň, onuň ikinji, üçünji nobatdakylaryny hem gurmak we umumy kuwwatyny 4–4,5 *mln t* ýetirmek göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda belarus kapitalynyň gatnaşmagynda 15 sany kärhana hereket edýär. Belarus Resbuplikasy Türkmenistana köp mukdarda oba hojalyk tehnikalaryny iberýär. Aşgabatda Belarus Resbuplikasynyň, Minskde Türkmenistanyň söwda öýleri açyldy.

Türkmenistanyň daşary syýasatynda ABŞ, Germaniýa, Fransiýa, Hytaý, Ýaponiýa, Günorta Koreýa ýaly dünýäniň ösen döwletleri bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýär. Bazar ykdysadyýetine geçmekde, halk hojalygynyň industrial derejesini ýokary götermekde bu döwletleriň ylymda we tehnikada gazananlaryny peýdalanmak zerurdyr. Türkmenistan bilen ABŞ-nyň arasynda energetika, oba hojalygy, ulag, saglygy goraýyş we bilim ugurlarynda giň göwrümli gatnaşyklar ösdürilýär. Türk-

menistana amerikan kompaniýalary «Boing», «Jeneral elektrik», «Katerpiller» we ş.m. häzirki zaman uçarlaryny, elektrik stansiýalary üçin gaz turbinalaryny, oba hojalyk tehnikalaryny iberýär. «Simens», «Bentek», «Mannesman» ýaly nemes kompaniýalary hem türkmen bazaryny özleşdirip, söwda we dokma senagaty, nebit-gaz we käbir beýleki pudaklarda hyzmatdaşlyk edýärler. Nemes kompaniýalary Türkmenistanyň saglygy goraýyş edaralaryny kämil lukmançylyk enjamlary bilen üpjün etmekde-de netijeli iş alyp barýarlar. Fransiýanyň «Sersel», «Tomson», «Buig» we käbir beýleki kompaniýalary hem köp ýyllardan bäri Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk edýärler. «Sersel» kompaniýasynyň enjamlary alty-ýedi müň metre çenli çuňluklarda nebit-gaz ýataklaryny burawlamaga mümkinçilik berýär. «Tomson» kompaniýasynyň awianawigasiýa ulgamy Aşgabadyň halkara howa menzilinde oturdyldy. Ulgamda iňňän kämil enjamlar bolup, olaryň kömegi bilen Türkmenistanyň çägindäki uçuşlara ýeke-täk awtomatlaşdyrylan merkezden gözegçilik amala aşyrylýar we uçuşlaryň howpsuzlygy üpjün edilýär. «Buig» kompaniýasy barada aýdylanda, Gökdepedäki «Saparmyrat hajy metjidi», Gypjakdaky «Türkmenbaşynyň Ruhy metjidi», Aşgabatdaky Ruhyýet köşgi, Oguzkent myhmanhanasy, Halkara uniwersiteti onuň guran ajaýyp binalarydyr.

Türkmenistanyň Hytaý we Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygyny aýratyn bellemek gerek. Çünki soňky ýyllarda bu döwletleriň ikisi hem Türkmenistanyň strategik hyzmatdaşlaryna öwrüldi. Türkmen–hytaý, türkmen–ýapon hyzmatdaşlygy ylaýta-da nebit-gaz, nebit-himiýa pudaklarynda çalt depginler bilen ösdürilýär. Hytaý, Günorta Koreýa, Birleşen Arap Emiratlarynyň kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Mary welaýatynda «Galkynyş» (ozalky Günorta Ýolöten, Osman) gaz käni senagat taýdan özleşdirilýär.





Tebigy gazy arassalap, harytlyk «mawy ýangyjy» öndürýän zawodlar we başga-da köp desgalar gurulýar. 2013-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin bu ýerde ilkinji gaz arassalaýjy zawodlaryň açylyş dabarasyna gatnaşdylar. Olar türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň ösüş dinamikasyna ýokary baha berdiler. Soňky ýyllarda özara söwdanyň möçberiniň 100 esseden-de köpräk artandygyny, ýöne entegem onuň aňryçäk däldigini bellediler. Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý gaz geçirijisiniň ikinji nobatdakysyny gurmak baradaky ylalaşyga hem gol çekildi. Ozal 2040-njy ýyla çenli ýylda 40 *mlrd.kub m* türkmen gazyny Hytaýa tarap akdyrmak göz öňünde tutulýardy. Indi ýene goşmaça ylalaşyk baglaşylyp, onuň möçberini 65 *mlrd.kub m* ýetirmek bellenildi. Türkmen-hytaý hyzmatdaşlygy nebit guýularyny dikeltmekde, lokomotiw–wa-

gon parkyny täzelemekde, aragatnaşykda we başga-da köp ugurlarda üstünlikli ösdürilýär.

2013-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow resmi sapar bilen Ýaponiýa bardy. Türkmen döwletiniň baştutanyny Ýaponiýanyň imperatory Akihito kabul etdi we iki ýurduň hoşmeýilli gatnaşyklaryny goldaýandygyny aýtdy. Soňra Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Ýaponiýanyň Premýer-ministri Sindao Abeniň gepleşikleri bolup, döwletara gatnaşyklarynyň ähli ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Gepleşikleriň netijesinde ylalaşyklaryň tutuş toplumyna gol çekildi. Olaryň arasynda Ýaponiýanyň, Günorta Koreýanyň, Türkiýäniň kompaniýalarynyň bilelikdäki Türkmenistanda Hazar deňzinden çykarylýan tebigy gazy gaýtadan işläp, sintetik suwuk ýangyç öndürýän zawodyň; polietilen öndürýän zawodyň; benzin öndürýän zawodyň; polietilen we polipropilen gazhimiýa toplumynyň, Türkmenabadyň himiýa zawodynda kükürt kislotasyny öndürýän sehiň, Garabogaz şäherinde natriniň sulfaty we ýuwujy poroşok öndürýän zawodyň, ammiak we karbamit öndürýän zawodyň taslamasyny düzmek we gurmak baradaky ylalaşyklar örän möhümdir. Umumy bahasy 20 *mlrd* amerikan dollaryna barabar bolan bu kärhanalaryň gurluşygy başlandy. Ýakyn ýyllarda olaryň işe girizilmegi bilen, Türkmenistanyň ýangyç-energetika, himiýa senagat önümçiliginiň düýpli artjakdygy gumansyzdyr.

Türkmenistan Kawkaz, Baltika, Skandanawiýa, Arap ýurtlary bilen döwletara gatnaşyklary ýola goýdy we kadaly ösdürýär. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 131 döwleti bilen dostlukly gatnaşyklary saklaýar we hyzmatdaşlyk edýär. Bu hyzmatdaşlyk ýurduň halk hojalygyna häzirki zaman ylmynyň we tehnikasynyň iň täze gazananlaryny ornaşdyrmaga, ummasyz kän tebigy baýlyklary milli bähbitlere laýyklykda özleşdirmäge ýardam edýär.

1. Türkmenistanda yglan edilen «Açyk gapylar» syýasatyna siz nähili düşünýärsiňiz?
2. Türkmenistanyň goňşy Eýran, Özbegistan, Gazagystan, Owganystan bilen hoşniýetli gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy barada referat ýazyň.
3. Türkmenistanyň Türkiýe bilen gatnaşyklarynda ykdysady hyzmatdaşlygyň ösüşi barada gürrüň beriň.
4. Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasy, Belarus Resbuplikasy bilen hyzmatdaşlygy barada näme aýdyp bilersiňiz?
5. Türkmenistanda ABŞ-nyň, Germaniýanyň, Fransiýanyň haýsy kompaniýalary hereket edýär? Olaryň alyp barýan işleri barada näme bilýärsiňiz?
6. Türkmenistanyň Hytaý hem Ýaponiýa bilen dostlukly gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy barada gürrüň bermäge taýýarlyk görüň.

## §15. Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi

1991-nji ýylyň 21-nji maýynda Aşgabatda adatdakylardan üýtgeşik bir waka bolup geçdi. Şol gün irki döwürlerde ykballary gaýry ýurtlara baglanyp, ata Watanyň zaryny çekip ýören türkmenleriň wekilleri «Mekan» köşgüne – özleriniň I konferensiýasyna ýygnandylar. Olar Ene toprakda güler ýüz bilen garşy alyndy. Konferensiýada Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi (DTYB) döredildi.

Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi öňki SSSR-iň düzümindäki halklaryň arasynda türkmenleriň ilkinji bolup, ähli ýurtlardaky öz kowumdaşlary bilen bir supranyň daşyna jebisleşendigini alamatlandyrdy. DTYB-niň baş müdirligi «Mekan» köşgünde ýerleşip, onda türkmen halkynyň taryhyny, edebiýatyny, sungatyny, medeni mirasyny öwrenmek, ykdysadyýet we täjirçilik, sport hem jahankeşdelik, neşirýat işlerinde arkadaşlarymyz bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak boýunça komitetler döredildi. Jemgyýetçilik başlangyçlarynda işleýän bu komitetlere gör-

nükli alymlar çekildi. DTYB-niň «Türkmen sesi»[1] atly gazeti döredildi. Gazet latyn, arap, rus elipbiýlerini peýdalanmak bilen, türkmen dilinde neşir edilip, daşary ýurtlardaky arkadaşlarymyzyň arasynda ýaýradylýar.

Dünýä türkmenleriniň I konferensiýasyna gatnaşan wekiller Ýer ýüzünde ýaşap ýören arkadaşlarymyza açyk salamnama bilen ýüzlendiler. Bu örän tolgundyryjy ýüzlenmeden birnäçe parçany resminama hökmünde getirýäris:

«Gadyrly doganlar!

Adamzat öz taryhynda niçeme pajyga-jeňleri başdan geçiren-de bolsa, öz medeni ruhy hem-de ahlakly genji-känini saklap, ony ösdürip-pajarlap geldi.

Jahanda bar bolan ululy-kiçili müňde bir halkdan dama-dama önen bu düýpsüz ummanda türkmen halkynyň medeniýeti, milli däp-dessurlary-da bir göwher katradyr. Biz gadymy oguzlaryň, Däde Gorkudyň, Göroglynyň, As-Sulynyň, Babagammaryň, Ýunus Emräniň, Nesiminiň, Fizuliniň, Baýram hanyň, Garajaoglanyň, Mürze Galybyň, Nowaýynyň, Mahmyt Kaşgarlynyň, Hoja Ahmet Ýasawynyň, Magtymguly Pyragynyň we ençeme gaýry ägirtleriň kämil beren ruhy, ahlagy, medeni genjiniň mirasdüşerleridiris.

Bu gün biziň medeni genjimiziň nusgalary her tüýsli taryhy şertleriň emri bilen Magryba, Maşryga, dünýäniň dürli künjüne ýaýrapdyr. Ol medeniýet, halkymyzyň ahlak-iman dessury ykbal tartyp Aziýanyň, Ýewropanyň, Amerikanyň we Afrikanyň dürli ýurtlarynda mekan tutup ýaşamaly bolan ildeşlerimiziň edebi köňül sesidir, ruhy daýanjydyr.

Adamzadyň başyndan ýadro hem ekologiýa howpunyň, ahlak awaralygy wehiminiň ýitip gitmedik şindiki zamanynda milli medeniýetimizi goramak, ösdürmek, ony hemme üçin mümkingadar elýeterli edip, giňden ündemek, mundan bu ýana-da ynsan siwilizasiýasynyň, dünýä parahatçylygynyň hyzmatynda goýmak biziň her birimiziň borju-parzymyzdyr we her birimiziň tagallamyza baglydyr... .

---

[1] Häzir bu gazet «Türkmen dünýäsi» ady bilen çykýar.

Biz köp ýurtlarda ýaşaýan türkmenleri baryş-gelşimizi ýygjamlatmaga, birek-birek bilen mümkingadar giňden habar alyşmaga, taryhy, medeni mirasymyz babatda arkalaşyp maglumat toplamaga, muny bilelikde has-da çuň öwrenmäge, çugdamlap, ile-güne wagyz etmäge, halkymyzyň däp-dessuryny, ahlak daragtyny mukaddes saklap, medeni, ylmy, ykdysady, söwda, turizm we gaýry işewür gatnaşyklary ýola goýmaga hem ýaýbaňlandyrmaga çagyrýarys. Baş edarasy Aşgabat şäherinde ýerleşen Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi bilen birsyhly we jebis aragatnaşyk edip durmaga çagyrýarys».

Ynsanperwer häsiýetli, asylly maksatly bu çagyryş Türkmenistanyň içinde-de, daşary ýurtly arkadaşlarymyzyň arasynda-da goldaw tapdy. Az wagtyň içinde ýurdumyzyň öňdebaryjy kärhanalarynyň, guramalarynyň onlarçasy, tanymal jemgyýetçilik, ylym, medeniýet we sungat işgärleriniň ýüzlerçesi DTYB-niň düzümine girdiler.

Mälim bolşy ýaly, daşary ýurtlarda türkmenleriň millionlarçasy ýaşaýar. Eýranda, Owganystanda, Özbegistanda, Täjigistanda, Siriýada, Yrakda, Russiýa Federasiýasynda we başga-da käbir ýurtlarda türkmenler kowçum bolup ýaşaýarlar. Şol ýurtlarda hem DTYB-niň bölümleri döredildi. Ol bölümleriň kömegi bilen daşary ýurtlardaky ildeşlerimiziň ýerleşişi, durmuş ýagdaýlary, taryhy-medeni mirasy baradaky meseleler öwrenilýär. Toplanan maglumatlar DTYB-niň ylmy konferensiýalarynda birnäçe gezek ara alnyp maslahatlaşyldy. «Dünýä türkmenleri», «Eýran türkmenleri», «Owganystanly türkmenleri», «Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi» ýaly ylmy-populýar kitaplar neşir edildi.

2007-nji ýylyň oktýabrynda DTYB-niň X ýubileý konferensiýasy boldy. Konferensiýada Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu birleşigiň hem Prezidentligine saýlanyldy. Dabaraly ýygnanyşykda sözlän sözünde, Prezident DTYB-niň işiniň esasy ugurlaryny, arkadaşlarymyz bilen doganlyk gatnaşyklary pugtalandyr-

mak, Türkmenistanda bolup geçýän düýpli özgerişlikleri olaryň arasynda wagyz etmek wezipelerini kesgitledi.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň her welaýatynda DTYB-niň bölümleri işleýär. Birleşigiň düzüminde dünýäniň 14 ýurdundan 27 bölüm hereket edýär. Birleşikde köpçülikleýin agzalaryň 300-e golaýy, ýekebara agzalaryň hem ýüzlerçesi bar. Daşary ýurtly arkadaşlarymyz bilen alnyp barylýan işleriň many-mazmuny barha baýlaşýar. Mysal üçin, milletiň ruhy bitewüligine ýardam etmek, özboluşly türkmen däplerini we adatlaryny aýap saklamak, milli medeniýeti wagyz etmek maksady bilen, Türkmenistanda her ýyl geçirilýän «Özgeriş ülkesi – türkmen ýaýlasy» atly festiwal ýurdumyzyň çäklerinden uzaklarda-da meşhurlyga eýe boldy. Daşary ýurtly arkadaşlarymyz bu festiwala höwes bilen gatnaşýarlar. Olaryň wekillerini Türkmenistanda Döwlet baýramçylyklaryna, Ýaşulular maslahatlaryna çagyrmak hem däbe öwrüldi. Bilim we ylym, medeniýet we sungat, telekeçilik ýaly ugurlarda gatnaşyklar ösýär we pugtalanýar.

***Soraglar we ýumuşlar***

1. Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi (DTYB) haçan we näme maksat bilen döredildi?
2. Dünýä türkmenleriniň I konferensiýasynda kabul edilen ýüzlenmäni üns berip okaň we onuň many-mazmuny barada gürrüň beriň.
3. Dünýä türkmenleri barada nähili kitaplar neşir edildi? Siziň olardan okap göreniňiz barmy?

## §16. Türkmenistanyň halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy

Türkmenistanyň daşary syýasatynda halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmek esasy ugurlaryň biridir. Şunda Birleşen Milletler Guramasy bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Ol düşnüklidir. BMG dünýäniň endigan ösüşini üpjün etmegiň örän täsirli guralydyr. Aşgabatda BMG-niň wekilhanasynyň açylmagy (1994 ý.)

bilen, onuň düzümindäki ähli gulluklar we guramalar hyzmatdaşlyga başladylar. Eýýäm 1995–1997-nji ýyllarda BMG-niň diňe Ösüş maksatnamasynyň hünärmenleri Türkmenistanda jemagat hojalygynda, poçta aragatnaşygynda saglygy goraýyş we bilim ulgamyndaky özgertmeler boýunça düzülen taslamalary durmuşa geçirdiler.

1995-nji ýylda Türkmenistan bilen BMG-niň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) arasynda hyzmatdaşlyk etmegiň bäş ýyllyk maksatnamasyna gol çekildi. Onda eneleriň we çagalaryň saglygyny goramak baradaky işleri üzül-kesil güýçlendirmek zerurlygy bellenildi. ÝUNISEF-iň bilermenleri Türkmenistanyň saglygy goraýyş işgärleri bilen hyzmatdaşlykda, ýurtda köp ýyllardan bäri eneleriň we çagalaryň ölüm-ýitim derejesiniň örän ýokary bolmagynyň sebäbini anykladylar: eneleriň bedeninde demir maddasynyň ýetmezligi bar eken. Ozal bolsa bu belanyň düýp sebäbi anemiýa (ganazlyk) keselidir öýdülýärdi. Dert bilnensoň, dermanam tapyldy: bugdaý uny demir bilen baýlaşdyryldy; aýallaryň arasynda demir garyndyly dermanlar ýaýradylyp başlandy; çagalara medisina gözegçiliginiň maksatnamasy giňeldildi. Netijede, Türkmenistanda eneleriň we çagalaryň ölüm-ýitim derejesi ep-esli aşak düşdi.

Türkmenistan bilen BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet işleri baradaky guramasynyň (ÝUNESKO-nyň) hyzmatdaşlygy ýyl-ýyldan pugtalanýar we oňat netijeler berýär. ÝUNESKO-nyň baş edarasy Parižde ýerleşýär. Onuň ýanynda Halkara meýilnamalaşdyryş we bilim instituty işleýär. Ol bilim ulgamyny meýilnamalaşdyrmak we dolandyrmak babatda dünýäde örän uly ylmy-barlag merkezidir. Institut diňe bir pedagogik usul bilen meşgullanman, bilim ulgamyny guramagyň we dolandyrmagyň ähli taraplaryny öwrenýär. Her ýyl dürli ýurtlardan dolandyryş hünärmenlerini taýýarlamagyň on aýlyk okuwlary guralýar. Institut ÝUNESKO-nyň agzalary bolup durýan döwletleriň köpüsi üçin taslamalaryň 100-den gowragyny ýerine ýetirdi. Ýörite taýýarlanan edebiýatlaryň 700-e golaýyny çap etdi. Institutyň ylmy teklipleri hökümetlere maslahat hökmünde hödürlenýär. Institut Orta Aziýa

ýurtlarynyň, şol sanda Türkmenistanyň bilim ulgamyny özgertmek boýunça teklipleriň birnäçesini hödürledi. Ol teklipler, esasan, bilimi dolandyryş düzümini kämilleşdirmäge, hünärmenleri gaýtadan taýýarlamaga gönükdirilendir.

Türkmenistan ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni we tebigy miras boýunça Konwensiýasyna goşuldy. Bu Konwensiýa dünýäde umumadamzat medeniýetiniň ösmegi üçin aýratyn ähmiýetli gymmatlyklary geljekki nesiller üçin gorap saklamak ýörelgesine esaslanýar. Türkmenistanda hem medeni mirasy gorap saklamak boýunça uly işler amala aşyrylýar. Şu nazarda tutulyp, 1999-njy ýylda Merwiň, 2005-nji ýylda Gürgenjiň (Köneürgenjiň), 2007-nji ýylda Nusaýyň gadymy ýadygärlikleri ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň Sanawyna girizildi. Häzirki wagtda ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde Sünt-Hasar, Badhyz, Amyderýa, Repetek, Hazar, dinozawrlaryň yzlary bilen dünýäde tanalýan Köýtendag tebigy goraghanalaryny, täsin ekologik ulgam bolan Garagum çölüni Bütindünýä mirasynyň Sanawyna goşmak barada ýörite teklipler taýýarlanyldy we guramanyň garamagyna hödürlenildi.

Türkmenistan BMG-niň Daşky gurşaw maksatnamasy (ÝUNEP) bilen hem hyzmatdaşlyk edýär. Milletleriň dünýä bileleşiginiň daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly 4 sany global Konwensiýasy hereket edýär. Olardan 3-si, has takygy Biologik dürlülik hakyndaky, Klimatyň üýtgemegi hakyndaky; Çölleşmä garşy göreş hakyndaky Konwensiýalar 1992-nji ýylda Rio-de Žaneýroda (Braziliýa) 100 döwletiň goldamagynda kabul edildi; dördünjisi – Ozon gatlagyny weýran ediji jisimler hakyndaky Konwensiýa bolsa Wenada (Awstriýa) gol çekildi. Türkmenistan BMG-niň bu global Konswensiýalarynyň hemmesine goşuldy. Ýurtda «Tebigaty goramak hakynda», «Ösümlik dünýäsini goramak we aýawly peýdalanmak hakynda», «Haýwanat dünýäsini goramak we aýawly peýdalanmak hakynda», «Howa giňişligini goramak hakynda», «Döwlet ekologiýa ekspertizasy hakynda» we başga-da ençeme kanunlar kabul edilip, daşky gurşawy goramak işi döwlet ähmiýetli derejä göterildi.

2002-nji ýylda «Türkmenistanyň Prezidentiniň Daş-töweregi goramak hereketleriniň milli maksatnamasy» (DTGMM) kabul edildi. Ol işlenip düzülende BMG-niň global Konwensiýalarynyň, Türkmenistanyň ekologiýa ulgamlaryny goramak baradaky kanunlarynyň esasy ýörelgeleri nazarda tutuldy. DTGMM-niň baş ugurlary:

– daşky gurşaw şertleriniň ilatyň saglygyna amatsyz täsirini azaltmakdan;

– tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmakdan;

– dünýä ekologiýa meselelerini çözmäge Türkmenistanyň işjeň hyzmatdaşlyk etmeginden ybaratdyr.

Türkmenistanda, ÝUNEP bilen hyzmatdaşlykda bu ugurlarda uly işler alnyp barylýar. Aralýaka we käbir sebitlerde ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça çäreler durmuşa geçirilýär. Şäherleriň we obalaryň sanitariýa-arassaçylygyna üns güýçlenýär. Senagat kärhanalarynyň, şeýle hem täze gurulýan kärhanalaryň we beýleki desgalaryň ekologiýa talaplaryna laýyk gelmegine uly ähmiýet berilýär.

2007-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Nýu-Ýorkda (ABŞ) BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasyna gatnaşdy. Baş Assambleýanyň sessiýasynda eden çykyşynda ol Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň halkara ähmiýetini açyp görkezdi, dünýäde parahatçylygy gorap saklamakda BMG-niň roluny ýokarlandyrmagyň jähtlerini teswirledi. Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow Baş Assambleýanyň wise-başlygy hökmünde ýörite bellenilen wagtda sessiýanyň işine hem ýolbaşçylyk etdi. Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji we 68-nji sessiýalarynyň hem wise-başlyklygyna saýlanyldy. 2012-nji ýylda Türkmenistan BMG-niň Ykdysady we Sosial geňeşiniň (EKOSO) agzalygyna, 2013-nji ýylda bolsa BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Ýerine ýetiriji Geňeşiniň agzalygyna saýlanyldy. BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen guramalary bilen hyzmatdaşlyk



Türkmenistanyň halkara abraýyny artdyrmak bilen birlikde, onuň içeri syýasatynyň käbir möhüm meselelerini çözmäge ýardam edýär.

Türkmenistanyň Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy (ÝHHG) bilen hyzmatdaşlygy, «Tasis» maksatnamasy, Orta Aziýa–Kawkaz-Ýewropa ulag geçelgesi (TraSEK-a) we başga-da käbir ugurlarda alnyp barylýar. «Tasis» maksatnamasy Ýewropa Bileleşiginde SSSR dargan döwründe, onuň çäklerinde dörän ýaş döwletleri bilim we tehnika taýdan goldamak üçin işlenip düzüldi. Bu maksatnama GDA döwletleriniň arasynda ilkinjileriň hatarynda Türkmenistanda durmuşa geçirildi. «Tasisiň» hünärmenleri bu ýerde halk hojalyk işgärleriniň bilimlerini kämilleşdirmek, ösüş taslamalarynyň tehniki-ykdysady esaslandyrmalaryny taýýarlamak baradaky işlere kömek etdiler. Halk hojalygynyň käbir pudaklarynda taslamalar gös-göni olaryň özleri tarapyndan hem düzüldi we ýerine ýetirildi.

TraSEK-a hakda aýdylanda, bu ýerde demir ýoly täzeden gurmak däl-de, bar bolan mümkinçilikleri peýda-

lanmak hakyndaky Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna (YHG) girýän döwletleriň baştutanlarynyň Aşgabat duşuşygynda (1996-njy ý., maý) taslama ara alnyp maslahatlaşyldy. Taslama bada-bat ÝHHG-de we degişli döwletlerde gyzyklanma döretdi we bu hakdaky ylalaşyga, ÝHHG-niň wekilleriniň gatnaşmagynda Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Azerbaýjanyň, Gruziýanyň we Rumyniýanyň döwlet, hökümet ýolbaşçylary gol çekdiler. TraSEK demir ýol geçelgesi işläp başlady. Ol Daşkentden (Özbegistan) başlanyp, Türkmenabat–Mary–Aşgabat–Bereket–Balkanabat–Türkmenbaşy şäherleriniň üstünden geçýär. Hazar deňzinde parom bilen Bakuwa barýar we Transkawkaz demir ýoluna birigýär. Soňra Tbilisiniň üstünden geçip, Poti portuna barýar, ondanam Gara deňizde parom arkaly Konstansa (Rumyniýa) portuna ýetip, demir ýola goşulýar-da, Ýewropa ýurtlaryna çykýar. TraSEK-a geçelgesiniň açylmagy Orta Aziýa döwletleri, şol sanda Türkmenistan üçin zerurlykdy. Ol bu döwletlere dünýä bazarlaryna çykalga açdy.

Türkmenistanyň YHG bilen hyzmatdaşlygy hem örän möhüm taslamalary amala aşyrmaga mümkinçilik berdi. YHG-niň Ministrler Geňeşi «1995–2004-nji ýyllar Ulagyň we aragatnaşygyň on ýyllygy» diýip yglan etdi. Bu meýilnamanyň düýp maksady sebitiň ýurtlary üçin dünýä bazarlaryna ýol açmakdy. Ol ylaýta-da ykdysadyýetinde çig mal öndürmeklik agdyklyk eden Orta Aziýa döwletleri, şol sanda Türkmenistan üçin möhümdi.

Ulagyň we Aragatnaşygyň on ýyllygy meýilnamasyna laýyklykda, TraSEK, Demirgazyk–Günorta ulag geçelgeleri, Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoly baradaky taslamalar işlenip düzüldi. Ozal bellenip geçilişi ýaly, TraSEK ulag geçelgesi, Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoly 1996-njy ýylda işläp başlady. Dürli sebäplere görä, Demirgazyk–Günorta ulag geçelgesi baradaky taslama biraz soňrak – 2008–2014-nji ýyllarda amala aşyryldy. Bu taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen, sebitiň ýurtlary üçin Gündogarda we Gün-

batarda, Günortada we Demirgazykda dünýä bazarlarynyň gapysy giňden açyldy.

Ulagyň we Aragatnaşygyň onýyllyk meýilnamasynda bellenen ägirt uly taslamalaryň biri-de Transaziýa – – Ýewropa aýna-süýüm aragatnaşyk ulgamydyr. Bu häzirki zaman aragatnaşyk ulgamynyň gurluşygyny Bütindünýä banky maliýeleşdirdi. Ulgam Hytaýyň Şanhaý şäherinden Germaniýanyň Maýn boýundaky Frankfurt şäherine çenli çekildi we YHG döwletleriniň teledesgalar ulgamyny döwrebaplaşdyrmaga mümkinçilik berdi. Onuň Türkmenistanyň çäkleri boýunça (Farap–Paçgyran) geçýän aralygy 708 *km*-e barabardyr. 1999-njy ýylda ulgam işe girizildi. Şäherleri we obalary telefonlaşdyrmak, ilat arasynda aragatnaşygyň täze hyzmatlaryny ornaşdyrmak işleriniň gerimi giňäp gitdi.

Türkmenistanyň Bütindünýä banky, Ýewropanyň durkuny täzeleýiş we ösüş banky, Yslam Konferensiýasy guramasy, Yslam ösüş banky bilen hyzmatdaşlygy ösýär we pugtalanýar. Häzirki wagtda biziň ýurdumyz halkara guramalarynyň 43-si bilen dostlukly gatnaşyklary saklaýar. Halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň halk hojalygyny ösdürmekligiň, milli ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetine endigan goşulyşmagynyň bähbitlerine laýyk gelýär.

***Soraglar we ýumuşlar***

1. Türkmenistan BMG-niň haýsy guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär? Bu barada referat ýazyň.
2. Türkmenistanyň taryhy-medeni ýadygärliklerinden haýsylar ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň Sanawyna girizildi? Tebigy ýadygärliklerden ýene haýsylaryny şol sanawa goşmak üçin ÝUNESKO-nyň garamagyna berildi?
3. TraSEK ulag geçelgesiniň ugruny kartadan yzarlaň we onuň ähmiýeti barada gürrüň beriň.
4. Transaziýa-Ýewropa aýna-süýüm aragatnaşyk ulgamy haçan işe girizildi? Siz onuň ähmiýeti barada näme aýdyp bilersiňiz?

## §17. Aşgabat sebitde parahatçylyk we hyzmatdaşlyk merkezidir

Türkmenistan daşary döwletler bilen gatnaşyklarynda başdan parahatçylyk we deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine eýerýär. Ýurdumyz geostrategiýa taýdanam amatly ýerde ýerleşýär. Şol sebäpli Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat gysga wagtyň içinde sebitde halkara gepleşikleriniň geçirilýän merkezine öwrüldi. Bu ýerde ilkinji ýokary derejeli halkara duşuşygy eýýäm 1991-nji ýylyň dekabrynda geçirildi. Oňa Orta Aziýa döwletleriniň prezidentleri gatnaşdylar. Olar GDA[1]-nyň döredilmegi bilen emele gelen ýagdaý barada pikir alyşdylar we oňa goşulmak kararyna geldiler. 1993-nji ýylyň dekabrynda Aşgabat GDA döwletleriniň prezidentlerini mähirli garşy aldy. Iki güne çeken duşuşykda Arkalaşygyň döwletleriniň özara gatnaşyklaryny ýola goýmak barada gepleşikler alnyp baryldy we bilelikdäki beýannama kabul edildi. 1995–1997-nji ýyllarda Aşgabatda YHG girýän on ýurduň prezidentleriniň 5 gezek duşuşygy geçirildi. Bu duşuşyklarda Transaziýa–Ýewropa aýna-süýüm aragatnaşyk ulgamyny, halkara demir ýol geçelgelerini we käbir beýleki iri sebit desgalaryny gurmak hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek baradaky meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy we degişli kararlar kabul edildi. Şol ýyllarda Türkmenistan birnäçe gezek YHG-de başlyklyk etdi. Şol sebäpli YHG-de dürli ugurlar boýunça işleýän komitetler öz mejlislerini Aşgabatda geçirdi. BMG, ÝHHG hem käbir möhüm meseleler boýunça forumlary türkmen paýtagtynda geçirip ugradylar. Diňe 1996-njy ýylda Aşgabatda halkara maslahatlarynyň, konferensiýalarynyň,

---

[1] GDA – 1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Minskde Belarus Resbuplikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Ukrainanyň arasynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döredilýändigi baradaky ylalaşyga gol çekildi. Şol ýylyň 21-nji dekabrynda ol ylalaşyga ýene 8 döwlet: Gazagystan, Türkmenistan we beýleki Orta Aziýa, Kawkaz döwletleri hem gol çekdiler.

simpoziumlarynyň 60-dan gowragy geçirildi. Soňky ýyllarda şeýle çäreleriň sany üzül-kesil artdy.

BMG tarapyndan Aşgabatda geçirilen ilkinji halkara çäresi täjigara gepleşikleridir. Täjigistanda 1992-nji ýyldan bäri raýatlyk urşy gidýärdi. Uruş hereketlerini togtatmak üçin BMG täjigara gepleşikleriniň birnäçe tapgyryny geçiripdi. Ýöne netije bolmady. 1995-nji ýylyň güýzünde Türkmenistan täjigara gepleşiklerini Aşgabatda geçirmekligi teklip etdi. Teklip BMG, Täjigistanyň hökümeti we täjik oppozisiýasy tarapyndan goldanylyp, şol ýylyň noýabrynda Aşgabatda täjigara gepleşikleri başlandy. Gepleşiklere BMG-niň Baş sekretarynyň ýörite wekili, synçy döwletler: Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Russiýanyň, Eýranyň, Päkistanyň, Hindistanyň wekilleri gatnaşdylar. Arakesmeler bilen 8 aýa golaý dowam eden gepleşikler kyn hem agyr geçdi. Ýöne taraplar kem-kemden düşünişdiler we 1996-njy ýylyň 19-njy iýulynda ok atmany bes etmek hakda ylalaşdylar. 1997-nji ýylyň awgustynda Moskwada «Täjigistanda ylalaşyk we parahatçylyk hakyndaky» Protokola gol çekildi. Goňşy ýurtda uzaga çeken ganly wakalara gutarnykly nokat goýuldy. Bu ynsanperwer işde Türkmenistanyň araçyllyk tagallasyna BMG uly baha berdi.

Türkmenistanyň ýene bir goňşusy – Owganystanda 1979--njy ýyldan bäri dowam eden gapma-garşylykly çaknyşyklary togtatmak we ýagdaýy kadalaşdyrmak barada hem tagallasyny gaýgyrmady. 1997-nji ýylyň başynda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda Owganystana ýardam etmek boýunça wekilçilikli ýygnanyşyk geçirildi. Gyzyl haç we Gyzyl ýarymaý jemgyýetiniň, Bütindünýä bankynyň, Halkara walýuta gaznasynyň, Yslam konferensiýasy guramasynyň, birentek halkara agentlikleriniň we hökümet gaznalarynyň wekilleriniň (jemi 300 adam) gatnaşan ýygnanyşygyna BMG--niň Baş sekretarynyň orunbasary Ýasuşi Akaşi başlyklyk etdi. Aşgabat ýygnanyşygynyň çäklerinde seminarlar we konferensiýalar geçirilip, netijede ynsanperwer kömegi iber-

jek bitewi utgaşdyryjy kömegi ýerlerde paýlamak üçin edara döredildi; ynsanperwer kömegiň ugurlary kesgitlenildi, kömegi bermegiň dürli jähtleri anyklanyldy. Ýygnanyşygyň barşynda Owganystanda oba hojalygyny, hususan-da maldarçylygy ösdürmek, şäher hojalygyny dikeltmek, maýyp-müjrüpleri, çagalary, aýallary, garrylary däri-dermanlar bilen üpjün etmek babatda berilmeli kömek umumy ykrar edilen maksatnama görnüşine eýe boldy.

1998-nji ýylyň ýazynda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda Owganystandaky ýagdaýy parahatçylykly ýol bilen düzgünleşdirmek boýunça iki günlük pikir alyşmalar geçirildi. Pikir alyşmalara duşmançylykly taraplaryň ikisiniňem – Talyplar hereketiniň we Demirgazyk alýansyň hem wekilleri gatnaşdylar. Olar Türkmenistanyň goşulyşmazlyk, owganara ylalaşygyny gözläp tapmaga aňrybaş derejede ýardam etmek ýörelgelerine hormat goýýandyklaryny aýtdylar. Pikir alyşmalaryň netijesinde taraplaryň arasynda ylalaşdyryjy topary döretmek kararyna hem gelindi. Emma Türkmenistanyň we BMG-niň edýän tagallalaryna garamazdan, ganly owgan düwni tä 2001-nji ýylyň sentýabryndaky Nýu-Ýork we Waşington terrorçylyk wakalaryna çenli çözülmän galdy.

Şol wakalardan soň, halkara terrorçylaryň ýarany talyplara zarba urulmagy bilen, Owganystandaky ýagdaý birneme saýhallaşdy. Ýurtda talyplar häkimýeti synyp, kadaly durmuşa geçiş we halk hojalygyny dikeldiş döwri başlandy. Şu mynasybetli Owganystana berilýän ynsanperwer kömekleriň, möçberi üzül-kesil artdy. Bu ynsanperwer goldawa Türkmenistan hem goşuldy. Halkara kömeginiň 40%-e golaýy Türkmenabadyň we Serhetabadyň üstünden geçdi. Türkmenistanyň özi hem azyk önümleri, egin-eşikler, däri-dermanlar we ş.m. ýüklenen awtomobil kerwenlerini goňşy ýurda iberip başlady. Owganystandaky ýagdaýyň oňyn tarapa özgermegi diňe bir owgan halky üçin däl, eýsem onuň goňşulary üçinem gerekdir. Ýurt parahat bolsa, ilem abadan, barlyş-gelşe-de, hyzmatdaşlyga-da ýol açylýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Owganystana goldawy diňe ynsanperwer kömek bilen çäklenmeýär. Ol, ozal hem bellenip geçilişi ýaly, giň möçberli sosial-ykdysady kömegi hem öz içine alýar. Owgan halky türkmen nebit önümleriniň, elektrik energiýasynyň hem eşretini görýär. Türkmen–owgan hyzmatdaşlygy ösýär we ol iki halkyň hem bähbitlerine laýyk gelýär. 2010-njy ýylyň oktýabrynda Owganystanyň Hyrat şäherinde bolup geçen bir wakany ýatlalyň. Şonda Hyradyň iň uly Möwlana Jelaletdin Muhammet Balhy zalynda «Seljuk türkmenleriniň 1000 ýyllygy we Seljuk döwletiniň sebitiň halklarynyň durmuşyna we taryhyna eden täsiri» atly halkara ylmy konferensiýa boldy. Owgan türkmenleri tarapyndan guralan bu konferensiýa Eýrandan, Päkistandan, Germaniýadan hem alymlar gatnaşdylar. Türkmenistandan bolsa oňa ýörite alymlar, ýazyjylar, bagşy-sazandalar topary gatnaşdy. Konferensiýada 30-a golaý ylmy çykyşlar diňlenildi. Konferensiýanyň işine Hyradyň häkimi Dawud Sabo gatnaşdy. Ol Owganystanyň Prezidenti Hamid Karzaýyň konferensiýa gatnaşyjylara gutlagyny okady. Gutlagda Türkmenistanyň owgan halkyna berýän ynsanperwer goldawy, sosial-ykdysady meselelerini çözmäge goşýan goşandy üçin çuňňur minnetdarlyk bildirilýärdi.

Türkmenistandan baran topar Hyratda owgan türkmenleri tarapyndan açylan «Magtymguly medeni jemgyýetine» baryp gördi. Jemgyýet öz muzeýini, kitaphanasyny döredipdir. Muzeýde owgan türkmenleriniň taryhyna, etnografiýasyna degişli eksponatlar, haly önümleri, keçeler, egin-eşikler, şaý-sepler ýerleşdirilipdir. Kitaphana hem türkmen alymlarynda, ýazyjylarynda ýakymly täsir galdyrdy. Onda Türkmenistanyň Prezidentiniň kitaplary, Türkmenistanyň taryhyna, edebiýatyna degişli kitaplar, Magtymguly Pyragynyň, Mollanepesiň we beýleki nusgawy şahyrlaryň goşgular ýygyndylary goýlupdyr. Bu kitaplary arap elipbiýine geçirip, olara girişler, düşündirişler

ýazyp neşir etmekde owgan türkmen alymy we žurnalisti Abdylmežit Turan uly hyzmat görkezipdir. Ol türkmen halk dessanlaryndan, owgan türkmenleriniň durmuşyndan ýazylan kitaplaryň hem 20-ä golaýyny çapa taýýarlap, neşir etdiripdir. «Magtymguly medeni jemgyýeti» çaklaňrak, ýöne oňat abadanlaşdyrylan howluda ýerleşip, ol Hyradyň özboluşly medeni merkezleriniň birine öwrülipdir.

Türkmenistandan baran toparyň owgan türkmenleriniň wekilleri bilen duşuşygy örän tolgundyryjy boldy. Duşuşyga Hyratda, Meýmenede, Balhda, Mazary-Şeripde, Gunduzda, Şybyrganda we Owganystanyň beýleki ýerlerinde kowçum ýaşaýan türkmenleriň wekilleri gelipdir. Olaryň hemmesi diýen ýaly, ak selleli, aksakal adamlardy. Aralarynda 80 ýaşly Hajy aga diýen bir ýaşuly hem bardy. Ol Türkmenistanda doglup, çagaka ene-atasy bilen owgana düşüpdir. Hajy aga zordan ýerinden turup, hasasyna söýenip durşuna şeýle diýdi: «Şükür Hudaýa, bu günlerem görmek bar eken. Men siz bilen didarlaşmaga uzakdan geldim. Obamyň sargydyny getirdim. Ýaňy-ýaňylar hem gijelerine göre giren ýalydyk. Sizden tok geldi. Hut jennete düşen ýaly bolduk. Ata Watanyň hemaýatyny her demde duýup, sesini eşidip durus. Radiomyzyň gulagy hemişe Aşgabada burulgy. Bu zatlar üçin Türkmenistanyň Prezidentine, hak howandarymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa biziň minnetdarlygymyzyň çägi ýokdur».

Birleşen Milletler Guramasy halkara howpsuzlygyny üpjün etmekde diplomatiýa serişdelerini giňden ulanýar. Soňky döwürde onuň düzüminde öňüni alyş diplomatiýasy hem peýda boldy. Taryhda diplomatiýanyň öz dürli görnüşlerinde we ýüze çykmaklarynda uruşlaryň we dawalaryň öňüni almagyň çynlakaý faktory bolup çykyş eden halatlary az däl. Karib çökgünliginiň (1962-nji ý.) ýeňlip geçilmegini soňky onýyllyklarda iň belli mysal hökmünde görkezmek bolar. Şonda iki tarapdan (SSSR we ABŞ) hem edilen işjeň diplomatik tagallalar netijesinde global heläkçiligiň

öňi alyndy. Ýöne şeýle halatlar seýrek bolýardy. Diplomatiýa köplenç eýýäm ýüze çykan dawalary köşeşdirmek we toparlary barlyşdyrmak wezipelerini çözmeli bolýardy.

Häzirki wagtda kämil aragatnaşyk serişdeleri diplomatiýanyň mümkinçiliklerini has giň ulanmaga şert döredýär. BMG tarapyndan Ýer ýüzünde çökgünlikli ýagdaýlaryň öňüni almak, döreýän gapma-garşylyklarda güýç ulanmaklyga ýol bermezlik boýunça öňüni alyş çärelerini işläp taýýarlamak üçin gyzgalaňly pikir alyşmalar geçirilýär. Netijede, dürli sebitlerde ençeme dawalaryň bardygyna garamazdan, dünýäde global çaknyşygyň öňi alynýar we belli bir derejede parahatçylyk saklanýar.

Merkezi Aziýa hem ynjalyksyz sebitleriň biri. Owganystanda hökümet bilen talyplaryň arasynda häli-häzirem doly ylalaşyk gazanylanok. Käbir Orta Aziýa döwletlerinde yslam fundamentalizminiň täsiri duýulýar. Şol sebäpli 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkezi döredildi. Sebit merkezinde ÝHHG, GDA, YHG we beýleki halkara guramalar bilen birlikde sebitde neşeleriň bikanun dolanyşygyna, guramaçylykly jenaýatçylyga, terrorizme we ekstremizme garşy göreşmek, serhetýaka ýer-suw resurslaryna eýelik etmek, Owganystandaky ýagdaýy kadalaşdyrmak ýaly meselelere umumy çemeleşmeler kesgitlenilýär we degişli çäreler durmuşa geçirilýär.

2012-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň açylmagynyň 5 ýyllygy mynasybetli halkara ylmy maslahaty boldy. Oňa Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow gatnaşdy we söz sözledi. Ol Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň sebitde parahatçylygyň möhüm faktorydygyny belläp, şeýle diýdi: Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň logikasy BMG-niň sebitde parahatçylygy pugtalandyrmak meýillerine gabat geldi. Dünýä jemgyýetçiligi Öňüni alyş diplomatiýasynyň




halkara syýasatynyň täsirli gurallarynyň biridigine barha aýdyň göz ýetirýär. Şu nukdaýnazardan, BMG-niň biziň ähli goňşy döwletlerimiz tarapyndan goldanan, Öňüni alyş diplomatiýasynyň Merkezi Aziýa üçin sebit merkezini Aşgabatda döretmek baradaky kararynyň tüýs wagtynda, dogry hem strategiýa taýdan esaslandyrylan karar bolandygyny nygtamak isleýärin. Pursatdan peýdalanyp, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Özbegistanyň, Täjigistanyň prezidentlerine, BMG-niň Baş sekretaryna, Howpsuzlyk Sowetiniň agzalaryna, Milletler bileleşigine girýän ähli döwletlere parasatlylyk, uzakdan görüjilik we syýasy erklilik görkezendikleri üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Bu karar Birleşen Milletler Guramasynyň, beýleki abraýly halkara birleşmeleriniň, Merkezi Aziýa döwletleriniň sebit proseslerini konfliktsiz, sazlaşykly ösdürmek boýunça özara hereketlerini, uzak möhletli hyzmatdaşlyk hem partnýorçylyk islegleriniň we agzybirliginiň aýdyň subutnamasy boldy[1].

---

[1] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly halkara ylmy maslahatda eden çykyşy (2012-nji ýylyň 11-nji dekabry). – «Türkmenistan» gazeti. – 2012-nji ýylyň 12-nji dekabry.

2012-nji ýylda Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda başlyklyk etdi. Ýylyň dowamynda Aşgabatda GDA döwletleriniň özara gatnaşyklaryna degişli ençeme forumlar geçirildi. Olardan GDA-nyň Elektronenergetika sowetiniň 41-nji mejlisi, Sebitleýin Arkalaşygyň Aragatnaşyk sowetiniň 46-njy mejlisi, GDA-nyň Ykdysady Sowetiniň 55-nji mejlisi, GDA ýurtlarynda öndürilýän halkyň sarp edýän harytlarynyň halkara sergisi, GDA-da azyk howpsuzlygyny ýokarylandyrmak boýunça halkara ylmy-amaly maslahaty, GDA-nyň argosenagat toplumynyň meseleleri boýunça Hökümetara sowetiniň mejlisi, GDA ýurtlarynyň demir ýol ulaglary boýunça sowetiniň 57-nji mejlisi, GDA döwletleriniň döredijilik we ylmy intelligensiýasynyň VII forumy, GDA ýurtlarynyň hökümet baştutanlarynyň Sowetiniň mejlisi has iri çärelerdir.

2012-nji ýylda Mary şäherine GDA-nyň medeni paýtagt derejesiniň berilmegi Türkmenistanyň Arkalaşyga başlyklyk edýän döwrüniň örän möhüm wakasy boldy. «Gadymy Merw – dünýä medeniýetiniň ojagy» atly halkara ylmy maslahaty geçirilip, oňa gatnaşan alymlar gadymy Merwiň taryhy ýadygärliklerine, şol sanda Goňurdepä baryp gördüler. Ylmy maslahata gabatlap «Margiana–Merw–Mary. Murgap derýasynyň kenarlaryndaky müňýyllyklardan aşan medeniýet» atly uly göwrümli bezegli kitap türkmen we rus dillerinde neşir edildi. GDA ýurtlaryndan gelen alymlarda gadymy Merwiň ýadygärlikleri uly täsir galdyrdy.

GDA döwletleriniň döredijilik we ylmy inteligensiýasynyň VII forumynyň mejlisleri Aşgabatda we Maryda geçirildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow forumyň açylyş dabarasynda çykyş edip: «Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň dünýäniň geosyýasy kartasynda emele gelenine köp wagt geçenok. Onuň düzümine girýän özygtyýarly ýurtlar bilen bir wagtda kemala gelen bu Arkalaşyk şu geçen 20 ýylyň içinde biziň halkymyzyň dostluk hem-de birek-birege hormat goýmak esaslaryna daýanýan taryhy umumylygy özünde jemledi. Türkmenistan özüniň

Bitaraplyk derejesine eýermek bilen, GDA-nyň assosirlenen agzasy bolup durýar. Biziň Bitaraplygymyzyň daşky dünýäden üzňeleşmek üçin döredilen haýat däldigini düşündirmek isleýärin. Munuň özi halkara bileleşigi we onuň abraýly edaralary tarapyndan ykrar edilen döwrüň meselelerine, ählumumy we sebitleýin çagyryşlara inçelik bilen garaýan parahatçylyk döredijilikli guraldyr. Arkalaşyga bitaraplyk işjeň ýagdaý hökmünde baglydyr. Biziň ýurdumyzyň GDA başlyklyk edýän şu ýylynda amala aşyrylan çäreler muny tassyklaýar», diýip nygtady.

2012-nji ýylyň 5-nji dekabrynda Aşgabatda GDA agza döwletleriň prezidentleriniň Sowetiniň mejlisi boldy. Onda Arkalaşygyň ýurtlarynyň döwlet Baştutanlary GDA degişli köp sanly çäreleriň Türkmenistanda ýokary derejede guramaçylykly geçirilendigi üçin Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowa minnetdarlyk bildirdiler. Mejlisde Arkalaşygyň ýurtlarynyň köptaraply hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça Türkmenistan tarapyndan hödürlenen Jarnama ara alnyp maslahatlaşyldy we makullanyldy. Prezidentler Arkalaşygyň ýurtlarynda 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Beýik Ýeňşiň 70 ýyllygyna taýýarlyk görmek we dabaraly belläp geçmek hakynda pikir alyşdylar we degişli karar kabul etdiler.

2013-nji ýylyň oktýabrynda Aşgabatda «Energiýa howpsuzlygy we durnukly ösüş – ÝHHG-niň perspektiwasy» atly ýokary derejeli halkara forumy geçirildi. «Oguzkent» myhmanhanasynda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde işlän foruma BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň ýerine ýetiriji sekretary S. Alkolaý, ÝHHG-niň Baş sekretary L. Zanniýer, başga-da käbir halkara guramalarynyň ýolbaşçylary, gyzyklanýan döwletleriň energetika, ösüş ministrleri gatnaşdylar. Forumda halkara energiýa geçirijileriň howpsuzlygyny üpjün etmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Halkara guramalary tarapyndan Aşgabatda ýokary derejeli forumlary geçirmek kada öwrüldi. Munuň özi, Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde dünýä jemgyýetçiliginde abraýynyň artýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

***Soraglar we ýumuşlar***

1. Täjigistanda uzaga çeken gandöküşikli urşuň bes edilmeginde Türkmenistanyň araçyllyk, ylalaşdyryjylyk tagallalary barada gürrüň beriň.
2. Türkmenistanyň Owganystanda parahatçylygy dikeltmek, owgan halkyna ynsanperwer kömek bermek barada edýän tagallalary hakda referat ýazyň.
3. Aşgabatda BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkezi haçan döredildi?
4. Türkmenistan haýsy ýylda GDA döwletleriniň mejlisine ýolbaşçylyk etdi?
5. GDA döwletleriniň döredijilik we ylmy intelligensiýa wekilleriniň VII forumy haçan bolup geçdi? Forumda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň sözlän sözüni gaýtalap okaň we türkmen bitaraplygy hakda aýdylanlaryň mazmunyny düşündiriň.

## Resminama:
## Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy.

Baş Assambleýa:

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakyndaky meselä garap,

Her bir döwletiň özüniň daşary syýasatyny halkara hukugynyň we Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň kadalaryna hem-de ýörelgelerine laýyk garaşsyz kesgitlemäge özygtyýarly hukugyny tassyklap,

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesini kanun arkaly berkitmegini mübärekläp,

Türkmenistanyň sebitiň ýurtlary we bütin dünýäniň döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we birek-birege

peýdaly gatnaşyklary ösdürmekde işjeň we oňyn orun eýelemäge çalyşmagyny mübärekläp,

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesiniň sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam etjekdigine umyt bildirip,

Goşulmazlyk hereketiniň hem-de Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesine bildiren goldawyny nazara alyp,

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesini kabul etmeginiň onuň BMG-niň Tertipnamasyndan gelip çykýan borçlaryna täsir etmeýändigine we maksatlaryň hasyl bolmagyna ýardam etjekdigini ykrar edip,

1. Türkmenistanyň jar eden hemişelik bitaraplyk derejesini ykrar edýär we goldaýar;

2. Türkmenistanyň şu derejesine sarpa goýmaga we ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we ýerleriniň bitewüligine sarpa goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agza döwletlerini çagyrýar.

## Möhüm wakalaryň senesi

**1991-nji ýyl**

| | |
|---|---|
| *27-nji oktýabr –* | Aşgabatda Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetiniň nobatdan daşary maslahaty geçirildi. Garaşsyz Türkmenistan demokratik döwleti diýlip jar edildi. |

**1992-nji ýyl**

| | |
|---|---|
| *5-nji fewral –* | Türkmenistanyň Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalygyna kabul edilmegi. |
| *19-njy fewral –* | Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy, Gerbi hakyndaky, Türkmenistanda baýramçylyklar we däp-dessurlar hakyndaky kararlaryň kabul edilmegi. |
| *2-nji mart –* | Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edilmegi. |
| *18-nji maý –* | Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi. |
| *28-nji noýabr –* | Türkmenistanyň Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalygyna kabul edilmegi. |

**1993-nji ýyl**

| | |
|---|---|
| *1-nji ýanwar –* | Türkmenistanyň ilatynyň tebigy gazdan, elektrik energiýasyndan, agyz suwundan mugt peýdalanyp başlamagy. |
| *1-nji noýabr –* | Türkmenistanyň milli walýutasynyň – manadyň girizilmegi. |
| *23–24-nji dekabr –* | Aşgabatda GDA döwletleriniň Prezidentleriniň duşuşygynyň geçirilmegi. |

**1994-nji ýyl**

| | |
|---|---|
| *19-njy fewral –* | Türkmenistanyň ilatynyň nahar duzundan mugt peýdalanyp başlamagy. |
| *29-njy sentýabr –* | Türkmenistanyň okuw mekdeplerinde okatmagy türkmen diliniň täze elipbiýine geçirmek hakyndaky kararyň kabul edilmegi. |
| *8-nji noýabr –* | Aşgabatda BMG-niň wekilhanasynyň açylmagy. |

**1995-nji ýyl**

| | |
|---|---|
| *21–23-nji ýanwar –* | Aşgabatda YHG-niň Ministrler Sowetiniň maslahatynyň geçirilmegi. |
| *14-15-nji mart –* | Yslamabatda (Päkistan) YHG-niň döwletleriniň Baştutanlarynyň maslahatynda Türkmenistany Bitarap döwlete öwürmek baradaky pikiriň öňe sürülmegi. |
| *21-nji iýul –* | «Saglyk» maksatnamasynyň yglan edilmegi. |
| *16–19-njy oktýabr –* | Kartahena (Kolumbiýa) şäherinde Goşulmazlyk hereketiniň nobatdaky maslahatynda Türkmenistany Bitarap döwlete öwürmek baradaky pikiriň goldanylmagy. |
| *12-nji dekabr –* | Nýu-Ýorkda (ABŞ) BMG-niň Baş Assambleýasynda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakyndaky Kararnamanyň kabul edilmegi. |

**1996-njy ýyl**

| | |
|---|---|
| *13-nji maý –* | Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň işläp başlamagy. |

| | |
|---|---|
| *31-nji oktýabr –* | Türkmenistanda milli pasportlaryň girizilýändigininiň yglan edilmegi. |
| *28-nji noýabr –* | Hywada (Özbegistan) Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň açylmagy. |
| | **1997-nji ýyl** |
| *24-nji ýanwar –* | 2020-nji ýyla çenli Türkmenistanyň paýtagty Aşgabadyň keşbini özgertmegiň Baş meýilnamasynyň tassyklanylmagy. |
| *1-nji iýun –* | Türkmenistanda zähmet biržalarynyň döredilmegi. |
| *29-njy dekabr –* | Körpeje–Gurtguýy (Eýran) gaz geçirijisiniň işe girizilmegi. |
| | **1998-nji ýyl** |
| *4-nji iýun –* | Aşgabatda S.A. Nyýazow adyndaky Halkara lukmançylyk merkeziniň açylmagy. |
| *17-nji iýul –* | Türkmenistanda Raýat kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakyndaky kanunyň kabul edilmegi. |
| *26-njy sentýabr –* | Aşgabatda folkloryň «Gözbaşlar» atly ilkinji ählihalk festiwalynyň geçirilmegi. |
| *12-nji dekabr –* | Aşgabatda Bitaraplyk binasynyň açylmagy. |
| | **1999-njy ýyl** |
| *17-nji maý –* | Eýran Yslam Resbuplikasynyň Gülüstan welaýatynda Magtymguly Pyragynyň we onuň pederi Döwletmämmet Azadynyň guburlarynyň üstünde gurlan ýadygärligiň açylmagy. |

| | |
|---|---|
| *28-nji maý –* | Gorkut atanyň 1500 ýyllygy mynasybetli ylmy maslahatyň geçirilmegi. |
| *19-njy iýul –* | Çärjew şäheriniň Türkmenabat şäheri diýlip atlandyrylmagy. |
| *29-njy sentýabr –* | Türkmenabat–Atamyrat demir ýolunyň işläp başlamagy. |
| *29-njy noýabr –* | Gadymy Merwiň taryhy ýadygärlikleriniň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi. |
| *17-nji dekabr –* | Aşgabatda Ruhyýet köşgüniň açylmagy. |

**2000-nji ýyl**

| | |
|---|---|
| *2-nji ýanwar –* | Aşgabatda «Saglyk ýolunyň» açylmagy. |
| *27-nji mart –* | Yslamabatda Baýram han Türkmeniň 500 ýyllygyna bagyşlanan halkara ylmy maslahatyň geçirilmegi. |
| *20-nji oktýabr –* | «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurluşygyna başlanmagy. |
| *26-njy oktýabr –* | Aşgabatda Garaşsyzlyk binasynyň açylmagy. |
| *27-nji oktýabr –* | Aşgabatda «Olimpiýa» stadionynyň açylmagy. |

**2001-nji ýyl**

| | |
|---|---|
| *27-nji awgust –* | Türkmen halyşynaslarynyň Bütindünýä jemgyýetiniň döredilmegi. |

**2002-nji ýyl**

*21-nji fewral* – «Beýik Türkmenbaşynyň altyn asyry» atly äpet halynyň Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegi.

*22-nji awgust* – Eýran Yslam Respublikasyna türkmen elektrik energiýasynyň berlip başlanmagy.

**2003-nji ýyl**

*17-nji fewral* – Aşgabatda Türkmenistanyň nebit-gaz toplumynyň 25 gatly kaşaň binasynyň açylmagy.

*24-nji oktýabr* – BMG-niň Ösüş syýasaty komitetiniň Türkmenistany dünýäniň gowşak ösen ýurtlarynyň sanawyndan çykarmagy.

**2004-nji ýyl**

*12-nji fewral* – Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkeziniň açylmagy.

*5-nji oktýabr* – Türkmen teleýaýlymynyň TV-4 «Türkmenistan» ýaýlymynyň işläp başlamagy.

*22-nji oktýabr* – Gypjak obasynda Türkmenbaşynyň Ruhy metjidiniň açylmagy.

*17-nji noýabr* – Soltan Sanjaryň durky täzelenen kümmetiniň açylmagy.

**2005-nji ýyl**

*10-njy iýul* – Gürgenjiň (Köneürgenjiň) taryhy ýadygärlikleriniň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi.

**2006-njy ýyl**

*17-nji mart* – Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýolunyň işläp başlamagy.

*26-njy oktýabr* – XVII Ählihalk Maslahatynda «Türkmenistanyň ilatyna 2030-njy ýyla çenli tebigy gazy, elektrik toguny, suwy, nahar duzuny mugt bermek hakyndaky» kararyň kabul edilmegi.

*21-nji dekabr* – Türkmenistanyň Prezidenti S.A. Nyýazowyň tarpa-taýyn aradan çykmagy.

**2007-nji ýyl**

*11-nji fewral* – Türkmenistanyň Prezidentiniň ählihalk saýlawlarynyň geçirilmegi.

*14-nji fewral* – Aşgabatda XIX Halk Maslahatynyň geçirilmegi. Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynyň jemleriniň jemlenmegi. Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanylmagy mynasybetli dabaranyň geçirilmegi.

*15-nji fewral* – «Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky» Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanynyň kabul edilmegi.

*16-njy fewral* – Aşgabatga Milli medeniýet merkeziniň, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky akademiýanyň, Magtymguly adyndaky TDU-nyň baş binasynyň açylmagy.

| | |
|---|---|
| *2-nji mart* | «Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynyň ilatynyň medeni - durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararynyň kabul edilmegi |
| *4-nji mart* | «Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakyndaky» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararynyň kabyl edilmegi. |
| *17-nji mart –* | «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň kabul edilmegi. |
| *30-njy mart –* | Maryda Tvrkmenistanyň XX Halk Maslshatynyň geçirilmegi. |
| *6-njy aprel –* | Türkmenistanyň Prezidentiniň Daşoguz welaýatyna iş sapary. Ruhubelent etrabynyň döredilmwgi |
| *13–14-nji aprel –* | Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Saud Arabystany patyşalygynyň resmi saparynyň çäklerinde Mekge-Medinä zyýarat etmegi we Saud Arabystany Patyşalygynyň ýokary sylagy – Patyşa Abdel Aziz ben Abdurahman Al–Saudyň ordenine mynasyp bolmagy. |
| *12-nji iýun –* | «Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky» we «Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakyndaky» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlarynyň kabul edilmegi. |

*17-18-nji iýun –* Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hytaý Halk Respublikasyna iş sapary.

*21-nji iýul –* «Awaza» milli syýahaçylyk zolagy hakynda kararyň kabul edilmegi. Parfiýa döwrüniň ýadygärligi Nusaý galasynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulmagy.

*23-28-nji sentýabr –* Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62-nji maslahatyna gatnaşmak üçin ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherine sapary.

*24-nji sentýabr –* Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun bilen duşuşmagy.

*26-njy sentýabr –* Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji maslahatynda çykyş etmegi.
Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ABŞ-nyň Prezidenti Žorj Buş bilen duşuşmagy.

*11-nji dekabr –* Aşgabatda BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň açylmagy.

**2008-nji ýyl**

*29-njy iýun –* Aşgabatda Oguz hana we onuň 6 ogluna bagyşlanan suw çüwdürimler toplumynyň açylmagy. Türkmen halkynyň myhmansöýerligini şekillendirýän bu ajaýyp binagärlik-heýkeltaraşlyk toplumynyň Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegi.

| | |
|---|---|
| *26-njy sentýabr –* | Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň geçirilmegi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň kabul edilmegi. |
| | **2009-njy ýyl** |
| *12-nji iýun –* | Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň (gaýtadan) döredilmegi. |
| *19-njy iýun –* | Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Belarus Resbuplikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenkonyň gatnaşmagynda Lebap welaýatynda sebitde iň iri kaliý dökünlerini öndürýän dag-senagat toplumynyň gurluşygyna badalga berilmegi. |
| *14-nji dekabr –* | Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, Hytaý Halk resbuplikasynyň Başlygy Hu Szintaonyň, Gazagystanyň Prezidenti Nursoltan Nazarbaýewiň, Özbegistanyň Prezidenti Yslam Karimowyň gatnaşmagynda Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan––Hytaý gazgeçirijisiniň işe girizilmegi. |
| | **2010-njy ýyl** |
| *24-nji fewral –* | Medeniýet ministrliginiň garamagynda çagalar çeperçilik we sungat mekdeplerini döretmek hakynda kararyň kabul edilmegi. |
| *18-nji mart –* | «Medeniýet hakynda» kanunyň kabul edilmegi. |
| *6-njy oktýabr –* | Aşgabatda Olimpiýa şäherjiginiň gurluşygyna badalga berilmegi. |

| | |
|---|---|
| *15-nji oktýabr –* | Aşgabatda «Oguzkent» myhmanhanasynyň açylmagy. |
| *24-nji dekabr –* | Aşgabatda «Ylham seýilgähiniň» açylmagy. |
| | **2011-nji ýyl** |
| *15-nji fewral –* | Aşgabatda «Altyn asyr» gündogar bazarynyň açylmagy. |
| *1-nji aprel –* | Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aşgabatda Arçabil şaýolunyň ugrunda 7 sany ministrlikleriň we ylmy-barlag institutlarynyň kaşaň binalarynyň açylyş dabaralaryna gatnaşmagy. |
| *18-nji mart –* | Aşgabatda Konstitusion binanyň açylmagy. |
| *17-nji oktýabr –* | «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkeziniň açylmagy. Bu binanyň Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegi. |
| *28-nji oktýabr –* | Aşgabatda «Bagt Köşgüniň» açylmagy. Ençeme toý, banket zallaryndan, dükanlardan ybarat bolan bu toplumyň Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegi. |
| | **2012-nji ýyl** |
| *12-nji fewral –* | Türkmenistanda Prezident saýlawlarynyň geçirilmegi. Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine ikinji möhlete saýlanylmagy. |

| | |
|---|---|
| *3-nji dekabr –* | Maryda we Aşgabatda GDA döwletleriniň döredijilik we ylmy intelligensiýa wekilleriniň VII forumynyň geçirilmegi. |
| *5-nji dekabr –* | Aşgabatda GDA agza ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň Sowetiniň mejlisiniň geçirilmegi. |
| *11-nji dekabr –* | Aşgabatda «Öňüni alyş diplomatiýasy we oňyn bitaraplyk-parahatçylykly geljege inwestisiýa» atly halkara maslahatynyň geçirilmegi. |

**2013-nji ýyl**

| | |
|---|---|
| *24-nji maý –* | Aşgabat şäheriniň düzüminde ýene-de iki (Abadan we Ruhabat) etrabyň döredilmegi hakynda kararyň kabul edilmegi. |
| *29-njy iýun –* | Türkmenbaşy şäherinde Awaza we Kenar etraplarynyň döredilmegi hakyndaky kararyň kabul edilmegi. |
| *7-nji awgust –* | Aşgabat şäheriniň 13-nji nobatdaky gurluşygyny amala aşyrmak tutuşlygyna türkmen telekeçilerine ygtyýar edildi. |
| *3-nji sentýabr –* | Hytaý Halk Resbuplikasynyň Başlygy Si Szinpiniň döwlet sapary bilen Türkmenistana gelmegi. |
| *4-nji sentýabr –* | Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilen HHR-niň Başlygy Si Szinpiniň gatnaşmagynda Mary welaýatynda «Galkynyş» gaz käninde harytlyk gazy öndürýän zawodlaryň işe girizilmegi. |

| | |
|---|---|
| *11-13-nji sentýabr –* | Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ýaponiýada resmi saparda bolmagy. Sapar wagtynda ýapon we türk kompaniýalary bilen Türkmenistanda himiýa zawodlaryny gurmak hakynda ylalaşyklara gol çekilmegi. |
| *15-nji oktýabr –* | Aşgabatda «Ýyldyz» myhmanhanasynyň açylmagy. |
| *17-nji oktýabr –* | Aşgabatda «Energiýa howpsuzlygy we durnukly ösüş – ÝHHG-niň perspektiwasy» atly halkara forumynyň geçirilmegi. |

**2014-nji ýyl**

| | |
|---|---|
| *4-5-nji fewral –* | TÜRKSOÝ halkara guramasy tarapyndan 2014-nji ýylyň Magtymguly Pyragynyň ýyly diýlip yglan edilmegi.<br>– Ankarada (Türkiýe) Magtymguly Pyragynyň ýylynyň açylyş dabarasynyň geçirilmegi. |
| *28-nji fewral –* | «Şahsy kömekçi hojalyklary ýöretmek we indiwidual ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin ýer böleklerini (mellek ýerlerini) hususy eýeçilige bermek hakynda» kararyň kabul edilmegi. |
| *14-16-njy maý –* | Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygyna bagyşlanan «Magtymguly Pyragy we umumadamzat medeni gymmatlyklary» atly halkara ylmy maslahatyň geçirilmegi. |
| *12-nji iýun –* | Aşgabatda Tehnologiýalar merkeziniň açylmagy. |

## Adalgalaryň düşündirişli sözlügi

**«Açyk gapylar» syýasaty** – ýurduň tebigy baýlyklaryny özleşdirmek, halk hojalygyny häzirki zaman tehnikasy we tehnologiýasy bilen üpjün etmek maksady bilen, daşary ýurt maýa goýumlaryna we daşary ýurt harytlarynyň getirilmegine giň mümkinçilik döretmek. Bu çäreler her ýurduň öz kanunlary bilen düzgünleşdirilýär.

**Bazar ykdysadyýeti** – önümçilik serişdelerine bolan hususy eýeçiligine we hakynatutma zähmete esaslanýan ykdysadyýet. Haryt-pul gatnaşyklarynyň we önümçilik serişdelerine hususy eýeçiligiň agalyk etmegi, işçi güýjüniň haryda öwrülmegi onuň esasy alamatlarydyr.

**Biologiýa dürlüligi** – öz içine ýerüsti, deňiz we beýleki ekoulgamlaryny, ekologiýa toplumlaryny alýan we şolaryň bölegi bolan ähli çeşmelerdäki janly organizmleriň üýtgeýjiligi; bu düşünje görnüşleriň çägindäki, görnüşleriň arasyndaky dürlüligi we ekoulgamyň dürlüligini özünde jemleýär.

**Demokratik, dünýewi, hukuk döwleti** – ählumumy we milli demokratik ýörelgeleri sazlaşykly utgaşdyrýan, hukuk kadalaryny gyşarnyksyz berjaý edýän döwlet. Dünýewi döwletde dini guramalar döwletden aýrydyr, döwletiň bilim ulgamy dini guramalardan aýrydyr we ol dünýewi häsiýete eýedir.

**Daşky gurşaw** – desgadan (obýektden) ýa-da subýektden üzňe ýerleşýän, ýöne onuň bilen gös-göni arabaglanyşygy hökmany bolmadyk tebigatyň güýçleri we hadysalary, onuň maddalary we giňişligi.

**Ekologiýa howpsuzlygy** – tebigy gurşawa, aýry-aýry adamlara we adamzada gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn zyýan ýetirmelere (ýa-da şeýle zyýan ýetirmeleriň howp salmagyna) getirmeýän hereketleriň, ýagdaýlaryň we hadysalaryň jemi.

**Ekoulgam** – ösümlikleriň, haýwanlaryň we mikroorganizmleriň ekologik bitewülik döredýän toplumynyň, şeýle hem bir bitewi zat hökmünde özara täsir edýän töwerekdäki jansyz gurşawyň hereketdäki toplumy.

**Ekstremizm** – barypýatan bozgaklyk, weýrançylyk garaýyşlara we etmişlere ýykgyn etmek.

**Garaşsyzlyk** – özygtyýarlylyk, özbaşdaklyk, öz ykbalyňy özüň kesgitlemek.

**Interaktiw okuw** – öwrenmeli maglumatlary uly telewizion ekranda görkezmek we beýleki häzirki zaman tehniki serişdeleri ulanmak arkaly diňe mugallymyň däl, eýsem okuwçylaryň hem sapaga işjeň gatnaşmagyny üpjün edýän okuw.

**Kanun çykaryjy häkimiýet** – döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň biri. Ol ýuridiki kanunlary kabul etmäge ygtyýarly döwlet edarasydyr ýa-da edaralar ulgamydyr. Dürli döwletlerde iň ýokary kanun çykaryjy edaralaryň mejlis, parlament, seým, ýokary rada, kanun çykaryjy ýygnak ýaly dürli atlary bar.

**Kazyýet häkimiýeti** – döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň biri. Kazyýet häkimiýeti – kanun esasynda adyl kazyýetligi amala aşyrýan döwlet edaralarynyň ulgamy. Kazyýet häkimiýetiniň wezipesi raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun arkaly goralýan döwlet hem jemgyýetçilik bähbitlerini goramakdan ybaratdyr.

**Konstitusiýa** – döwletiň baş kanuny. Ol ýurtda jemgyýetçilik we döwlet gurluşyny, häkimiýetiň wekilçilikli edaralarynyň döredilişi tertibini, saýlaw ulgamyny, raýatlaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär. Döwletiň ähli beýleki kanunlary Konstitusiýa laýyklykda kabul edilýär.

**Medeniýet, maddy we ruhy medeniýet** – jemgyýetde adamlaryň fiziki we akyl zähmeti arkaly döredilen önümleriň jemine medeniýet diýilýär. Maddy medeniýet zähmet gurallaryndan, ymaratlardan, egin-eşik we beýleki maddy önümlerden ybaratdyr. Ruhy medeniýet bilim-terbiýeçilik ulgamyny, ylmy, ahlak kadalaryny, edebiýaty, sungaty we beýleki ruhy gymmatlyklary öz içine alýar.

**Medeni miras** – ata-babalaryň geçmişde döreden we häzirki nesillere miras goýan ylmy, edebiýat, sungat eserleri, däp-dessurlary, baýramlary we beýleki medeni gymmatlyklary.

**Milli aňyýet** – milletiň içerki ruhy özeni. Her bir halkyň taryhy ösüşinde toplan ruhy gymmatlyklary, dünýägaraýşy, däp-dessurlary, edim-gylymlary, baýramlary onuň düzüm bölekleridir.

Milli ruhy gymmatlyklar – her bir halkyň düýpli milli bähbitlerini aňladýan we ony beýleki milletlerden tapawutlandyrýan ruhy gymmatlyklar.

**Multimediýa tehnologiýasy**– interaktiw okuwy geçirmek üçin sapakda telewizion we ses ýazgylaryny ulanmagy üpjün edýän we beýleki tehniki serişdeler toplumy.

**Nanotehnologiýa** – maddalar bilen aýratyn atomlar derejesinde işlemegiň tehnologiýasy. Adaty usullarda million, milliard atomlardan ybarat bolan madda (ýa-da madda bölegi) bilen işlenilýär. Nanotehnologiýa tehnologiýanyň madda bilen däl-de, atomlar bilen işleýän aňrybaş kämil görnüşini aňladýar.

**Oňyn bitaraplyk** – döwletleriň harby bileleşiklerine goşulmazlyk, ähli döwletler bilen deňhukukly, birek-birege peýdaly hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek.

**Öňüni alyş diplomatiýasy** – halkara durmuşynda dawalaryň döremeginiň öňüni almaga we dawaly ýagdaýlary parahatçylykly ýol arkaly kadalaşdyrmaga gönükdirilen diplomatik çäreler.

**Prezident resbuplikasy** – döwletiň baştutany Prezident bolan döwlet dolandyryş görnüşi. Türkmenistan prezident resbuplikasydyr.

**Ruhy galkynyş** – jemgyýetiň ösüşiniň hil taýdan täze derejä çykmagy üçin jemgyýetiň hem, şahsyýetiň hem ruhy işjeňliginiň has ýokarlanmagy, tutuş ruhy dünýäsiniň belende göterilmegi, kämillik basgançagyna ýetmegi.

**Syýasy ulgam** – döwlet edaralaryny, syýasy partiýalary, kärdeşler arkalaşyklaryny, syýasy maksatlara eýerýän beýleki jemgyýetçilik guramalaryny, şeýle hem syýasy däpleri, kadalary, taglymlary öz içine alýan jemgyýetçilik ulgamy.

**Siwilizasiýa** – bu adalga birnäçe manyda ulanylýar: 1) ösen medeniýet manysynda; 2) maddy medeniýet manysynda. 3) bütin adamzadyň ösüşiniň belli bir basgançagy, taryhy döwri manysynda. Meselem, gadymy dünýä siwilizasiýasy, häzirki zaman siwilizasiýasy; 4) aýratyn ýurduň has ösen taryhy döwri manysynda (gadymy Marguş siwilizasiýasy, gadymy Müsür siwilizasiýasy we başgalar).

**Terrorçylyk** – partlaýjy serişdeleri, beýleki ýaraglary ulanyp, weýrançylyk etmek, adamlary öldürmek arkaly halkara howpsuzlyga we parahatçylyga, dürli ýurtlaryň içerki durnuklylygyna, asudalygyna howp salýan ekstremistik, bozgak toparlaryň jenaýatçylykly etmişleri.

**Umumyadamzat ruhy gymmatlygy** – bütin adamzadyň düýpli bähbitlerine laýyk gelýän ruhy gymmatlyk. Her bir halkyň döreden ruhy gymmatlygy bütin adamzadyň düýpli bähbitlerine laýyk gelýän bolsa, ony beýleki halklar hem kabul edip alýar we ol umumyadamzat ruhy gymmatlygyna öwrülýär.

## MAZMUNY


Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**I BAP.** JEMGYÝETIŇ SOSIAL-DURMUŞ TAÝDAN ÖSÜŞI

§1. Döwletiň halkyň hal-ýagdaýy barada aladalary . . . . . . . . 11
§2. Söwda we durmuş hyzmaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 16
§3. Şäherleriň we obalaryň abadanlaşdyrylmagy . . . . . . . . . . 23
§4. Il saglygy – ýurt baýlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29
§5. Kämil kanunçylyk – sagdyn jemgyýet . . . . . . . . . . . . . . . . 36

**II BAP.** MEDENIÝETIŇ ÖSÜŞI WE MILLI-RUHY GALKYNYŞ

§6. Medeni-ruhy ösüş we galkynyş – döwrüň talaby.
Milli däp-dessurlaryň, baýramçylyklaryň dikeldilmegi,
täze milli baýramlaryň döredilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 47
§7. Sungatyň ösdürilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 56
§8. Medeniýetiň ösüşinde köpçülikleýin
habar beriş serişdeleriniň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . 67

**III BAP.** BILIM WE YLYM ULGAMLARYNDA ÖZGERIŞLER

§9. Täze bilim syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 74
§10. Ylym ulgamynda özgerişler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 83

**IV BAP.** GARAŞSYZ HEM BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATY

§11. Türkmenistanyň daşary
syýasatynyň esasy ýörelgeleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
§12. Türkmenistan döwletini dünýä
jemgyýetçiliginiň ykrar etmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 97
§13. Garaşsyz Türkmenistan – hemişelik bitarap döwlet . . . 100
§14. Türkmenistanyň dünýä döwletleri bilen deňhukukly
we dostlukly gatnaşyklarynyň ösdürilmegi . . . . . . . . . . . . . 104
§15. Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi . . . . . . . . 116
§16. Türkmenistanyň halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy. . 119
§17. Aşgabat sebitde parahatçylyk we hyzmatdaşlyk merkezidir . 126
Resminama. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 135
Möhüm wakalaryň senesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 137
Adalgalaryň düşündirişli sözlügi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 149